Öwez Gündogdyýew

# TEKE ATLY POLKUNYŇ SÖWEŞ ÝOLY

## (1914–1918 ý.)



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 94 (100) – 1914/19 + 957-54
G 90

**Gündogdyýew Ö.A.**
G 90 **Teke atly polkunyň söweş ýoly (1914–1918 ý.).** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013., 216 sah. + suratlar.

Merhum taryhçy Öwez Gündogdyýewiň bu kitabynda Birinji jahan urşuna gatnaşan Teke atly polkunyň geçen şöhratly söweş ýoly hakynda, onuň düzüminde bolan türkmen ýigitleriniň edermenligi dogrusynda taryhy maglumatlaryň esasynda gyzykly gürrüň berilýär. Türkmen halkynyň bäş müň ýyllyk taryhy biziň bedewlerimiz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň üçin Teke atly polky barada söhbet açýan bu kitaba taryhy suratlar hem girizildi.

**Syn ýazanlar:**

**A. Jykyýew** – Türkmenistan YA-nyň Arheologiýa we etnografiýa institutynyň baş ylmy işgäri, taryh ylymlarynyň doktory, TYA-nyň akademigi, professor

**S. Atdaýew** – Türkmenistan YA-nyň Arheologiýa we etnografiýa institutynyň bölüm müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty

**O. Ekäýew** – Türkmenistanyň YA-nyň Taryh institutynyň bölüm müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty

TDKP № 381, 2013 KBK 63. 3(2) 524 (2Tu)

© Gündogdyýew Ö. A., 2013

# AWTORDAN

Türkmen halkynyň gadymy we orta asyr taryhynyň etnogenezini öwrenýän şu setirleriň awtoryna 1992-nji ýylyň ýaz aýlarynda Birinji jahan urşuna gatnaşan Şaberdi Hakberdi oglunyň ogly Hojamberdi Şaberdiýew bilen duşuşyp, gürrüňdeş bolmak tabşyryldy. Men Aşgabat şäheriniň Abadan etrabyndan (Ahal welaýatynyň öňki Büzmeýin şäheri) uzakda bolmadyk obalaryň birine gitmeli boldum. Hojamberdi aga öz kakasynyň (XX asyryň 70-nji ýyllarynda aradan çykan) Teke atly polkunyň hatarynda gulluk edendigini we «Georgiý hajy» ordeni bilen sylaglanandygyny gürrüň berdi.

Dogrymy aýtsam, taryhyň bu ugry maňa düýbünden näbellidi. Gürrüňdeşim hem üýtgeşik zat aýdyp bilmedi. Ýörite edebiýatdan, Türkmenistanyň taryhy boýunça ýygyndylardan hem bu barada gerekli maglumatlary tapmak başartmady. Bir anyklan zadym, bu polkuň kesgitli bir döwürde general L.G.Kornilowyň garamagynda bolanlygydy. Polkuň atly jigitleri baradaky gürrüň bolsa, gümürtikligine galýardy. Sowet häkimiýeti ýyllarynda atly jigitleriň köpüsi repressiýa sezewar edilipdi, diri galanlary hem bu barada gürrüň bermekden gaça durýardylar.

Taryhyň bu sahypasy bizi şeýle bir gyzyklandyrdy welin, beýleki ähli işlerimizi goýup, elimizde bar bolan maglumatlaryň üstünde işläp başladyk. Netijede, makalalar toplumyny çap etdik[1], soňra bolsa türkmen metbugatynda täze makalalar peýda boldy[2]. 1992-nji ýylyň ahyrynda bolsa, taryhyň bu sahypasyna bagyşlanan iki sany ýukajyk kitaby (düzedişler girizilen we üsti ýetirilen) türkmen[3] we rus[4] dillerinde çap etmek başartdy.

Okyjylar biziň işlerimize örän uly gyzyklanma bildirdiler. Biziň adymyza Teke atly polkunda gulluk eden jigitleriň garyndaşlaryndan hatlar gelip başlady we biz 1993-nji ýylda bu işi dowam etdik[5].

Emma Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bu ugra degişli resminamalaýyn arhiw maglumatlary indi biziň isleglerimizi kanagatlandyryp bilmeýärdi. Yhlasym ýerine düşüp başlady. Maňa «Türkmenleriň taryhy Russiýanyň arhiwlerinde» atly halkara taslamasyna ýolbaşçylyk etmek miýesser etdi. Bu başlangyç bilen Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Hökümetleri çykyş etdiler we ol 1999-njy ýylda amala aşyryldy. Biz Moskwanyň belli arhiwleriniň gaznalarynda saklanylýan örän seýrek maglumatlar bilen içgin tanyşmaga mümkinçilik aldyk.

Men Birinji jahan urşy ýyllarynda gahrymançylygyň ajaýyp nusgasyny görkezen türkmen harby düzümleri baradaky maglumatlary toplamak arzuwymdan el üzmeýärdim. Meniň gözleglerim şowly boldy. Biz Russiýanyň döwlet arhiwinden (RDA) 1-nji ýazgyly 29 işden (2346 sah.) ybarat «Teke atly polky» diýen maglumatlar toplumyny tapdyk (1639-njy gazna)[6].

Elimize 1897-1899-njy, 1914–1915-nji ýyllara degişli ýeke-täk nusgadaky arhiw maglumatlary düşende begenjimiziň çägi bolmady. Olar öň hiç wagt ýörite öwrenilmändir. Taryhyň saralyp giden sahypalaryna eliň degende gözleg-barlag işleri bilen meşgullanyp, hakyky taryhy maglumatlara duş gelen adamyň tolgunyşy ýaly duýgyny başdan geçirýärsiň. Olar harby düzümleriň serkerdeleriniň we polkuň serkerdesiniň buýruklaryny, habarnamalaryny, telegrammalaryny we beýlekileri özünde jemleýärdi.

Elbetde, arhiw maglumatlary bizi gyzyklandyrýan zatlaryň hemmesini öz içine alyp bilmeýärdi. Olarda 1916–1918-nji ýyllaryň wakalary beýan edilmedik bolsa-da, polkuň urşuň ilkinji iki ýylyndaky gündelik durmuşy bilen tanşyp bolýardy.

Biz 2000–nji ýylda Türkmenistanda we Russiýada resminamalaryň belli bir bölegini ylmy jemgyýetçilige ýetirdik[7]. Moskwada men halypam we dostum, Russiýanyň Tebigy

ylymlar akademiýasynyň akademigi W.I.Şeremet bilen bilelikde «Gündogar arhiwi» žurnalynda düýpli makalany çap etdirdim[8].

2004-nji ýylda «Harby-taryhy žurnalda» polkuň esgerleri hakyndaky makalamyz çap edildi. Dogrusy, redaksiýa öz erki boýunça işimiziň adyny üýtgedipdir[9]. 2005-nji ýylda bolsa 1999-njy ýylda geçiren arhiw gözleg-barlag işlerimiziň jemleri boýunça kitapça neşir edildi. Onda biz «Teke atly polky» diýlip senelenen (3639 1-nji ýazgy) arhiw maglumatlar toplumynyň hemme 29 işini, başlanýan we tamamlanýan hem-de sahypa sany bilen görkezdik[10].

Biz bu atlylar – gahrymanlar hakda öňki çap edilen eserlerimizden bölekleri beýleki işlerimizde hem getiripdik[11].

1992-nji ýylda akademik A.Jykyýew biziň kitabymyza ýazan girişinde «Öwez Gündogdyýewiň we beýlekileriň bu kitapçasy bu ugur boýunça häzirki wagta çenli ýazylan işleriň ilkinjisidir. Häzirki wagtda türkmenleriň Birinji jahan urşuna gatnaşandyklary we olaryň şöhratly söweş ýollary barada ýekeje kitapça hem ýokdy. Awtorlar şol wakalary has doly görkezmäge çalşypdyrlar. Bu baradaky işlere ýene-de ençeme gezek dolanylyp gelinse gerek. Wagtyň geçmegi bilen taryhyň şol sahypalary barada has düýpli işler hem ýazylar. Emma bu awtorlaryň taryh ylmyna goşan goşantlarynyň belli bahasy ýokdur» diýip belleýär[2].

Şol kitapça çap edileni bäri on iki ýyl geçdi. Biz şondan soň 30 monografiýa we kitapça çykardyk, gadymy we orta asyrlar taryhyna, etnogeneze, arheologiýa, geraldika, dini ynançlara, Türkmenistanyň medeniýetine bagyşlanan dürli makalalaryň bir ýarym müňden gowragyny çap etdik. Emma Teke atly polkunyň söweş ýoluna bagyşlanan göwrümli işler ýazylman galýardy. Tiz wagtdan Birinji jahan urşunyň başlanmagyna ýüz ýyl bolýar. Onda türkmenler edermenligiň we batyrgaýlygyň deňsiz-taýsyz nusgasyny görkezipdirler. Biz özümizde bar bolan materiallary jemleşdirmek we birleşdirmek maksady bilen, bu taryhy tema ýene gaýdyp geldik. Ýurdumyzyň taryhçylary Birinji jahan we raýat urşy

döwürlerindäki Türkmenistanyň taryhyny öwrenmek bilen has içgin gyzyklanarlar diýip umyt edýäris. Türkmenistanyň, Russiýanyň, Ukrainanyň, Belarusyň arhiwlerindäki taryhyň şol döwürleri baradaky gyzykly maglumatlar özleriniň öwrenilmegine garaşýarlar.

Awtor köpsanly maslahatlary we käbir bezeg materiallaryny berendigi üçin Russiýanyň Tebigy ylymlar akademiýasynyň akademigi, taryh ylymlarynyň doktory, harby we raýat taryhynyň professory W.I.Şeremete (Moskwa, Russiýa), taryh ylymlarynyň doktory Ý.M.Botýakowa (Sankt-Peterburg, Russiýa), Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, taryh ylymlarynyň doktory A.Jykyýewe, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk institutynyň bölüm müdiri, podpolkownik A.Soltanowa, A.Ahmedowa tüýs ýürekden hoşallygyny bildirýär.

# I. POLKUŇ DÖREÝIŞ TARYHYNDAN

Türkmen topragy örän möhüm harby hem-de söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşmek bilen gadymyýetiň we orta asyrlaryň örän iri etniki gonup-göçmeleriniň şaýady bolup, Aziýadan Ýewropa tarap — Ýewropadan Aziýa tarap ägirt uly harby ýörişleriň — ahemenileriň şalary Kiriň we Dariý I-niň, Aleksandr Makedonskiniň we selewkidleriň, omeýadlaryň we Çingiz hanyň, Teýmirleň we XIX asyrda Russiýa patyşa goşunynyň harby ýörişleriniň kesişýän merkezine öwrüldi. Şonuň üçinem türkmenleriň hemme asyrlaryň dowamynda söweşjeň halk hasap edilendigi geň däldir.

Baryp biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllykdan başlap, «turlar» diýlip atlandyrylan türkmenleriň ata-babalary ilkinji bolup atlary harby sungatda ulanyp, olar Orta hem-de Ýakyn Gündogara meşhur bolupdyrlar. Gündogaryň we Günbataryň taryhy çeşmelerinde turanlylaryň kimmerliler, saklar, skifler, massagetler, dahlar, sarmatlar, parlylar, hionitler, eftalitler, gunnlar, alanlar, aslar we ş.m. beýleki atlar bilen atlandyrylandygyna hem häli-şindi gabat gelinýär.

Gadymyýetiň ähli meşhur hökümdarlarynyň goşunlarynyň hemmesi diýen ýaly, türkmen atlylarynyň kesgir ýaragynyň we belent ruhunyň ýowuz synagyna sezewar bolupdyrlar.

«Türkmenler Turanyň tutuş durmuşyny — ganyny, ruhuny özünde saklap galypdyrlar. Olar häzire çenli diňe bir onuň derbi-dagyn ediji çapawulçylyk kuwwatyny däl-de, adyny hem saklap bilipdirler. Hakykatdan hem, adam zähmetiniň islendik netijesini göz açyp-ýumasy salymda ýok edip taşlaýan — süýşýän daglara çalymdaş akgyn çägeleriň we ýakyp-ýandyryp barýan jokrama yssy çöllükleriň içinden geçýän ýelleriň astyndaky çägeler ummanynyň arasynda özleriniň hemmeleri boýun egdiren hem basyp alnan bagy-bossanlyk ýurtlaryna göz gyzdyrman, asyrlaryň dowamynda öz



aýrylmaz baglanyşygyny duýup ýaşamak üçin tutuş süňňüň bilen öz topragyňa bagryň badaşan bolmaly» diýip, 1901-nji ýylda rus ýazyjysy Ý.Markow ýazýar[13].

Türkmenleriň ata-babalary ahemenid şalary Kir II-niň we Dariý I-niň goşunlaryny, ýeňilmezek rim legionlaryny ýok edipdirler, Assiriýanyň we Elladanyň goşunlaryna garşy durupdyrlar.

Gadymy türkmenleriň dünýäniň dürli künjeklerinde harby ýörişlerde bolandyklary baradaky maglumatlar taryhdan bellidir. Olar ahemenileriň şalary Kserks we Dariý IV-niň, Aleksandr Makedonskiniň, rim, wizantiýa we hytaý imperatorlarynyň, arap halyflarynyň we german sýuzerenleriniň, Teýmirleňiň we Beýik mogollaryň goşunlarynda gulluk edipdirler.[14]

Türkmen milletiniň taryhyň sahnasynda peýda bolmagyndan başlap XX asyryň başlaryna çenli ýaşaýyş-durmuşy çylşyrymly syýasy ýagdaýda geçipdir. Türkmeniň ýurduna Eýranyň, Owganystanyň, Buharanyň, Hywanyň şalarynyň, han-begleriniň, emirleriniň göz gyzdyran döwürlerem az bolmandyr. Şonda türkmenler dürli tarapdan hüjümleriň aýylganç synagyna sezewar boldular. Syýasy özbaşdaklygy almaklyk ugrundaky uzak ýyllap geçen göreş daşyndan edilýän urgularyň öňünde durmaga ukyply jemgyýetiň kemala gelmeginiň esasy boldy[15].

Basybalyjylar bu inkär edip bolmajak hakykaty ykrar etmäge mejbur bolýarlar. Eýran şalary, Buhara emirleri we Hywa hanlary hemişelik türkmen atly toparlaryny öz gullugynda saklapdyrlar. Meselem XVIII asyrda Nedir şa Aziýanyň ençeme ýurtlaryny basypalanda, onuň goşunynyň esasy bölegini türkmenler düzüpdirler. 1839-njy ýylda Buhara emiri Nasrulla kokantlylaryň garşysyna 10 müňe çenli atly teke hem-de salyr esgerlerini sürdi[16]. XVIII asyrdan XX asyryň başyna çenli Hywa hanlygynyň ykbalynda türkmenleriň ähmiýeti örän uly bolupdyr. 1883-nji ýylda general N. I. Grodekowyň ýazmagyna görä, «Hywa türkmenleri gadymy döwürlerden bäri pretorianlaryň ýa-da ýanyçarlaryň orunlaryny

Teke türkmeni. N.Karamziniň çeken suraty. 1885-nji ýyl.



tutmaga endik edipdirler. Türkmenleriň goldawyna eýe bolan Hywa hanlary, adatça, öz garşydaşlaryny ýeňipdir. Olar hanlary tagta-da çykarýardylar, tagtdan hem düşürýärdiler. Olar özlerini hanlygyň hakyky eýeleri hökmünde alyp barýardylar. Türkmenler 1873-nji ýyla çenli ýörite atly toparlarda gulluga durup, aýratyn hormatdan peýdalanýardylar... Olar jemgyýetiň harby gatlagy hökmünde ýokary derejeli adamlar ýaly ýaşaýardylar»[17].

Russiýa bilen özara gatnaşyklaryň taryhy hem örän gyzyklydyr. Heniz X asyryň ortalarynda oguz-türkmen taýpalary (torklar ady bilen) bu ýurduň günortasyndaky giň sähralara göçüp barýarlar. Olar X asyryň ahyrlarynda Kiýew knýazy Wladimiriň goşunlary bilen bilelikde Hazar we Wolga boýundaky bulgarlary derbi-dagyn edýärler. Oguz türkmenleri Kiýew, Wolyn, Çernigow, Galiskiý, Rostow-Suzdal we beýleki gündogar slawýan knýazlyklarynda ýurt tutunmak bilen, gadymy rus knýazlyklarynyň atly goşunlarynyň esasy bölegini düzüp, özleri bilen Russiýa diňe bir dürli ýaraglary (gylyç, naýza, çylşyrymly düzümli ýaýdyr peýkamlary, süýri demir tuwalgalary, at esbaplaryny) eltmek bilen çäklenmän, eýsem, atly goşunlaryň söweş tärlerini hem ornaşdyryp başlaýarlar[18].

Hywa hanynyň gullugyndaky türkmen otrýadynyň serkerdesi öz nökerleri bilen. I.Wolžinskiniň alan suraty. 1896-njy ýyl töweregi.

XVI asyryň aýagynda we XVII asyryň başlarynda häzirki Astrahan we Stawropol türkmenleriniň esasy bölegini düzýän aýry-aýry türkmen toparlary Russiýa imperiýasyna göçüp barýarlar. Bu ýurtda mesgen tutup başlan ilkinji günlerinden türkmenleri harby gullukda — döwletiň gündogar we günorta çäklerinde serhedi goramakda peýdalanyp başlapdyrlar.

Her ýylda Astrahanyň kazak goşunlarynyň garamagyna — öz aty, azyk-owkady, at üçin iými bolan türkmen atlylarynyň 500--si iberilýärdi[19].

Stawropol türkmenleri Napoleona garşy urşa gatnaşypdyrlar. 1804–1807-nji ýyllarda starşina Oragyň serkerdeliginde atly jigitleriň 200-si general Sawelýewiň korpusynyň düzüminde söweşýärler. 1812-nji ýylda türkmenlerden özbaşdak polk düzüpdirler[20].

XIX asyryň 50-nji ýyllarynda gönüden-göni Türkmenistanyň çäklerinde iri harby hereketler başlanýar. 1854-nji ýylyň ahyrlarynda türkmenler Sarahsyň eteginde Gowşut hanyň baştutanlygynda Hywa hanynyň goşunlaryny derbi-dagyn edenlerinden soň, Hywa hanlary türkmen topragyna göz gyzdyrmakdan mydamalyk el çekýärler. Tekeleriň, ýomutlaryň we gökleňleriň birleşen goşunlary 1858-nji ýylda pars goşunlaryny derbi-dagyn edýärler, 1861-nji ýylda bolsa, Merwde Hemze Mürzäniň baştutanlygynda 35 müňlük pars goşuny derbi-dagyn edilýär.

Emma türkmenler üçin XIX asyrda iň soňky uruş bolup, olary garaşsyzlykdan mahrum eden söweş örän gandöküşikli boldy. Erkin türkmen sährasyna rus patyşasynyň goşuny döküldi.

Patyşa basybalyjylarynyň esasy maksady söwda, ykdysady, strategiki bähbitler bolup, Aziýanyň çäklerinde öz häkimligini ýöretmäge gönükdirilipdir. Häzirki zaman rus alymy L.N.Harýukowyň belleýşi ýaly, «Patyşa Russiýasynyň Orta Aziýany basyp almagy ýerli ilatyň ezilmegine getirdi, rus häkimleriniň masgaraçylykly pygyllaryny äşgär etdi (mysal üçin, 1873-nji ýylda, Hywa ýörişi wagtynda türkmenleriň ýomut taýpalaryna garşy jezalandyryş çäresi ýaly rehimsizligi hiç zat bilen aklap bolmaz)[21]».

Hywany gyrgyna salansoň rus goşuny Ahala ýöneldi. Bu ýerde 1-nji Ahalteke ýörişiniň ýolbaşçysy general Lomakine 1875-nji ýylyň 20-nji iýunynda Ahal sebitiniň tekeleriniň haty gowşuryldy. Onda awtonomiýa özbaşdaklygy kepillendirmek şertinde Russiýanyň düzümine goşulmaga razylyk beýan edilýärdi.

1875–1876-njy ýyllarda türkmenleriň Russiýanyň düzümine özbaşdak girmek meýilleri bardy. Emma käbir russiýaly emeldarlaryň gowuşgynsyzlygy we ýüze çykan meseleleri harby ýol bilen çözmäge ymtylmaklygy iki tarap üçin hem örän gandöküşikli bolan urşa alyp bardy. Käbir generallar türkmen milletini tutuşlygyna ýok etmek baradaky pikiri açyk aýdýardylar.[22]

Demirgazyk Kawkazly türkmen.
XVIII asyryň aýaklary.
Hr.Gesleriň grawýurasy.





Öwezmyrat Dykma serdar.
XIX asyryň ahyrlary.

Türkmenistanyň çäklerine girmek bilen patyşa generallary türkmenleriň azatlyga çäksiz ymtylyşyny, öz Watanyna we erkinlige durky bilen berlendigini göz öňünde tutmandylar. Milletiň bu esasy sypaty Watan üçin howply pursatda ony jebisleşdirdi.

1879-njy ýylyň 28-nji awgustynda general Lomakin Gökdepe galasy ugrundaky söweşde masgaraçylykly ýeňlişe sezewar bolýar. Türkmenler rus goşunynyň şol döwür üçin güýçli ýaraglarynyň garşysyna çakmak daşly tüpeňleri, gylyç, naýza, pyçak hem-de daşdan oky bolan ýekeje mis topy ulanmaly bolupdyrlar. Halkyň edermenligi rüstem çykdy. Artilleriýa oklary netijesinde türkmenler müň adam ýitirdiler. Ýöne başa-baş söweşde olar ýeňdiler. Patyşa goşunlaryndan 176 adam ölüpdi, 268 adam ýaralandy, 8-si dereksiz ýitdi.[23]

Bu ýörişiň şowsuz boljakdygy görnüp durdy. Lomakiniň 1879-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda ýazan we kime iberilendigi näbelli bolan haty saklanyp galypdyr: «Biz indi oňa (duşmana — türkmenlere. Ö.G.) öňkümiz ýaly ýüzleý garamarys, ýigrenmeris. Häzire çenli tekeleri donlular diýip atlandyrýardyk we olary dargatmak üçin bir rota hem ýeterlik hasap edýärdik. Esgerlerimiziň aýdyşy ýaly, indi bularyň türklerdenem, biziň dagly kawkazlylarymyzdanam ýowuz boljagy görnüp dur».[24]

Söweşe dyzmaç hem-de Ahalyň eýýäm basylyp alnandygy barada «merkeze» habar iberen Lomakiniň badyhowalygy nirelere gaýyp bolduka?!



Gökdepe galasynyň diwarlary. «Parižden Hindistanyň çäklerine çenli» diýen kitapdan. M., 1890 ý.

Gökdepe wakalaryna baha bermek bilen, patyşa kapitany Weýl şeýle ýazýar: «Ruslar (Orta Aziýada) köp sanly, ýöne gowşak ýaraglanan, düzgün--tertipsiz erkekleriň, aýallaryň, çagalaryň, düýeleriň we beýleki mallaryň üýşmeginden ybarat bolan başyna goýberilen süri bilen söweşmäge endik edipdiler. Emma ruslar oňat ýaraglanan, megerem, harby sungat, uruş tilsimleri barada dogabitdi düşünjeleri bolan teke-türkmenlere duçar boldular... Olar ruslara aýgytly urgyny — olaryň garaşmadyk urgusyny urdular».[25]

1880-nji ýylyň ýanwarynda 2-nji Ahalteke ýörişine baştutanlyk etmeklige M.D.Skobelew bellenildi. Ony ýola salanda Aleksandr III: «Maňa gelip ýetýän maglumatlara görä, tekeler aýratyn üýtgeşik söweşjeň halk bolmaly» diýipdir.[26]

1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Gökdepe galasy syndy we Ahal ülkesi Russiýa patyşalygyna birikdirildi. Türkmen esgerleri ýeňilen hem bolsalar öz edermenlikleri we ahyrky deme çenli söweşendikleri üçin öwgüli sözlere mynasypdyrlar.





Türkmen milisionerleri hatarda durlar (XX asyryň başynda bu diwizionda 5 serkerde we 384 atly bardy). Sankt-Peterburgdaky Rus etnografiýa muzeýi (№ 40-146), XIX asyryň aýagy.

Şol söweşlere gatnaşan patyşa goşunlarynyň serkerdeleriniň we esgerleriniň ýazgylaryny okanyňda muňa aýdyň göz ýetirýärsiň.

W.A.Tugan-Mürze-Baranowskiý (1881 ý.): «Ata erk edýän teke jigidi ýaragy ezber ulanýar, gözsüz batyr, hatda ol öz duşmanynyň hem şeýle sypatyna sarpa goýýar...

...Teke adamy bir lebiz edensoň, ölüm howpy abansa-da, azatlygyndan mahrum bolsa-da sözünde durýar. Adatça, tekeler, ukyply adamlar, ugurtapyjy we Watanyny çyn ýürekden söýýärler[27]» diýip ýazýar.

«Olarda özüniňkilere dönüklik etmekden erbet jenaýatçylyk ýok. Şonuň üçin olaryň (türkmenleriň — Ö.G.) hiç haýsysy hem öz aralaryndan dönük çykmajakdygyna şübhelenmeýär. Hakykatdanam, tekeler bilen bolan uruş döwründe olaryň birem biziň tarapymyza geçmedi. Şonuň netijesinde hem 1879–1881-nji ýyllaryň urşy Orta Aziýada alnyp barlan uruşlaryň hatarynda has üýtgeşik häsiýete eýe boldy» diýip, general N.I.Grodekow (1883 ý.) ýazýar[28].

N.Latkin (1885 ý.): «Türkmenleriň hemmesi... örän batyrgaý, olar ajalyň gözüne göni seredýärler. Olar edermenlik bilen söweşe girýärler we janlaryny aýamaýarlar, şol bir wagtyň özünde hem olar duşmanlaryna rehimsiz daraýarlar...

Türkmen milisioneri. XIX asyryň 80-nji ýyllary. N.Karaziniň çeken suraty.



Türkmen milisionerleri. Rus etnografiýa muzeýi (№ 1005-3), XIX asyr.

Türkmenler, esasan hem, tekeler öz Watanyny çäksiz söýýärler. Muny olar Gökdepe urşunda görkezdiler. Şonda ruslar Orta Aziýany basyp alan döwründäki ähli söweşlerini bilelikde alanyňdakydan hem köp ýitgi çekdiler» diýip ýazýar[29].

General A.N.Kuropatkin (1889 ý.): «Türkmenler sowuk ýarag bilen ýakyn aralykdan başa-baş söweşmegiň tärlerini ymykly ele alypdyrlar, şeýle hem olar gijesine uruşmagy halaýarlar we oňa örän ukyplydyrlar. Tekeleriň şu sypatlary bizi Gökdepe galasynyň diwarlarynyň töwereginde örän uly aljyraňňylyga saldy» diýip ýazýar.[30]

Rus awtorlary türkmenleriň adatdan daşary gaýduwsyzlygy, erjelligi we harby ussatlygy barada haýran galyp ýazýarlar. Ý.Markow Gökdepe galasyny «gadymy Sparta» bilen deňeýär. Şol uruşlara gatnaşan rus esgerleriniň biri bu ýazyja şu zatlary gürrüň beripdir: «Tekeler örän zor urşujylar. Biziň kazaklarymyzam ýürekli welin, ýöne olarça ýok. Tekeleriň diňe ýekejesi biziňkileriň 5-si bilen darkaş gurup bilýär, hiç wagt boýun egmeýär. Biziň tutuş toparymyz üstüne çozsa-da, olar diňe 5 adam bolup, diňe arkalaryny diwara diräp, iň soňky demine çenli söweşip, wepat bolýarlar. Ýöne hijisi aman dilemeýär.» Ý. Markowyň hut özi hem türkmenleriň edermenligine haýran galyp, olary «bürgütler, barslar, şirler» diýip atlandyrypdyr. Ol türkmenleriň keşbini şeýle beýan edýär: «Olaryň aglaba köpüsi uzyn boýly, eginlek,

içinden ýalyn geçen, berdaşly adamlar... Georgiý ordenleri döşlerini bezeýän, bu ülkeleri basyp almaga gatnaşan, iň batyr rus esgerleri hem bir teke urşujysy bilen söweşmeli bolanda ruslaryň birnäçesiniň gerek bolandygyny meniň ýanymda açyk boýun aldylar»[32].

Hatda general M.D.Skobelew hem türkmenleriň harby sungatyna haýran galypdyr: «Tekeler örän ökde urşujylar, olaryň birnäçe ýüz atlysyny Wena etegine äkidip bolan bolsa, iş bitirerdiler».[33]

Onuň aýdanlary durmuşa geçdi, hakykatdan hem, bary-ýogy 30 ýyldan hem gowrak wagtdan soň, türkmenler rus goşunynyň hatarynda Wenanyň eteginde peýda boldular (Awstro-Wengriýa).

Häzirlikçe bolsa patyşa hökümetiniň öňünde türkmen atly toparlarynyň söweş tejribesini doly derejede peýdalanmak meselesi durýardy. Ilki bilen bu ülkäniň ilatyny köşeşdirmelidi: hemmeler üçin günä geçişlik yglan edildi, täze häkimiýetiň wekilleri ilata azyk kömegini berip başladylar, suwaryş ulgamlaryny düzetmäge ýardam etdiler, talaňçylyk etmek we ýerli halky sylamazlyk ölüm jezasy wehimi bilen rus esger-



Türkmen atly diwiziýasynyň esgeri.
XIX asyryň aýagy.



Atly-irrregulýar diwiziýanyň mundirindäki türkmen. Sankt-Peterburgdaky Rus etnografiýa muzeýi (№40-107), XIX asyr.

lerine gadagan edilipdi. Eýýäm 1881-nji ýylyň maý aýynda türkmen wekiliýeti (5 adam) Gökdepäni goraýjylaryň serkerdeleriniň biri Dykma serdaryň ýolbaşçylygynda imperator Aleksandr III-niň köşgüne ugraýar.

Sankt-Peterburgyň «Weçerneýe wremýa» gazeti türkmenleriň 15-nji maýda paýtagta gelendigini habar berip, şeýle ýazýar: «Dykma serdar... Sankt-Peterburga öz ýany bilen 10 ýaşly Orazberdi atly ogluny hem alyp geldi.

Oglanjygyň garaýagyz keşpjagazy onuň hoş göwünli we gönümelliginden habar berýär. Dykma serdar öz ogluny harby mekdepleriň birinde okatmak isleýär. Onuň Paže korpusyna okuwa ýerleşdiriljekdigi barada aýdylýar».[34] Bu ýerde gürrüň Teke atly polkunyň eskadronynyň geljekki serkerdesi Orazberdi serdar barada barýar. Onuň öz aýtmagyna görä, kakasy ogluny diňe bir imperator bilen tanyşdyrman, eýsem, onuň aýaly — imperator zenan bilen hem tanyşdyrypdyr. Patyşa är-aýal oglanjyga gyzyl sagat sowgat beripdirler we ony ýurduň şol döwürki iň belli harby mekdepleriniň biri — Paže korpusyna ýerleşdiripdirler. Şol mekdebi tamamlansoň, Orazberdi serdar dragun polklarynyň birine ugradylýar.[35]

Milisiýanyň maýory derejesine eýe bolan Dykma serdar 1881-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda baş ştabyň polkownigi Meşetiçiň adyna ýazan hatynda ondan Orazberdiniň okuwyna ýardam etmegi haýyş edýär we oglunyň jan saglygy barada hemişe habar berip durmagyny sorap, oglunyň pul bilen üpjünçiligi we ş.m. bilen gyzyklanýar.[36]

Zakaspi oblasty baradaky gürrüňe gaýdyp gelmek bilen, türkmenlerden atly toparlary düzmek baradaky pikiriň Gökdepe urşundan soň, ilkinji aýlarda dile alnyp başlanandygyny bellemelidiris. 1881-nji ýylyň fewralynda Zakaspidäki rus goşunlarynyň ştabynyň başlygy general N.I.Grodekow «Teke jigitlerini hakyna tutup, Gökdepe bilen Ashabadyň arasynda poçta gatnawyny ýola goýmakda ulanmak barada ýazypdyr»[37].

Şol ýylyň 26-njy aprelinde Zakaspi harby bölüminiň başlygy general Rerberg Ahalteke ekspedisiýasynyň goşunlarynyň baş serkerdesine türkmenlerden düzgün-tertibi goraýan topar döretmek baradaky towakga bilen ýüz tutýar. Ahal ülkesiniň ýaşaýjylarynyň özleri 160 sany milisioneri we olara 4 serkerdäni saýlamalydylar. Milisionerlere 30 rubl, serkerdelere bolsa 50 rubl aýlyk hakyny bermek göz öňünde tutulýardy (Aýda jemi bäş müň rubl).[38]

Zakaspi bölüminiň başlygynyň haýyşnamasy kanagatlandyrylan bolarly. Türkmenlerden wagtlaýyn ahalteke milisiýasyny döretmek we onuň ýolbaşçylygyna urýadnik knýaz Marganiýany bellemek baradaky 1881-nji ýylyň 5-nji maýyn-

Türkmen atly diwiziýasynyň atlylary (REM, №1005-4). XIX asyr.





Abdyrahman han — Owganystanyň emiri. XIX asyryň 80-nji ýyllary.

da çykarylan buýruk saklanyp galypdyr.[39]

Emma ýokary harby çinli adamlaryň türkmenler barada başga niýetleri bardy. Olar türkmenleriň harby sungatyny alysda ýerleşýän günbatardaky duşmanlary bilen çaknyşykda peýdalanmak isleýärdiler.

1881-nji ýylyň 27-nji iýunynda Kawkaz harby okrugynyň goşunlarynyň baş serkerdesi feldmarşal knýaz Borýatinskiý Russiýa imperiýasynyň harby ministrliginiň baş ştabynyň başlygy L.N.Sobolewe iberen telegrammasynda şeýle ýazýar: «Çetki ülkeler barada aýtsak, Puşkarýow meni bir pikiriň üstünden eltdi we Sobolew hem bu pikiri tassyklady — ýaş teke esgerlerini öz harby gullugymyza çekmek gerek. Olardan bir ýa-da iki sany polk döredip, Kiýewde ýaraglandyrmaly we serhetde gulluk edip bolanlaryndan soňra ýaraglaryny ellerinden alyp, öýlerine ugratmaly»[40].

Şondan bir hepde soň, 1881-nji ýylyň 2-nji awgustynda baş ştabyň başlygy general-adýutant N.Obruçew Kawkaza jogap hatyny iberýär: «Harby ministrligiň dolandyryjysy tekelerden bir ýa-da iki atly polky döredip, olary günbatar serhetlerimizde gullukda ulanmak baradaky garaýyşlarymyzy ýazyp bermegi tabşyrdy. Bu barada habar bermek bilen, maňa agzalan meseläni çözmek üçin ýyllyk çykdajylary hasaplap bermegiňizi towakga edýärin. Şonda teke polkunyň düzüminde dört eskadronyň boljakdygy

we olaryň üpjünçilikde regulýar goşunlar bilen deňeşdirilýändigi hem-de şol polkuň Warşawa harby okrugynda, Russiýanyň serhetleriniň golaýynda ýerleşdiriljekdigi göz öňünde tutulmalydyr. Ähli çykdajylar pul ölçeginde görkezilse, göwnejaý bolardy»[41].

Haýsy sebäplere görä, şol iki sany teke polkunyň döredilmändigi bize näbelli bolup galýar. Belkem, türkmenlere ýarag bermekden howatyrlanandyrlar. Sebäbi entek Mary ülkesem Russiýa birikdirilmändi.

Şeýlelikde, 1881-nji ýylyň maý aýynyň başynda Ahalteke atly milisiýasynyň topary döredildi. Onuň ilkinji serkerdesi abhaz knýazy, urýadnik Malahiý Marganiýa bolýar. Olara milli lybas-don geýindirilýär we olaryň eginleri «A» («Ahalteke») harpy ýazylan pogonlar bilen bezelýär. 1884-nji ýylyň ýazynda Merw Russiýanyň düzümine meýletin girende, Zakaspi oblastynyň naçalnigi general-leýtenant Komarowyň otrýadynda, onuň şahsy goragyny üpjün edýän 20 teke esgeri bardy. Olara indi wahmistr derejesini alan M.Marganiýa ýolbaşçylyk edýärdi.[42]

Türkmenleriň patyşa goşunlarynyň hataryna çyn ýürekden gulluk etmäge barmaklary tötänleýin däldir. Birinjiden, olarda öz-özlerini dolandyrmak hukugy galdyrylypdy; ikinjiden, beýleki goňşy ýurtlar bilen häli-şindi ýüze çykýan çaknyşyklar aradan aýrylypdy; üçünjiden, patyşa hökümeti türkmen ekerançylaryny tohum bilen üpjün edip, goldaw berýärdi; dördünjiden, tutuş ömrüni harby ýörişlerde geçir-



W.Ýançeweskiý. XX asyryň başlary.



Zakaspi oblastynyň hanlary. Çepden ikinji Merwiň han zenany Güljemal han, XIX asyr.

ýän türkmen ýigitleri harby gullugy dowam etmäge we ş.m. mümkinçilikleri aldylar.

Munuň ýene bir sebäbi ruslaryň ýerli halk bilen gatnaşyklarda özlerini ulumsy tutmaýandyklarydy. Rus serkerdeleri türkmenleriň görkezen gahrymançylygyna sarpa goýýarlar we olar bilen sylanyşygy saklaýarlar. 1880–1881-nji ýyllaryň urşunda rus goşunynda bolan fransuz habarçylarynyň biri şeýle ýazýar: «Men gyzykly wakalaryň köpüsini gördüm; olaryň biri maňa has geň göründi. Garşydaş bilen özüni salyhatly alyp barmak zerurlygy ýüze çykanda, olar gepleşikler geçirilýän ýere bezegli, haýbatly görnüşde gelmeýärler. Öz hähimligini, artykmaçlygyny mazamlamak babatynda rus serkerdeleri sadalygyň nusgasyny görkezýärler.. Ruslar öz duşmanlary bilen duşuşanlarynda özlerini hoşgylaw tutup, olaryň elini gadyr bilen gysýardylar. Biri-birine güýç synanyşyp gören köne dostlar ýaly ýakymly seredýärdiler. Duşanlaryna be-

genýärdiler, dostlaşýardylar, birek-birege kömek edýärdiler, olar göwni päk çagalary ýada salýardylar. Bu päklik bolsa rus häsiýetine mahsus häsiýetlerdir»[43].

XIX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda Merwe gelip gören başga bir fransuz serkerdesi Edgard Bulanžýe şeýle ýazýar: «Ýerli ilatyň harby başarnyklary ýörite toparlary döretmek boýunça töwekgelçiliksiz ulanylyp bilner. Angliýanyň günäsi bilen Hindistanyň serhetlerinde galagoplyk dörän güni türkmen atlylary özüni tanadar we ruslaryň bähbidine gulluk edip bilerler. Ýerli ilatdan goşun düzmek örän işjeň ýagdaýda alnyp barylýar. Hakykatda, ruslar boýun egdiren halklaryndan goşun düzmeýärler. Emma Kawkaz we Zakaspi oblasty üçin bu kadadan çykylýar. Knýaz Dondukow-Korsakow Merwe giren gününiň ertesi Berdanka tüpeňleri bilen ýaraglandyrylan tekelerden iki eskadron düzmek barada buýruk çykardy. Bu eskadronlaryň esgerleri öz milli lybaslarynyň üstünden ak papak geýýärler we ak pogon göterýärler. Bu esgerler, esasan, demir ýoldan üzňe ýerleşýän obalaryň arasynda hemişelik gatnaşyk saklamak hem-de hat gatnatmak üçin peýdalanylýar. Ilkinji iki eskadron Guşgynyň eteginde owgan atlylary bilen örän edermen söweşdiler. Olara serkerdelik eden polkownik Alihanow esgerlere ak baýdak berdi. Onuň bir tarapynda altyn çaýylan arap harplary bilen «Alla» diýlip ýazylypdyr, beýleki tarapyna bolsa, patyşanyň täjiniň şekili



Türkmen töresi Mämmet Sopy Kulyýew
M.N.Galkiniň kitabyndan, 1868 ý.



Kyýathan Ýomudskiý.
N.Myradowyň çeken suraty, 1822 ý.

bilen «A» harpy — imperator Aleksandr III-niň adynyň birinji harpy ýazylypdyr. Hüjüm wagtynda baýdak göteriji başa-baş söweşde ýaralandy... Türkmen hanlary rus serkerdelerine gulluk edýärler we bu halkyň birleşen toparynyň ilkinji wekilleri bolan poruçikler, kapitanlar, maýorlar az däldir... Ýerli ilatdan düzülen goşun barada aýdylanda bolsa, ruslar hemişe olaryň ýüpüniň üstünde odun goýup bilerler, olar hakyky goşun bolup durýarlar...»[44].

E.Bulanžýe Guşgynyň etegindäki söweşi ýatlaýar. Ol söweş meşhur Daşköpri söweşidir. Şonda, 1885-nji ýylyň 18-nji martynda türkmen milisiýa bölümleri ilkinji gezek ruslar bilen bilelikde söweşdiler. Baryp 1885-nji ýylyň başynda Russiýanyň we Owganystanyň arasyndaky çäkleri kesgitlemek boýunça iňlis bölüminiň ýolbaşçylary owgan goşunlaryny Pendi ýaýlasyna tarap süýşmäge öjükdirdiler. Iňlisler bilen gepleşikler hiç hili netije bermedi. Owganlar Guşgy derýasynyň çep kenaryndaky we Murgabyň sag kenaryndaky serhet nokatlaryny aýyrmadylar hem-de ilkinji bolup ok atyp başladylar. Rus pyýada goşuny Guşgy derýasynyň üstünden geçýän köprini eýeleýänçä, polkownik Alyhanow — Awarskiý düzümine wagtlaýyn Merw atly milisiýasynyň 200 sany esgeri we Ahalteke atly milisiýasynyň ýedi esgeri girýän atly goşuna baştutanlyk edip, derýadan geçdi we duşman goşunlaryna hüjüm etdi. Baba hanyň (Gowşut hanyň ogly) serkerdelik edýän Merw milisiýasynyň ýüz esgeri 4 sany topy olja aldy, atly esger Aman Gylyç bolsa, owganlaryň baýdagyny ele saldy.

General A.W.Komarow 1885-nji ýylyň 30-njy martynda Kawkaz harby okrugynyň baş serkerdesine iberen raportynda — habarnamasynda türkmenleriň edermenligini ýörite belläp geçýär: «Atly ýigitler patyşanyň mynasyp raýatlary bolmak ugrunda ähli gujur-gaýratlaryny gaýgyrmadylar we gan döküp, regulýar goşun bilen dogan-dost bolmaga hukuk gazandylar»[45].



Polkownik Annamuhammet Garaşhan Ýomudskiý (1829–1886 ý.)

Patyşa goşunlarynyň özünden sany dört esse köp bolan duşmanyň üstüne hüjümi şeýle okgunly boldy welin, owganlar Hyrada tarap yza çekilip, 600 urşujysyny, 8 topuny we iki baýdagyny söweş meýdanynda taşlap gitmeli boldular.

Soňra Owganystanyň emiri Abdyrahym han: «Iňlis goşunlary we olaryň serkerdeleri gorkusyndan ýaňa dost bilen duşmany saýgarman, ökje göterdiler» diýip, ýaňsy bilen ýatlapdyr. Emir saryk türkmenleriniň ýaýlalarynyň öňem Owganystana degişli däldigini boýun alyp, «Şonuň üçinem biz olar (ruslar — Ö.G.) bilen uzak ýyllap hoşniýetli goňşy bolarys» diýipdir[47].

Russiýanyň belli ýazyjysy, «Çingiz han», «Batyý», «Soňky deňze çenli» ady bilen meşhur bolan üç eseriň we beýlekileriň awtory Wladimir Ýan (Ýançeweskiý) gyzykly ýatlamalary



Tekeler. N.N.Ýomudskiniň çeken suraty, XIX asyryň ahyry.

ýazýar: «Guşgynyň etegindäki söweşde Alihanow — Awarskiý, tamamlanyna köp wagt geçmedik Gökdepe urşunda Skobelewe garşy söweşen atly esgerlerden düzülen türkmen diwiziýasyna serkerdelik etdi. Mälim bolşy ýaly, Skobelew Gökdepe urşundan soň, gaýduwsyz türkmen esgerleriniň ählisine Russiýa gulluk etmegi teklip etmek bilen türkmen diwiziýalarynyň döredilmeginiň başyny başlady. Hatda Guşgy söweşinde owganlaryň arkasynda duran iňlislerem türkmenleriň adatdan daşary edermenligini, olaryň sany özlerinden 10 esse artyk bolan duşmanyň üstüne ýyldyrym çaltlygynda hüjüm edişlerini belleýärler»[48].

Emma 1902–1904-nji ýyllarda Zakaspi oblastynyň ýanynda Ashabatda aýratyn tabşyryklar boýunça emeldar wezipesinde gulluk eden W.Ýan M.Marganiýadan ozal Alihanow-Awarskiý türkmen diwizionynyň serkerdesi bolupdyr diýip, öz ýazgylarynda nätakyklyga ýol beripdir[49].

Alihanow-Awarskiý 1884–1885-nji ýyllarda Wagtlaýyn Merw atly milisiýasynyň (üç ýüze golaý atly) naçalnigi bolupdyr. Daşköpri söweşinde bolsa ol wahmistr M.Marganiýanyň serkerdelik edýän Ahalteke milisiýasynyň atly wzwody birikdirilen otrýadyň serkerdesi bolupdyr. M.Marganiýa şol söweşden soň, «Georgiý hajyna» we praporşik çinine mynasyp bolýar. Ol 1885-nji ýylyň martynda eýýäm ahalteke milisiýasynyň serkerdesi däldi. Marganiýa 1881-nji ýylyň 5-nji maýyndan 1885-nji ýylyň fewralyna çenli Ashabatda ýörite diwiziony döretmek kararyna gelýänçä, olaryň naçalnigi wezipesinde gulluk edipdir.

1885-nji ýylyň 24-nji fewraly

täze harby düzümiň — Türkmen atly milisiýasynyň resmi taýdan döredilen senesidir. Oňa ahally we merwli milisionerleriň iň oňatlary saýlanyp alynýar. Kapitan Pýotr Petrowiç Kalitin, şol bir wagtda Kawkaz harby okrugynyň goşunlarynda gullukda durýan bu serkerde atly milisiýanyň naçalnigi wezipesine bellenilýär. 1885-nji ýylyň 19-njy dekabrynda bu düzüme ýörite ştandart (Merw milisiýasynyň baýdagyndan tapawutly): sary matanyň ýüzünde iki gyzyl zolak kesişýär we ortarasynda gara harplar bilen «TRK» diýen ýazgy ýerleşdirilipdir.

Türkmen atly milisiýasy harby bölüm hökmünde döredilende, ol wagtlar ähli uýezdlerde hereket edýän we uýezd naçalniklerine tabyn bolan beýleki milisiýa toparlary jemgyýetçilik tertibini goramak maksady bilen ulanylypdyr.

Patyşa hökümeti türkmen harby düzümlerini döretmek bilen, ýerli milletden bolan serkerdeleriň ýiti ýetmezçiligini duýýardy. Serkerdelige alynjak türkmenler diňe bir rus hem-de türkmen dillerinde erkin gürleşmekden başga--da, şol döwrüň Ýewropa harby



Kadet Nikolaý Ýomudskiý. XIX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyry.

mekdeplerinde terbiýelenen bolmalydylar.

1885-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Kawkaz harby okrugynyň goşunlarynyň baş serkerdesi general-adýutant knýaz Dondukow-Korsakow Tiflis (Tbilisi) şäherinden harby ministrligiň baş ştabynyň naçalnigine hat ýollaýar: «Ýerli ilatyň çagalaryny döwletimiziň harby okuw mekdeplerinde terbiýelemek



Teke hany. L.Ý.Dmitriýew-Kawkazskiniň eseri, 1894 ý.

boýunça Kawkazda ýola goýlan işler örän oňat netijeler berýär.

Kadet korpuslarynda bilim--terbiýe alan ýerli ilatdan iň oňat serkerdeler ýetişýär we olar biziň hökümetimize hem--de döwlet bähbitlerine örän wepalydyrlar. Olar düýpli bilim almak bilen ýurdumyza diýseň peýdaly işgärler bolup ýetişýärler we ilata ýolbaşçylyk edip, olary ak ýürek bilen dogry ýola ugrukdyrýarlar. Siziň alyhezretleriňiz, bu barada habar bermek bilen, hem-de 25-nji awgustdaky 450 belgili seslenmä jogabymy goşup, Zakaspi oblastynyň goşunlarynyň baş serkerdesiniň ýerli ilatyň çagalaryny imperiýamyzyň harby--okuw mekdeplerinde okatmak baradaky teklibini örän ýerlikli hasap edýärin»[50].

Türkmen ýetginjekleriniň kadet mekdeplerinde okandyklary barada soňra aýdyp geçeris. Häzirlikçe, Türkmen atly milisiýasyna gaýdyp geleliň. 1892-nji ýylyň 7-nji noýabryndan başlap ol Türkmen atly regulýar diwiziýasy diýlip atlandyrylýar. Oňa indi podpolkownik derejesini alan P.P.Kalitin ýolbaşçylyk etmegini dowam edýär (podpolkownik çinini ol 1890-njy ýylda alýar).

Ol diwiziýa anyk söweş tabşyryklaryny ýerine ýetirýär. Hususan-da, atly esgerleriň milisiýanyň ştab-kapitany M.K.Marganiýanyň serkerdeliginde 1890-njy ýylda owgan serhetlerinde gorag we aňtaw häsiýetli çärelere gatnaşandyklary barada gizlin maglumatlar bar.

Diwiziýa Aşgabadyň günbataryndaky Köşi obasynda ýerleşdirilýär. 1895-nji ýylda diwiziýa üçin gylyjyň standarty bellenilýär (*goşunda seret*).

1899-njy ýylda Akdepe diýen ýerde diwiziýa baýdak gowşurylýar (gynansak-da, ol barada maglumat ýok — Ö.G.). Şol ýylyň 10-njy iýunynda indi polkownik bolan P.P.Kalitin Tersk kazak goşunynyň 1-nji Wolga polkuna ugradylýar we M.K.Marganiýa diwiziýanyň serkerdesi wezipesine bellenilýär.

«Zakaspiskaýa oblast» atly (1901 ý.) iri göwrümli işde bu oblastyň ilaty umumy harby borçdan boşadylan hem bolsa, türkmenleriň Türkmen atly regulýar diwiziýasynda gulluk edýändikleri barada aýdylýar: «Gulluga çagyrmak tertibi, umuman alnanda, Kawkazdaky milisiýa bölümlerindäki ýaly, ýerli ilat meýletin esasda gulluga girýär. Özi-de her atly esgere kawaleriýa karabin tüpeňi we döwlet tarapyndan aýda 25 rubl berilýär. Bu puly esger özüne hem atyna harçlamalydyr... Zakaspiý oblastynda Zakaspiý gulluk okrugynyň serhet gözegçilik gullugy döredilende, oňa girmek isleýän türkmenleriň sany, zerurlykdan üç esse artyk boldy... Türkmen atly regulýar diwizionynyň esgerlerine mynasyp baha bermek gerek. Olaryň ählisi milli silkme telpekli,



Atly goşunyň generaly P.P.Kalitin. Ol 1885–1889-njy ýyllarda Türkmen atly-irregulýar diwiziýasynyň serkerdesi bolupdyr.

«T» harpy ýazylan pogonly donly, ýalpyldap duran guşaklaryna egri gylyç dakylan, eginleri berdanka tüpeňli, gözsüz batyr, öňünden çykan duşmany çapyp taşlaýan ýowuz söweşijileriň keşbine girýärler»[51].

Her esger diwiziýasynda 2 ýyl gulluk etmäge borçlanýar. Şondan soň ol öz islegi boýunça gullugyny dowam edip ýa-da gullukdan boşap bilýär.

Gelşikli atly esgerler hemişe köpleriň ünsüni çekýär. A.N.Kuropatkin heniz 1891-nji ýylda öz buýrugynda ykjam geýnüwli, türgen sypatly atly esgerler barada belläp geçýär. Olaryň käbirleri bolsa harby ordenlere mynasyp bolupdyrlar[52].



Gökdepe urşuna gatnaşyjy, Türkmen atly diwiziýasynyň atlysy Tölew Onbeg. XIX asyryň 90-njy ýyllary.

1909-njy ýylda D.N.Logofet türkmenleri atly diwiziýasyna gulluga almak tejribesine oňyn seslenme berýär: «Bu ajaýyp bedewlere atlanan oňat harby bölümdir». Atlylaryň gullugy hem edil biziň kazak goşunlarymyzdaky ýaly serkerdeler hem käwagtlar olaryň arasyndan bellenilýär... Umuman, türkmenler biziň atly goşunlarymyzy döretmäge laýyk gelýärler. Öz häsiýeti we asyrlaryň dowamynda kemala gelen dünýägaraýyşlary boýunça bu halk biziň goşunymyz üçin arzuwlanýan esgerlerdir»[53].

Patyşa goşunynyň poruçigi, türkmen H.Hajyýew 1929-njy ýylda şeýle ýazýar: «Bu diwiziona batyrlyga we edermenlige, gahrymançylykly wehimlere teşne, has takygy bolsa, harby sungaty öwrenmek isleýän adamlar gulluga girýärdiler. Olar öz ata-babalarynyň erkana durmuşyny dowam etmek isleýän hanlaryň, serdarlaryň, asylzada türkmenleriň ogullarydyr. Bu arzuw olara ene süýdi bilen



geçendir. Diwiziona girmek isleýänler örän köp. Emma hökümet olaryň hemmesini almak islemeýärdi, sebäbi esgerleriň talap edilýän sany dolupdy, ondan başga-da ýakynda basyp alnan Ahal ýaýlasynyň perzentlerini ýaraglandyrmak

Türkmen atly diwiziýasynyň atlysy.
XX asyryň başlary.

olar üçin hatarly bolup görünýärdi»[54].

1902-nji ýylda W.Ýanyň belleýşi ýaly, M.K.Marganiýa



Türkmen atly diwizionynyň atlylary türgenleşik mahalynda. Köşi obasy. XX asyryň başlary.

eýýäm podpolkownik derejesini alypdy. Ol uzyn boýly, syratly adamdy, gyşyna gara kawkaz lybasyny, tomsuna bolsa ak eşik geýipdir we onuň çerkes donunyň döşüni ok salmak üçin tikilen kümüş okdanlar bezeýän eken. Ol hemme kişi bilen deň derejede gatnaşyk saklapdyr. Dostlary bilen has hem mähirli we ýürekdeş bolupdyr. Marganiýanyň Ashabatdaky öýüne jigitler hemişe myhmançylyga gelýän ekenler. Atly ýigitleriň «Mergen aga» diýip atlandyrýan bu adamy at tohumyny gowy saýgarypdyr we ahalteke bedewlerine aýratyn sarpa goýupdyr. Ol ýazyjy W.Ýanyň Hywa, Owganystana, Eýrana jahankeşdelik etmegi üçin oňa Italmaz atly altynsow mele bedewi saýlap beripdir. Ýazyjynyň ýanyna atly ýigitleri goşupdyrlar. Olardan ýazyjy Hywa Gylyjy we Georgiý ordeniniň eýesi, urýadnik Şahnazar Garabekowy aýratyn agzap geçýär. Marganiýa — Mergen aga türkmen we pars dil-

lerinde arassa gürlemek bilen, ilçilik etmegem oňarypdyr. Şonuň üçin hem serhet ýakasyndaky Eýran şasynyň raýatlary bolan hanlar bilen gepleşik geçirmegi oňa tabşyrýan ekenler[55].

«Marganiýa — Mergen aga türkmen atly diwiziýalaryň birine serkerdelik edip, jigitleriň atlarynyň owadan, tohum bedewleri bolmagy barada aladalanýardy. Onuň diwiziýasy baýramçylyk ýörişlerinde aýratyn saýlanýardy hem-de serkerdeleriniň köpüsi türkmenlerdi» – diýip, W.Ýan ýazýar[56].

Şu ýerde ýerli ilatdan serkerdeleriň taýýarlanylyşy barada durup geçsek ýerlikli bolardy. Türkmenler Russiýa imperiýasynyň düzüminde bolmak bilen Ýewropa okuw meýilnamalary esasynda bilim alan serkerdeleri taýýarlamagyň möhümdigine düşünýärdiler. Mälim bolşy ýaly, şol döwürde harbylara ýokary derejede bilim berilýärdi. Patyşa goşunynyň serkerdesi diňe bir harby tälimi kämil derejede özleşdirmek bilen çäklenmän, jemgyýetiň iň oňat derejeleri esasynda terbiýe alan, hemmetaraplaýyn ösen adamdy. Aslynda, esger halk bolan türkmenler kadet korpuslaryna we serkerdelik mekdeplerine öz iň oňat wekillerini iberýärdiler. 1859-njy ýylda igdir türkmenleriniň kethudasy Mämmet Sopy Kulyýewiň öz ogluny Orenburgyň Neplýuýew adyndaky kadet korpusyna iberendigi mälimdir[57].

Şu meselede Çelekene (häzirki Hazar)[58] häkimlik eden ýomut hany Kyýatyň (1754–1843 ý.) maşgalasyny mysal getirip bolar. Onuň ogullary we agtyklary harby bilim alyp, patyşa goşunynda gulluk edipdirler. Onuň kiçi ogly Annamuhammet (Nikolaý) Garaşhan Ýomudskiý (1829–1886 ý.) has tapawutlanypdyr. Ol 1844-nji ýylda Kamenes-Podolskdaky ulan polkunyň serkerdeler mekdebine okuwa giripdir[59].

1848-nji ýylda Garaşhan serkerde derejesinde 12-nji Belgorod ulan polkunda gulluga durýar we ol ýerde 1878-nji ýylyň 10-njy fewralyna çenli gulluk edýär. Şol polkuň düzüminde ol Krym urşuna (1853–1856 ý.) we rus-türk urşuna (1877–1878 ý.) gatnaşýar. Şonda bu türkmen gerçegi edermenligiň ajaýyp nusgasyny görkezip, Georgiý hajyna mynasyp bolýar. Onuň gahrymançylygy «Şipkanyň gahrymany» atly eserde



Türkmen atly diwiziýasynyň 3-nji wzwody. XX asyryň birinji onýyllygy.

(Kamens-Podolsk şäheriniň muzeýinde) we harby suratkeş Kowalewskiniň «Polkownik Ýomudskiniň edermenligi» (Sankt-Peterburgyň Ermitažynda) diýen eserinde beýan edilýär. 1878-nji ýylda Watana gaýdyp gelensoň, Ýomudskiý Zakaspi bölüminde (Krasnawodsk, häzirki Türkmenbaşy şäheri) hökümet emeldary wezipesinde işleýär. 1879-njy ýylyň 11-nji aprelinde ol türkmenler üçin rus, arap, pars dilleri öwredilýän harby okuw mekdebini açmak baradaky teklip bilen harby ministre hat ýollaýar[60].

Garaşhanyň ogullarynyň üçüsi hem harby bilim alýarlar. Iwan Ýomudskiý soňra Birinji Jahan urşunda Lwowyň eteginde wepat bolýar. Nazar Sankt-Peterburgyň Çeperçilik akademiýasyna okuwa girip, W.Serfow, M.Wrubel, I.Repin we beýlekiler ýaly meşhur



suratkeşler bilen dostlaşýar. Ol Ashabada hem gelip görýär we «Türkmen atly otrýady çapyşyklarda» diýen suraty çekýär. Nikolaý Ýomudskiý (1868–1928) Pskowyň kadet korpusynda okaýar we Merwde 1-nji atyjylyk batalionynda, soňra Togtamyş bölüminde (Merw uýezdi) we Durun bölüminde (Ashabad uýezdi) pristaw wezipelerinde gulluk edýär. Ol 1910-njy ýylda podpolkownik derejesinde otstawka çykýar[61].

Nikolaý Merwde gulluk edýärkä Bolgariýadan gelen emigrant Georgiý Wazow bilen tanyşýar. Ol Türkmenistanda 10 ýyl işläp, demir ýol çekmek işlerine gatnaşýar. 1910-njy ýylda Guşgy şäheriniň köçeleriniň birine Wazowyň ady hem dakylýar. G.Wazowyň ýatlamalaryna görä, Nikolaý Ýomudskiý poruçik çininde derejesinde Merwiň wagtlaýyn milisiýasynyň bir bölümine ýolbaşçylyk edýär. Ol XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Wazowa türk gylyjyny we çakmakly sapançany sowgat berýär. Soňra G.Wazow Bolgariýa gaýdyp barýar we 1897-nji ýylda general derejesine ýetip, 1913-nji ýylda bu ýurduň harby ministri wezipesini eýeleýär. Ýomudskiniň sowgatlary generalyň mirasdüşerleriniň maşgalalarynda häzire çenli aýawly saklanylýar[62].

Durunda pristaw wezipesinde gulluk edýän döwri N. Ýomudskiý oglanlaryň kadet korpuslaryna okuwa iberilmegine işjeň hemaýat edýär (şol wagtlarda Orenburgyň kadet korpusynda türkmenler üçin her ýyl 2 okuwçy orny bölünip berilýän eken). Pristaw Bamy obasynyň arçynynyň ogly Hojageldi Hojamyradowy (1889–1937 ý.)

Köşüdäki diwiziýasynyň ýanyndaky ýerli rus mekdebini gutaransoň, 1901-nji ýylda Orenburgyň korpusyna okuwa iberýär (ol ony 1908-nji ýylda tamamlaýar). Soňra bolsa Hojageldi Moskwanyň pyýada goşunlar okuw mekdebini tamamlaýar we Zakaspi oblastyna gelip, Türküstan atyjylyk brigadasynda gulluk edýär. Heniz korpusda okaýan wagty ol L. N. Tolstoýyň «Hajymyrat» atly eserini ürç edip okaýan eken. Bu türkmen ýigidi aýratyn zehini we batyrlygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçinem oňa Hajymyrat diýip ýüzlenip başlapdyrlar, soňra ol at onuň hakyky adyna öwrülipdir[63].

Merw uýezdinden Annamyrat Gurbanow, Bapby we Kakajan Berdiýewler, Sylap Serdarow (geljekde teke polkunyň serkerdesi) hem Orenburgyň kadet korpusynda okapdyrlar. K.Berdiýew ilki Tejeniň ýerli rus mekdebini tamamlap, kadet korpusyna okuwa girýär. Kiýewde, Samarkantda gimnaziýada okaýar, 1910-njy ýylda bolsa ýene-de N.Ýomudskiniň goldaw bermeginde Sankt-Peterburg uniwersitetiniň hukuk bölümine okuw girýär[64].

Oglanlaryň köpüsi diwiziýanyň ýanyndaky ýerli rus mekdebini tamamlap, bu harby bölümde gullukda galýardylar. Teke atly polkunyň geljekki serkerdesi Goçguly Nepesow (1893–1925 ý.) bu mekdebi tamamlap, Daşkendiň seminariýasynda okaýar we soňra Merwde mugallymçylyk edýär. Georgiý ordeniniň doly eýesi Daňatar Artykow şol mekdebi tamamlap, Daşkendiň sapýor batalýonynyň ýanyndaky kurslarda okaýar. Sarahs pristawynyň kömekçisi Meňli hanyň (iri mülkdar) ogly Baba han şol mekdepde okandan soň, diwizionda gulluk etmäge galýar hem-de polk dargadylýança gulluk edip, Georgiý ordeniniň doly eýesi derejesine ýetýär[65].

Ahalyň belli hanlarynyň ogullary Gul Batyr, Öwezguly serdar, Maşryk Hoja, Annaberdi Myrat Şyhow, Täçmämmet han, Garry han, Myradaly han Adyhanow, Gurbanguly han Gulnyýazow, Kişşik han Kazyýew, Allaberdi han Myradow, Nyýazmyrat han Öwezbaýew (şol bir wagtda diwiziýanyň ymamy) we beýlekiler şol diwiziýada gulluk edýärler.

Nyýazmyrat hanyň inisi hem-de Gökdepe galasyny go-



Türkmen delegasiýasynyň wekilleri Sankt-Peterburgda. 1912-nji ýyl. Türkmen atly diwizionynyň serkerdeleri – sagdan ikinji (oturan) Seýitmyrat Öwezbaýew we çepden birinji (dik duran) Kişşik Kazyýew, çepden ikinji (dik duran) Gelen Täçmyradow.

raýjylaryň biri Öwez Gökleň Nurberdiniň ogly Seýitmyrat Öwezbaýew hem Türkmen atly-irregulýar diwizionynda uly abraýdan peýdalanýar[66].

Ol 1889-njy ýylyň 10-njy maýynda Yzgant obasynda dogulýar. 1899-njy ýylda diwiziýanyň ýanyndaky mekdebi tamamlandan soň, general A. N. Kuropatkiniň ýardam bermeginde Orenburgyň kadet korpusyna okuwa iberilýär. 1906-njy ýylda ony tamamlap, Ýelizawetgradyň harby okuw mekdebine girýär. Ol 1909-njy ýylda kiçi serkerde derejesinde Stawropol polkunda gulluga başlaýar. 1911-nji ýylda Seýitmyrat başga-da birnäçe esger bilen birlikde Eýran bilen serhetýaka çäklere gulluk iş saparyna ugradylýar. 1912-nji ýylda Romanowlaryň maşgalasynyň patyşalygynyň 300 ýyllygy mynasybetli Sankt-Peterburga baran wekiliýetiň düzüminde iň belli Ahal hanlarynyň arasynda

Seýitmyrat Öwezbaýew bilen Hajymyradyň hem bolmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

1911-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Türkmen atly-regulýar diwiziýasynyň ady üýtgedilip, Türkmen atly diwiziýasy diýlip atlandyrylýar. Bu örän düzgüntertipli harby düzümdi. Jigitler oňat baş öwredilen arassa ganly ahalteke bedewlerine atlanýardylar. G. Atabaýewiň belleýşi ýaly, atly esgerler, ortaça 15-20 ýyllap (onuň esasy düzümi) gulluk edipdirler. Esgerler mawy reňkli jalbarly, ýakasy dik sary penjekli, gyrmyzy ýüpek guşakly lybasda: altyn, kümüş we gymmatbaha daşlar bilen bezelen gylyçly bolup, görseň, gözüň dokunýar eken[68].

Olaryň gylyçlarynyň gynlary hem altyn-kümüş bilen bezelen bolupdyr, kelleleri bolsa ak we gara uly silkme telpekli, gyrmyzy donlarynyň eginlerinde pogonlary lowurdar durar eken.

Teke atly polkunyň gysgaça başlangyç taryhy şeýledir. Diwizion adaty durmuşda ýaşapdyr. Okuw türgenleşikleri geçirilipdir, serkerdeler esgerler bilen bilelikde serhet ýakalaryna ýörişler gurapdyrlar. Ýöne indi adamzadyň taryhynda iň aýylganç gandöküşikli, birnäçe million ynsanyň ömür tanapyny üzen uruşlaryň ikisiniň biri – Birinji jahan urşunyň ýaňy eşidilýärdi.

# II. TEKE ATLY POLKY BIRINJI JAHAN URŞUNYŇ SÖWEŞLERINDE

1914-nji ýylda Ýewropa siwilizasiýasynyň syýasy-ykdysady we durmuş çökgünligi başdan geçirmegi dünýä möçberindäki urşa alyp bardy. Awstriýa, Wengriýa we Serbiýa — birek-biregi harby herekete başlamaga küşgüriji syýasy öjükdirmelerden soň, 1914-nji ýylyň 15-nji iýulynda öz aralarynda uruş yglan etdiler. Russiýa Serbiýa bilen baglaşylan şertnama ygrarly bolmak bilen, 18-nji iýulda ählumumy harby gulluga çagyrylyşy ýaýbaňlandyrdy. Germaniýa Awstriýanyň goragynda durup, 19-njy iýulda Russiýa garşy, 22–23-nji iýulda bolsa, Angliýa hem-de Fransiýa garşy uruş yglan etdi. Russiýa bolsa yzysüre Awstriýa we Wengriýa garşy uruş yglan etdi. Bu uruş turuwbaşdan umumyýewropa häsiýete eýe bolup, 1,5 milliard ilaty bolan 38 ýurdy gurşap aldy[69].

Türkmenistan bu wakalardan juda alysda bolsa-da, ondan çetde galyp bilmedi. Watanymyzyň gerdenine ol uruş agyr labyryny atdy. Nebitiň çykarylyşy 10 esse azaldy, duzuň, kömrüň, kükürdiň öndürilişi örän pese gaçdy. Ownuk senetçiligiň hem käbir pudaklary togtady. Urşuň ilkinji iki ýylynda Zakaspi oblastynyň Ashabat we Merw uýezdleriniň ilatyndan 6872 sany at, 12805 sany düýe, 299 araba, 32528 telpek, 1659 gara öý, şeýle hem 1 million 187 müň 627 rubl nagt pul uruş üçin ýygnaldy. 1916-njy ýyl bugdaýyň bahasy 300-400 göterim, pagtanyň nyrhy bolsa 50 göterim gymmatlady[70].

Urşuň ilkinji günlerinden patyşa hökümetiniň Zakaspi oblastynyň häkimleri Köşi obasyndaky türkmen atly diwizionynyň binýadynda, meýletinlik esasda doly bahaly polky düzmäge girişdiler. Birinji jahan urşy başlanandan 10 gün geçenden soňra, 1914-nji ýylyň 29-njy iýulynda resmi taýdan türkmen atly polky döredildi. Polk diňe türkmenleriň serkerdeleriniň hasabyna döredilýärdi. Muny imperator Nikolaý II (1868–1917 ý. patyşalyk eden döwri) ýörite belleýär.



Türkmen atly diwiziýasynyň atlysy.
1914-nji ýyldan öňki surat, Köşi obasy

Türküstanyň general-gubernatorynyň buýrugynda şeýle diýilýär:

«...1914-nji ýylyň 25-nji noýabrynda 1287 belgili habar boýunça harby ministriň onuň alyhezretine eden hasabatynda TAP (Türkmen atly polky – Ö.G.) döredilende, Merw, Tejen we Ashabat uýezdleriniň türkmenleri ajaýyp teke atlaryny, atlylar üçin esbaplary, 60 müň rubl berdiler.

Bu bolsa täze döredilen harby düzüme egin-eşik babatynda hem, esgerler bilen üpjünçiliginde hem ýokary derejede bolmaga mümkinçilik berdi. Şol hasabatda onuň Alyhezreti, Belent Hökümdar imperatorymyz «Türkmenlere tüýs ýürekden minnetdardyryn» diýip, öz eli bilen ýazgy galdyrdy. Ýokarda agzalan türkmenleri patyşanyň hut özüniň aýratyn ünsüne mynasyp bolandyklary bilen gutlamaga şatdyryn. Zakaspi oblastynyň başlygyna onuň alyhezretiniň türkmenlere minnetdarlyk bildirip, ýazgy galdyran harby ministriň 1914--nji ýylyň 26-njy noýabryndaky telegrammasyny oblastyň başlygynyň kabulhanasynyň arhiwinde ömürlik saklap galmak barada görkezme bermegini teklip edýärin»[71].

1914-nji ýylyň awgust aýynyň aýagynda Türkmen atly polky fronta bardy. Türkmenleri tyly goramakda peýdalanmak baradaky käbir tekliplere garamazdan, (general M.W.Alekseýew we başgalar) rus goşunlarynyň ýokary baş serkerdebaşysy, imperatoryň doganoglany, Beýik knýaz Nikolaý Nikolaýewiç Romanow (1914-nji ýylyň 18-nji iýulyndan 1915-nji ýylyň 23-nji awgustyna çenli, soňra bu wezipäni patyşa Nikolaý II öz üstüne aldy)

türkmenleriň gönüden--göni söweşlere gatnaşmagyny buýurdy. Türkmen atly polky Awstriýa goşunlaryna garşy duran Günorta--Günbatar frontuň 1-nji goşunynyň 1-nji Türküstan korpusynyň düzümine goşuldy.

1914-nji ýylyň sentýabr aýynyň ahyrynda we oktýabryň başynda Türkmen atly polky (4 eskadron) we 5-nji Sibir kazak polky (üç ýüz adam) bilen bilelikde, «tekeleriň» serkerdesi polkownik Drozdowskiniň umumy baştutanlygynda atly korpus düzümini emele getirdi. Onuň öňünde korpusyň öň hatarynda hereket edip, Horžele-Kuklin frontunda aňtaw geçirmek wezipesi goýuldy[72]. Şol wagtlar Günorta-Günbatar frontuň goşunlary Galisiýadaky aldym-berdimli söweşlerde Awstriýa-Wengriýa goşun bölümlerini San derýasynyň aňyrsyna çenli kowup, onuň ol ýerdäki goşunynyň ýarysyny diýen ýaly ýok etdiler we soňra öz güýçlerini Warşawa — Berlin ugruna jemlediler. Türkmen



Imperator Nikolaý II we onuň doganoglany Beýik knýaz, goşunlaryň serkerdebaşysy Nikolaý Nikolaýewiç Romanow, 1915-nji ýyl.

atly polky oktýabryň başynda Warşawanyň eteklerinde hereket edýärdi; polkuň Stupka, Stružalkowa, Konopki, Grudusk, Prasnyş, Lapenta, Grabowa, Stunsk, Rastkowo, Toki, Pehy, Starowes, Konçinek, Gosp. Dwor, Lipa, Şulmerus,

Trusiýanka, Regimin Lekowo, Pnewo, Rožan, Peržanowo, Gruşki, Wulku, Lewiçin, Krempha Kençewo, Nowowes, Nehlonin ýaly ilatly ýerlerde hereket edendigi barada söweş maglumatlarynda aýdylýar[73]. Ilatly ýerleriň bu doly bolmadyk sanawy oktýabryň ilkinji iki hepdesinde polkuň düzümleriniň okgunly hereket edendigini mese-mälim görkezýär. Atlylar korpusynyň geljek ugrunda işjeň aňtaw işlerini geçirip, käbir diwiziýalaryň, polklaryň ştablaryň arasynda aragatnaşyk saklamagy ýola goýýardylar, geçiljek ýollary goraýardylar. Şeýle-de bolsa rus bölümleri bilen bilelikde hereket edilende jigitleriň özlerini nähili alyp barjakdyklary polkuň serkerdesini biynjalyk edýärdi. Mysal üçin, polkownik Drozdowskiý 1914-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda 15-nji atly diwiziýanyň 2-nji brigadasynyň serkerdesine ýazan hatynda şeýle diýýär:

«Türkmen atly polkunyň rus goşun bölümleri bilen ilkinji gezek bilelikde söweşlere gatnaşýandyklary sebäpli men Siziň Alyhezretiňiziň görkezmelerine mätäçdirin»[74].

Şondan 4 hepde soň, ol korpusyň ştab naçalniginiň üsti bilen 1-nji Türküstan korpusynyň serkerdesine şu sözleri ýetirmegi haýyş edýär: «Türkmenler Siziň alyhezretiňiziň baştutanlygynda 1-nji Türküstan goşun korpusynyň düzüminde ilkinji gezek söweşlere gatnaşyp, serkerdeleriň ynamyny ödemek, şöhratly Russiýa goşunynyň hatarynda hormatly orun eýelemek hukugyny goramak üçin güýç-gaýratlaryny hem-de janlaryny aýamazlar». Emma ol biynjalyklyk esassyzdy. Türkmenler özleri üçin ýat bolan howa we beýleki şertlere tiz öwrenişipdiler[75].

Türkmen atly esgerleri ilkinji gezek 1914-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Awstriýanyň Gruşki diýen obasynyň ýanyndaky derýajykdan geçilýän ýerde bolan aýgytly söweşe gatnaşdylar. Türkmen atly polky polkownik Weýtliň otrýadyna goldaw bermelidiler. Polkuň atyjylyk bölümleri derýajykdan geçilýän batgalyk ýerlerden uly kynçylyk bilen aşyp, ol kenardaky Grothen we Zwerines obalarynyň ýanynda saklandylar.

Emma nemesler Soldaudan iki otly bilen pyýada goşuny, meýdan we uzaga atýan toplary getirdiler. Weýl yza çekilmek barada buýruk bermeli boldy.



Kornet Hydyr Ýomudskiý.

Atly bölümleri söweşe girizmek mümkinçiligi bolmansoň, polkownik Drozdowskiý yza çekilinýän ýollarda kiçeňräk atly toparlary goýup, geçelgeleri goramak hem-de goşunlaryň ýerleşiş ýagdaýlaryna gözegçilik etmek barada buýruk berdi. Günorta ýakyn atly toparlaryň biri Dlutowo obasynyň töweregindе duşmany görendigi baradaky habary iberdi.

Duşmanyň 1-nji Türküstan korpusynyň tyl tarapyndan hüjüm etmeginiň öňüni almak maksady bilen, Dlutow atly eskadronlarynyň 2-si ugradyldy. Olar gelip ýetişmänkä nemesler özleriniň bir eskadrony we atyjylyk rotasy bilen Dlutowany taşlap, Niske obasyna yza çekildiler. «Podpolkownik Çernow 4-nji eskadrona duşmanyň yzyndan kowmagy buýurdy. Niske obasynyň ýanynda eskadronyň serkerdesi ştabrotmistr Truşkowskiý atlylary söweşe saldy. Emma duşman bukalgadan yzy üzülmeýän ok ýagdyryp başlady. Türkmenler bilen bile söweşe barýan atly kazak topary hüjüm etmekden boýun gaçyrdy, emma jigitler şeýle okgunly hüjüm etdiler welin, nemesler aýgytly urgy etmäge ýetişmediler. Şol söweşde hiç hili ýitgi bolmady[76].

Polkownik Drozdowskiniň 1914-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda korpusyň ştab naçalnigine iberen telegrammasyndan görnüşi ýaly, Türkmen atly polkunda şol wagtlar 627 atly esger, 2 ştab serkerdesi we 15 ober-serkerde bardy[77].

1914-nji ýylyň noýabrynda, heniz rus-ýapon urşunda meşhurlyk gazanan habarçy F. Kupçinskiý «Petrogradskiý kurýer» gazetinde şeýle ýazýar:

«Soldauwyň eteginde, german topragynda bolan söweşde ilkinji gezek biziň goşunymyzyň

türkmenlerden düzülen atly toparlaryny gördüm. Olar uly telpekli, pogonlary geň görünýän gyrmyzy donly, gollary reforma döwründen hem öňki wagtlar ulanylýan egri gylyçly, göräýmäge, ýabany gadymy mongol esgerlerini ýatladýardylar we sypatlary syratly, garaýagyz, örän ajaýyp bedewlere atlanan, ýiti reňkli ýüpek bilen nagyşlanan tegelek eýerlikli eýerlerde ykjam oturyp, çalasynlyk bilen söweşýärdiler...

Olar peýda bolanda hemmeler haýran galyp synlaýardylar. Olar bozulmaýan gyradeň hatar bilen däl-de, «dostlar», egindeşler kimin diňe özleriniň at bilen, gylyç bilen çapmak, ýyldyrym çaltlygynda duşmanyň üstüni basmak, aňtaw geçirmek ýaly öz tärlerini ulanýardylar.

Olaryň at sürüleriniň suwa ýakylyşyny gördüm. Bu örän ýabany sugun sürüsini ýatladýardy. Gujurly, kuwwatly, ýel ýaly ýyndam atlar jylawsyz, daňysyz, owsarlanmadyk bolup, eýläk-beýläk at salýardylar. Atlylaryň özleri bolsa, ot başynda aýbogdaşlaryny gurup otyrdylar. Olar az iýýärler, goşunda berilýän aşy we çöregi halamaýarlar. Bedewe atlananlarynda täsin çalasynlyk bilen donlarynyň etegini ýygnaýarlar we öňdäki atlynyň haýbatly sesi bilen herekete gelýärler. Olar atlary ýorgalap ýöretmegi halamaýarlar, diňe öňürdikledip, çapdyryp ýa-da kiçijek, deňeçer ädimler bilen gidýärler, eýere ýelmeşen ýaly oturýarlar. Olar at üstünde şeýle ussatlyk bilen oturýarlar welin, hemmeler bu görnüşden lezzet alýarlar... Olar barada «Ýabany bolsalaram, ata erk edişlerine garaň» diýýärler. Türkmenler ýerli ilatdan her hili harytlary satyn almagy halaýarlar we olar bilen köpügine çenli hasaplaşýarlar. Olar öz ýanlary bilen ätiýaçlyk atlary, halydan guralýan öýleri getiripdirler, keýpleri kök, şähtleri açyk, urşa däl-de, hamala toýa gelen ýaly. Olar indi birinji gezek söweşe gatnaşmaýarlar. At üstünde uzak wagtlap gezýärler, munuň üçin aňtaw işlerini geçirip, ony hemişelik atly goşundan kem ýerine ýetirmeýärler. Mahal-mahal atlaryny goýup, aňtawa pyýada hem gidýärler we duşmanyň has jümmüşine aralaşyp, örän gymmatly maglumatlary getirýärler»[78].

Tutuş Awstriýa-Wengriýa rus frontuna Aziýanyň alys mekanlaryndan gaýduwsyz atlylaryň gelendigi barada gürrüň ýaýrady[79].

1914-nji ýylyň 17-nji noýabrynda polkownik Drozdowskiniň adyna şeýle mazmundaky harby maglumat gelip gowuşdy: «Hut şu mahal Türküstan korpusynyň 7-nji atly polkunda duşman unter-ofiserinden sorag edildi. Ol Kostelnodan dolanyp gelýärkä, biziň çykyp gaýdan we soňra nemesleriň eýelän Duplise-Duže obasyna barypdyr. Ol tokaý eteklerine, köpriniň töwereklerine aýlanyp görüpdir. Siziň türkmenleriňiz duşmany bilen şeýle bir gazaply söweşipdirler welin, ýerler duşman jesetlerinden doly. Soň, biz zordan gaçyp gutuldyk — diýip unter-ofiser boýun alýar». Bu ýerde gürrüň 1914-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Duplise-Duženiň eteginde bolup geçen belli söweş baradadyr. Bu barada 1914-nji ýylyň 23-nji noýabrynda harby habarçy W. Ş. Nemirowiç Dançenko «Russkoýe slowo» gazetinde ýazýar[80].



Türkmen atly polkunyň jigitleri Maşat Mämmet Sähet (çepde) we Jeň Pälwan Durdy

«Lowiçiň ýanyndaky söweşden öňinçä 16-njy noýabrda duşmanlar Osmolin Žihlinden gelip, Kernowada jemlendiler we ümürli howada bize tarap ýöneldiler. Şeýlelikde, nemesler Duplisä çenli duýdansyz gelmegi başardylar». Bu ýöriş ümür salgymynyň aralygynda orta aziýaly atly bölümleriň biri

tarapyndan görlüpdir. Olaryň çakdanaşa edermenligi barada M.D.Skobelew hem ýazypdy. Şu uruşda bu atlylar okgunly hem çäksiz batyrgaýlygy bilen şeýle zarba garaşmadyk germanlary aljyraňňylyga saldylar. German goşunlarynyň baş ştabynyň ofiseriniň biri şeýle diýipdir: «Ruslarda ynsan güýçleriniň çäklerinden daşgary edermenlige ukyply «jynlaryň» bardygyny kim bilsin. Dälilige kybapdaş şeýle batyrlygy göz öňüne getiribem bolmaýardy. Muňa akyl ýetirer ýaly däl».

Bu täsin atlylaryň synmaz gujur-gaýraty ilki bilen Teke we Merw ýaýlalarynda ýüze çykypdy. Olar bu ýerde hem duşmanyň pygylyny aňyp, pyýada goşunynyň üstüne hüjüme geçdiler. «Atlylaryň hatar gurap görkezen, guduzlan ýaly hüjümlerini diňe bu şahyrana esgerler başarýarlar. Olaryň aljyraňňylyga düşen, san taýdan has artykmaç bolan nemesleriň üstüne hüjümini beýan etmegem mümkin däl» diýip, bize habar berýärler.

Bu söweşiň her pursady üýtgeşikdi. Olar gykylyklap, naýzaly hatarlaryň jümmüşine aralaşýardylar, adamlaryň üstünden atlaryny bökdürip, olaryň yzlaryndan ýetip çapýardylar. Atly esgerler german pyýada goşunyny yza serpikdirmek bilen çäklenmän, öz geçen ýollaryny duşman jesetlerinden doldurýardylar. Söweş meýdany ajal meýdanyna öwrüldi we gylyçdan geçirilen nemesleriň jesetlerine degmän, ädim ädip bolmaýardy.

Biziň aziýaly edermenlerimiziň urgulary aýylganç hem ýyldyrym çaltlygynda bolup geçdi. Bu hüjümden goranmak üçin bir ýere jemlenen duşmanlaryň hiç biri aman galmady. Hazar deňziniň aňyrsyndan baran biziň atlylarymyzyň çöllüklerde we sähralyklarda nähili söweş mümkinçilikleriniň bardygyny bu uruş ýene bir gezek görkezdi. Biz ol ýerden Jahan urşuna ýene-de iň bolmanda 250000 atlyny, M.D.Skobelewiň aýdyşy ýaly, «Ýer ýüzündäki ilkinji atly goşuny» iberip bilerdik. Olaryň harby tärlerine taý geljek zat ýokdur»[81].

Polkuň atly jigitleriniň birinden 1914-nji ýylyň dekabrynda Ashabada gelip gowşan hatynda, megerem, Duplise-Duženiň eteginde bolup geçen söweş barada aýdylýandyr:

«Hudaýa şükür türkmenler ysnat getirmediler, özleriniň kimdiklerini görkezdiler. Biz 15-inden 16-njy noýabra geçilýän gije ýagynyň pyýada goşu-



34

Кому Н-ку Штаба 1-го Туркест. Армейск. корп.

1914 26 дня октября месяца 7 час. 50 мин. вечера

№ 112 Мѣсто отпр. г. Млава

Во вверенном мне полку сего числа состоит 626 сабель и 17 офицеров

Полковник Дроздов.

Türkmen atly polkunyň serkerdesi N.Drozdowskiniň 1-nji Türkistan goşun korpusynyň naçalniginiň adyna iberen habary 26.10.1914 ý. Russiýanyň döwlet harby-taryhy arhiwi. 3639 belgili gazna.

nynyň üstüne hüjüm etdik, şol hüjüm bilen olary 5 sagat egledik. Şonuň netijesinde arabalarymyzyň ählisi garaw görmän gitdiler. Eskadron şol gije 5 pulemýoty, 1 ýaşşik oky, 5 ýabyny olja aldy. Ýerli ilatyň aýtmagyna görä, olar uly ýitgi çekipdirler»[82].

Uruş ýitgisiz bolmaýar. 1915--nji ýylyň fewral aýynda Ashabada ýaralanan atly jigitleriň 4-si getirildi. Olar Duplise-Duženiň eteginde ýaralanyp, uzak wagtyň dowamynda Petrogradyň harbylar üçin niýetlenen keselhanalarynyň birinde saglygyny dikeltdiler. Şol ýerden hem 6 aýlyk möhlet bilen öýlerine rugsada goýberildiler[83].

Türkmen esgerleriniň gahrymançylygy barada eşiden Russiýanyň şa zenany Aleksandra Fýodorowna olara zerur bolan ähli lukmançylyk serişdelerini ibermegi tabşyrýar. Bu barada polkuň serkerdesi şeýle habar berýär: «Merhemetli graf Ros-

towsowa, 1914 ý., 21-nji noýabr. Irden 9 sagat 30 minut. №222 Lowiçden. Meniň garamagymdaky polka ikinji otly bilen Belent Mertebeli şa zenany Aleksandra Fýodorowna adyndaky gaznadan lukmançylyk we sargy serişdeleri gelip gowuşdy. Ol serişdeler Lowiç şäheriniň töwereginde bolan söweş mahaly alyndy. Türkmen polky üçin şeýle belent derejeli sahawatly aladasyna men türkmen jigitleriniň adyndan belent mertebeli şa zenanyna çäksiz hoşallygymy ýetirmegiňizi haýyş edýärin.

Aldym-berdimli söweş meýdanynda Patyşa üçin we mukaddes Watan üçin janyny gurban etmäge taýýar tutuş polkuň esgerleri belent mertebeli şa zenanynyň huzuryna tagzym etseler, özlerini çäksiz bagtly saýarlar. Türkmen atly polkunyň serkerdesi polkownik Drozdowskiý»[84].

Polkuň uly serkerdeleriniň köpüsiniň ruslardan bolmagyna garamazdan, olar öz jigitleri bilen örän gowy gatnaşykda bolupdyrlar. Mysal üçin, 1914--nji ýylyň 13-nji dekabrynda polkownik Drozdowskiý ştab--rotmistr Ergardta şeýle mazmunly hat ýollaýar: Peterburgdan, siziň eskadronyňyzyň 1-nji wzwodynyň atlysy Mommy Allaberdiden tolgundyryjy hat aldym. Ol aýyn 15-inde bolan söweşde 6 ýerinden agyr ýaralanypdyr. Ol Sarskoýe Selodaky gospitalda ýatyr»[85]. Söweşleriň birinde Mommy agyr ýaralanýar, köp wagtlap Petrograd keselhanasynda özüni bejerdenden soň, ol Ashabada ugradylýar. Polk komandiri öz hatynda şeýle ýazýar: «Mommy Allaberdi. Men, polkownik Drozdowskiý, gerçek, gullugyň üçin men saňa minnetdarlyk bildirýärin. Polka dolanyp gelmegiň üçin, goý, Taňry seniň ýaralaryň tizräk gutulmagyna kömek etsin! Bu ýerde saňa garaşýarlar we Hudaýyň seni aman-esen saklany üçin begenýärler... Polka geleňde, Georgiý hajyny alarsyň. Men hökman Mommy Allaberdi gerçek ýigit diýip Ashabada hat ýazaryn. Hemmeler Mommy Allaberdini hormatlarlar. Polkda hemme zat ýerbe-ýer. Tizräk aýak üstüne gal, Hudaý saňa kömek eder we özüňe näme gerek bolsa, ýaz, näme diýseň ibererin. Öz komandiriň Drozdowskiý»[86].

Emma Mommyny gulluk etmäge ýarawsyz diýip hasaplap, oňa Georgiý hajy ordenini ýaşaýan ýerinde gowşurýarlar.

Şeýlelikde, 1914-nji ýylyň güýzünde Türkmen atly polky 1-nji Türküstan goşun korpusynyň düzüminde gan dökü-

şikli söweşlere gatnaşýar. Netijede, rus goşunlary Polşada 1-nji Awstriýa goşunyny derbi-dagyn etdiler we 9-njy nemes goşunyny gabadylar. Her gün diýen ýaly Ashabada uruşdan gelip gowuşýan hatlardan ýaralanan türkmen jigitleriniň Petrogradyň iň oňat keselhanalarynyň birinde saglygyny bejerdýändikleri barada maglumat alyp bolýar. Türkmen esgerleri özlerine örän oňat seredilýändigi barada guwanç bilen ýazýarlar. Keselhananyň ähli işgärleri ýaralanan esgerlere duýgudaşlyk bilen garap, olaryň ähli haýyşlaryny çyn ýürekden berjaý edýärler[87].

Atly jigitleriň watanynda olaryň maşgalalary barada ýerli uýezd komitetleri alada edipdirler. Has ýiti mätäçlik çekýänlere haýyr-sahawat gaznalaryndan kömek pullary berlipdir. Esgerleriň maşgalalarynyň hemmesine döwlet tarapyndan ýangyç üçin mugt odun berlipdir. Mundan başga-da, söweş hatarlarynda gulluk edýän jigitler öz aýlyklaryndan 50, 60 rubl möçberinde öýlerine pul iberýän ekenler. Şol döwürleriň nyrhlaryny hasaba alanyňda, bular az-owlak pul däldir[88].

Jigitleriň garyndaşlary mümkinçilik bolan halatynda fronta sowgatlary iberipdirler. Olar, esasan hem, esgerlere gök çaý ugradypdyrlar[89]. Zakaspi oblastynyň ähli ilaty esgerler hakynda alada edipdirler. Türkmen polkuna at satyn almak üçin ashabatlylar 400 rub., Gökdepe obasynyň ýaşaýjylary – 50 rubl, gypjaklylar – 75 rub., gökjeliler – 75 rubl büzmeýinliler – 63 rubl 79 köpük we ş.m. iberipdirler[90].

Bu işlerde, esasan hem, Ashabat zenanlar komiteti tapawutlanypdyr. Onuň başlygy Z.W.Kalmakowanyň ýolbaşçylygynda fronta yzygiderli posylkalar — sowgatlar iberilip durlupdyr. Zenanlar komitetiniň adyna Türkmen atly polkunyň komandirleri polkownik Drozdowskiý we polkownik Nikolaý fon-Kýugelgen tarapyndan minnetdarlyk hatlary gelipdir. Ine, 1916-njy ýylyň fewralynda gelen hatlaryň biri:

«Türkmen atly polky komitete kornet (patyşa kawaleriýa goşunlaryndaky çinleriň biri – Ö.G.) Podduýewiň üsti bilen iberen iki gapyrjakdan ybarat bolan gymmat bahaly sowgatlary üçin minnetdarlyk bildirýär. Sowgatlar iki put ýigirimi bäş funt gök çaýdan we iki put ýerli usulda taýýarlanan gantdan (nabat — Ö.G.) ybarat».[91]

Posylkalar — sowgatlar fronta



«Wagşy» (Dikiý) diwiziýasynyň serkerdesi,
Nikolaý II-niň dogany
Beýik knýaz Mihail Aleksandrowiç.

yzy üzülmän iberilipdir. Munuň özi ýerli halkyň frontda söweşýän öz perzentleri barada aýratyn alada edendiklerini görkezýär. Haýsy goşun bölümi Türkmen polkunyňky ýaly şeýle yhlas hem-de alada bilen gurşaldyka? Eger bu barada jedelleşip bolýan bolsa-da, beýleki bir ýagdaý güman etmäge ýer goýmaýar. Hiç kim türkmenler ýaly öz wekillerini fronta iberen däl bolsalar gerek. 1915-nji ýylyň maýynda Türkmen atly polkunyň ýerleşýän ýerine sowgat-salam bilen Gökdepe obasynyň arçyny Molla Çepbe Gandymow bilen ýerli uýezd uprawleniýesiniň dilmajy Hangeldi Wepadarhanow ugraýarlar. Olaryň ýanynda polkownik Karpinskiý hem bolupdyr. Russiýanyň şäherlerinde gyrmyzy donly, ak telpekli türkmenleriň peýda bolmagy (has hem Kiýew bilen Samarada) köçelerde bilesigelijileriň uly mähellesini ýygnapdyr. Kiýewiň köçeleriniň biri bilen ýöräp barýan milli eginbaşly, döşleri medally-ordenli türkmen jigitlerini käbir ýerli adamlar ýesir düşen türk paşasy (generaly) bolmaly diýip çaklapdyrlar. Maý aýynyň ahyrlarynda gidenler sag-aman Watana dolanyp gelipdirler.[92]

1915-nji ýylda Gündogar Prussiýada söweşýän esger Hydyrguly Ýusup oglundan hat gelipdir. Ol türkmen jigitleriniň batyrlygy, nemesler bilen bolan söweşler barada öz hossarlaryna guwanç bilen ýazypdyr. Ol barada Hydyrguly goşgy hem ýazypdyr:[93]

Türkmenleri oýan-buýan sürdüler,
Türkmenleriň gaýratyny gördüler,
Ahyrynda bir aý rugsat berdiler,
Ýene sizi görmek barmy, ýaranlar?

Yzymyzdan geldi çaý bilen nabat,
Hemme türkmenlermiz sagdyr salamat,
Nemis duşmanlaryny otladyk bir wagt,
Ýene sizi görmek barmy, ýaranlar?

Duşmanlarmyz üstümize geldiler,
Biziňkiler «Alla» diýip eňdiler,
Bäş-on top, otuz ýaby aldylar,
Şu meýdanda zor at aldyk, ýaranlar.

Indi bize Hudaýmyzy çagyryň,
Bizler gaýdyp, sag-salamat baralyň,
Bir-birimiz görüp, şadyýan bolalyň,
Allahymdan saglyk diläň, ýaranlar.

Hydyrguly aýdýar, size nesihat,
Ýollan hatyňyz görüp boldum men hoşwagt.
Ýüreklerde galmady bir zirre takat,
Ýene sizi görmek barmy, ýaranlar?[94]

Türkmen atly polky söweş wezipelerini ýerine ýetirmegi dowam etdirýärdi. Doly bolmadyk ýarym ýyl içinde polkda eýýäm Keramatly Georgiý ordenleri we «Edermenlik üçin» diýen medallar bilen sylaglananlaryň sany ýüzden geçýärdi. 1915-nji ýylyň ýanwarynda polkownik Drozdowskiniň habar berşi ýaly, «...eýýäm polkda Georgiý ordenleriniň eýeleriniň 67-si bar. Şunda biziň ýitgilerimiz şeýle bir kän däldir: wepat bolanlar we ýaralananlar 40 adamdan ybarat. Keramatly Georgiý ordenlerini alanlaryň arasynda Ashabad uýezdiniň Gypjak obasyndan Daňatar Artykow öňki 4-nji derejeli Georgiý ordeniniň üstüne ýene-de 2-nji

derejeli Georgiý ordenini alyp, has tapawutlandy[95].

Keramatly Georgiý ordeniniň dört derejesini hem alanlar bardy. Mysal üçin, 1915-nji ýylyň awgustynda Ashabada at esbaplaryny almaga gelen iki sany jigidiň döşlerini şol ordeniň dört derejesi bezeýärdi[96].

Köşi obasy fronta ibermek üçin atly goşunlaryň düzülýän ýeri bolmagynda galýardy.

Urşa iberiljek atly jigitlerden ybarat bolan harby düzümler Köşi obasynda döredilýärdi. Urşa gitmek isleýän ýaş türkmen ýigidi bilen baglanyşykly şeýle waka bolupdy. Harby topar ony saglyk ýagdaýy sebäpli kabul etmändir. Ol aglaýjak bolup, özüni fronta ibermeklerini haýyş edipdir. Janynyň sagdygyny ençeme gezek ýaňzydypdyr. «Eger meniň urşa gitmäge islegim barka saglyk ýagdaýymyň nämä päsgelçiligi bar?» diýip, ol lukmanlara ýalbarypdyr. Emma şonda-da lukmanlar oňa ýene bir ýyldan gelmegi maslahat beripdirler[97].

1915-nji ýylyň aprel aýynyň ahyrlarynda Ashabatdan ýene-de bir atly diwizion fronta ugradylypdyr. 27-nji aprelde atlylaryň eşalony Merwe gelýär. Merwli türkmenler fronta gidýänleri dabaraly garşylapdyrlar: orkestr saz çalypdyr, palaw bişirilip, süýji-köke paýlanylypdyr[98]. 1915-nji ýylyň awgustynda türkmen polkunyň üstüni ýetirmek üçin Ashabatdan goşuna täze alnanlaryň ýene bir topary ugradylypdyr[99].

1915-nji ýylyň birinji ýarymynda Türkmen atly polky awstriýa-rumyn serhedindäki söweş hereketlerine gatnaşypdyr we goşun korpusynyň öňdäki hatarlarynda ýaýbaňlanypdyr. Atly düzümler Toporus, Zastawny, Kuçurmik, Studzýanka, Glyboka, Berlines, Gadikfanfa, Fidaus, Sadagury, Zalpeşiki, Rarançe. Sankausy we beýleki ilatly ýerlerde hereket edip, dürli ýollar bilen gidipdirler. Öňe iberilen türkmen atly toparlary we gözegçilik nokatlarynda goýlan esgerler awstriýalylaryň öňdäki toparlary bilen çaknyşypdyrlar. Ol söweşler ýerli häsiýete eýe bolupdyr.

1915-nji ýylyň 4-nji martynda polkownik Drozdowskiý jigitleriň iki eskadrony bilen Zastawny obasyna hüjüm edýär. 18-nji Don kazaklary batareýasynyň dördünji eskadrony çep tarapdan kömege ýetişýär. Aldym-berdimli sö-



Garadaşaýakly wahmistr
Gurbanmuhammet Abaýew.
Iki gezek Georgiý hajy bilen sylaglanan.
1915-nji ýylyň suraty.

weşlerde türkmenler bu ilatly nokady eýeleýärler[100].

Şol wagt, 1915-nji ýylyň mart aýynyň başynda Türkmen atly polky 3-nji Kawkaz atly korpusynyň düzümine girizilýär. Polkownik Drozdowskiý bolsa korpusyň Nowoseliskiý birleşdirilen atly otrýadyna serkerdelige bellenilýär. Drozdowskiniň atly topary şol ýeriň ilatly nokadynyň ady boýunça Sankausk otrýady diýen ady alýar. Onuň düzümine şu goşun düzümleri girýärdi: Türkmen atly polky (4 eska-




Rus goşunynyň harby bölümleri, 1916 ý.
O. Parhaýewiň suraty.

1. Teke jigidi
2. Tylyň meýletinçiler batalýonynyň ýönekeý esgeri
3. Zarba urujy batalýonynyň zarba urujysy
4. Serkerde
5. Georgiý batalýonynyň unterserkerdesi
6. Rewel zarba urujy deňizçiler batalýonynyň ýönekeý esgeri

dron), 169-njy družina (4 rota), 174-nji družina (4 rota), 649--njy družina (2 rota), 1-nji aýratyn pulemýotçylar topary (4 pulemýot), 36-njy opolçeniýe batareýasy (4 ýarag)[101].

Türkmen atly polkunyň serkerdesiniň wezipesini ýerine ýetiriji edilip, 1-nji eskadronyň komandiri rotmistr Orazberdi bellenilýär.[102]

1915-nji ýylyň 2-nji aprelinde polkownik Drozdowskiý otrýadyň şahsy düzümine minnetdarlyk bildirip, oňa serkerdelik etmegi 169-njy družinanyň komandirine tabşyryp, özi türkmen jigitlerine baştutanlyk etmegini dowam etdirýär. Iýun aýynyň ortalaryna çenli polk Şubranes Zadobrowka, Wançinisa, Nowoselisy, Stroinsy, Gogoleny, Boýan, Toporsy, Şansen we beýleki ilatly nokatlaryň töwereginde söweş hereketlerine gatnaşýar. Söweşlerde ýeňiş kä mahallar şowsuzlyk bilen ýerini çalyşýardy. 1915-nji ýylyň 1-nji

maýynda rotmistr Orazberdi özüniň öňe iberilen atly toparynyň Awstriýanyň 18 esgerini ähli ýaraglary bilen ýesir alandygyny habar berýär.[103]

1915-nji ýylyň iýulynda türkmen atly polky 2-nji atly korpusyň düzümine girizilýär. Bu korpusyň düzüminde Türkmen atly polky 1-nji Kawkaz diwiziýasy (serkerdesi Beýik knýaz Mihail Aleksandrowiç Romanow, Nikolaý II-niň özünden kiçi süýtdeş dogany) hemde 2-nji Kawkaz diwiziýasy (serkerdesi general knýaz Bagration) bilen bilelikde hereket edip, söweş hereketlerini dowam etdirýär. Şu ýerde şol harby düzümler barada jikmejik durup geçmegi maksadalaýyk hasaplaýarys. Şu diwiziýalaryň birinjisi («Wagşy diwiziýasy» adyny alan) alty atly polkdan ybarat bolupdyr: 2-nji Dagystan, Kabardin. Çeçen, Inguş, Çerkez, Tatar. 2-nji diwiziýanyň düzümine 1-nji Dagystan, Osetin, Krym atly polklary giripdir.

Şu ýerde bir düşünişmezlik bar. Türkmen atly polky «Wagşy diwiziýa» düzümine giripdir diýen pikir halk arasynda ýaýrapdyr. Hatda Gaýgysyz Atabaýew hem şeýle pikirde bolupdyr. Emma taryhy resminamalardan görnüşi ýaly, Türkmen atly bölümi kawkaz diwiziýalarynyň düzümine girmändir. Olar diňe özara habarlaşyp, bilelikde hereket edipdirler. 1916-njy ýylda iki Kawkaz diwiziýasyndan bir diwiziýa düzdüler. Güýçlendirilen «Wagşy diwiziýasynyň» ýolbaşçylygynda beýik knýaz Mihail, atly korpusyň serkerdeliginde bolsa Bagration-Muhranskiý galdylar. Türkmenleriň birnäçesiniň (Annamyrat Potra Saryýew, Şamyrat han we beýlekiler) knýaz Mihailiň şahsy goragynda bolandyklary mälimdir (Belkem, şu ýagdaýyň özi türkmenleriň «Wagşy diwiziýasynyň» düzüminde söweşendikleri baradaky gürrüňiň ýaýramagyna esas döredendir).

1915-nji ýylyň 9-njy iýulynda Türkmen atly polkunyň serkerdeligine polkownik S.P.Zykow bellenilýär. 1915-nji ýylyň 25-nji maýynda polkownik Drozdowskiý özüniň başga harby bölüme geçirilýändigini bilenden soň, Ashabat zenanlar komitetiniň başlygy Z.M.Kalmakowa minnetdarlyk

hatyny iberýär. Ol 1915-nji ýylyň 25-nji iýulynda «Ashabad» gazetinde çap edilýär: «Çuňňur hormatlanylýan Zinaida Wasilýewna! Meniň söweşjeň ýoldaşlarymyň – jenap serkerdeleriň, Türkmen atly polkunyň ähli esgerleriniň adyndan size we zenanlar komitetiniň ähli agzalaryna iberen sowgat-serpaýyňyz üçin çuňňur minnetdarlygymyzy bildirýäris. Maňa we polkuň serkerdelerine beren ünsüňiz bizi örän tolgundyrdy; şeýle alada urşuň dowam edýän häzirki agyr döwründe has-da gymmatlydyr»[107].

1915-nji ýylyň iýulyndan dekabr aýynyň aýagyna çenli aralykdaky döwürde biz türkmen atly esgerleri hakynda hiç hili maglumat tapmadyk. (Eger-de 1915-nji ýylyň awgust aýynda Ashabatdan fronta atlylaryň bir toparynyň gelmegi bilen baglanyşykly wakalary hasaba almasak). Bu, belkem, rus goşunlarynyň şowsuzlyklara uçrap, yza çekilmekleri bilen baglydyr.

1915-nji ýylyň ahyrynda frontuň araçägi Riga–Dwinsk-Baranowiç–Pinsk–Dubno ugurlary boýunça geçýärdi. Patyşa goşunlary Galisiýany, Polşany, Pribaltikanyň we Belarussiýanyň bir bölegini taşlap gaýtmaly boldular.

Muňa garamazdan, Türkmen atly polky söweş hereketlerini dowam etdirýärdi. Biz polkda söweşen esgeriň agtygy, Aşgabat şäherinde ýaşaýan Bahar Maşaýewa bilen duşuşdyk. Onuň atasy Maşow Halmyrat ogly (1894-nji ýylda doglan) 1914-nji ýylda meýletin fronta gidýär (1918-nji ýylyň ýanwarynda yzyna gaýdyp gelýär). Ol Georgiý hajynyň iki derejesine mynasyp bolýar: 1-njisine hüjüm edilende görkezen batyrlygy üçin, ikinjisine awstriýaly generaly ýesir alanlygy üçin. General bilen baglanyşykly ýagdaýda şeýle waka bolup geçýär. Öňdäki toparda bolan atly kazaklar korpusyň ştabynda generaly özleriniň ýesir alandyklary barada gürläp başlaýarlar. Ahyrynda, generalyň özi türkmenleri eli bilen görkezip: «Meni şol duran uly telpekli jenaplar tutdular» diýip, jedelli meseläni çözýär[108].

Polkuň düzüminde söweşen Amanja Atamämmet oglunyň ogly Gandym Amanjaýew hem

biz bilen duşuşdy. Ol Ahal welaýatynyň Garadaşaýak obasynda doglupdyr. 1915-nji ýylda bolup geçen söweşleriň birinde Amanja aganyň obadaşy ýaralanyp, söweş meýdanynda galýar. Amanja öz ýoldaşyny halas etmek üçin, özi hem ýaraly ýagdaýynda ok ýagýan söweş meýdanyna okdurylyp, obadaşyny halas edýär. Polkuň serkerdesi öz döşündäki Georgiý hajyny aýryp, bu batyr esgeriň döşüne dakýar[109].

Türkmenleriň Kawkazda hem söweşendiklerini belläp geçmelidiris. Kawkazda söweş hereketlerine gatnaşan käbir ildeşlerimiziň atlaryny anyklamak bize başartdy. Merw uýezdinden praporşik Kakajan Berdiýew şahsy edermenligi üçin hökümet sylaglary bilen sylaglanýar. Ol türkmenleriň arasyndan ilkinji bolup ýeňil atletika boýunça Olimpiýa çempiony diýen ada mynasyp bolan Ýusup Kakajanowiç Berdiýewiň kakasydyr. XX asyryň 30-njy ýyllarynda başlanan yzarlanmalar sebäpli Ýusup öz adyny, familiýasyny üýtgedip, Iosif Konstantinowiç Berdýaýew ady bilen Kiýew şäherine göçüp gitmäge



Hojageldi Hojamyradow (Hajymyradow), — Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda.

mejbur bolýar.

Geljekki podpolkownik Çary Geldiýew hem Kawkazda söweşipdir. Onuň asly Sarahsdandyr. Çary ýesirlige düşüp, soňra gaçmagy başarýar[110].



Teke atly polkunyň serkerdesi general-leýtenant S. P. Zykow (9.06.1915–18.04.1917 ý.).

Hajymyrat hem Kawkazda söweşen, rus goşunlarynyň düzüminde gulluk edýär, (Patyşa goşunynyň geljekki polkownigi Hojageldi Hojamyradow barada kitabymyzyň birinji bölüminde gürrüň beripdik). Asly Ahal welaýatynyň Bamy obasyndan bolan Hajymyrat (H.Hojamyradow) 1908-nji ýylda Ikinji Orenburg kadet korpusyny tamamlaýar, 1912--nji ýylda bolsa Aleksandrowsk harby-pyýada uçilişesini tamamlaýar. Ol az wagtlyk Türküstan 17-nji atyjylyk polkunyň düzüminde Ashabatda gulluk edýär, Türkmen atly polkunyň serkerdeleri bilen ýakyn aragatnaşykda bolýar[111]. Şonuň üçin hem 1914-nji ýylyň tomsunda Türkmen atly polky düzülende, polkownik Drozdowskiý Hajymyrady polkuň adýutandy wezipesine bellemegi niýet edinýär. Emma türkmen serkerdesini Kawkaz frontuna iberýärler. Ol ýerde Hajymyrat öz polkunyň atly aňtawçylar toparyna serkerdelik edýär. Erzurum (Türkiýe) şäheriniň töwereginde Hajymyradyň güýçlendirilen topary dag üstündäki kynçylykly ýollary geçip, duşmanlaryň yz tarapyndan hüjüm edip, rus goşunlarynyň geçmegi üçin ýol açýar. Şol edermenligi üçin hem ol Georgiý hajy ordeni bilen sylaglanýar (onuň jemi 8 sany söweşjeň sylagy bar)[112].

Frontda podpolkownik Nikolaý Han Ýomudskiý hem öz harby ukybyny açyp görkezýär. Onuň demokratik garaýyşlary üçin Patyşa hökümeti tarapyndan tussag edilip, 1913-nji ýylda Kareliýa sürgünçilige iberi-

lendigi mälimdir. Emma Birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen, Nikolaý Nikolaýewiç özüni fronta ibermekleri barada haýyşnama ýazýar. Netijede, ony Kawkaza iberýärler. Ýomudskiý ol ýerde harby düzümleri döretmek işleri bilen meşgullanýar. Soňra bolsa ol atyjylyk polklarynyň birine serkerdelik edýär. N.Ýomudskiý bilen bir frontda onuň ogullary Batyr (1894–1930 ý.) artilleriýa diwiziýasynda gulluk edip, Georgiý hajy bilen sylaglanýar, ýene bir ogly Serdar (1899–1959 ý.) aňtawçy, «Edermenligi üçin» diýen medal we beýleki söweşjeň sylaglary bilen sylaglanýar. Ortanjy ogly Hydyr (1897–1969 ý.) kadet korpusyny we harby uçilişäni tamamlap, onuň alyhezreti Beýik knýaz Mihail Aleksandrowiç adyndaky Çernigow gusar polkunda gulluk edýär. 1914–1917-nji ýyllarda german frontunda, 1918–1919-njy ýyllarda meýletinçiler goşunynda kornet harby çininde gulluk edýär, ol Parižde emigrasiýada aradan çykýar.[113]

Nikolaý Ýomudskiý Erzurumy almaga gatnaşýar we soňra onuň komendanty bolýar. Ordenleriň we medallaryň ençemesi bilen sylaglanýar. 1916-njy ýylda bolsa (15–31-nji ýanwar aralygynda bolan söweşlerde) general-maýor Çikowaniniň serkerdelik edýän goşun bölümleriniň birnäçesini başarjaň dolandyrandygy üçin Georgiý ýaragyna mynasyp bolýar[114].

Tutuşlygyna alanyňda, 1915--nji ýylda rus goşunlary german-awstriýa frontunyň esasy güýçlerini öz üstüne alyp, yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Şeýle-de bolsa ol Fransiýany derbi-dagyn edilmekden halas edýär. 1916-njy ýylyň 2-nji ýanwarynda Ashabat stansiýasyndan 300-e golaý adam Yzgant, Gökdepe, Durun, Köşi obalarynyň kethudalaryny we Ashabat hem-de Bagyr wolostlarynyň ýolbaşçylaryny fronta ugradýarlar. Olar Türkmen atly polkunyň esgerlerine sowgat-serpaý äkidipdirler.

Il-günüň sylaýan adamlarynyň fronta gelmegi türkmen ýigitleriniň göwünlerini galkyndyrypdyr[115]. Fronta gelen türkmen ýaşulularyny 9-njy goşunyň serkerdebaşysynyň hut özi kabul edýär we Gökdepäniň arçyny Aman Hanmämmedowa we Bagyr wolostynyň wolost-

noýy Nury Garryýewe «Za userdiýe» altyn medalyny, Durun obasynyň arçyny Annaberdi Annageldiýewe, Yzgandyň arçyny Gelen Täçmyradowa, Köşiniň arçyny Muhammetberdi Gulgeldiýewe, Asgabat wolostynyň dolandyryjysy Annanyýaz Patdyýewe «Za userdiýe» kümüş medalyny gowşurýar. Ýaşulularyň wekiliýeti fewralyň birinji ýarymynda Zakaspä gaýdyp gelýärler[116].

1916-njy ýylyň fewralynda Germaniýanyň harby ýolbaşçylygy rus goşunlaryny çynlakaý hüjüm ediş hereketlerini geçirmäge ukypsyz hasap edip, öz goşunyny Fransiýa tarap sürýär. Fransiýanyň haýyşy boýunça rus serkerdeleri hüjüm ediş maksatnamasyny işläp taýýarlaýarlar. Şonda tanymal general A.A.Brusilowyň serkerdelik edýän Günorta-Günbatar frontunyň goşunlaryna aýratyn orun berilýär. Şol wagtlar Türkmen atly polky Günorta-Günbatar frontuň 9--njy goşunynyň düzümine girýärdi. 1916-njy ýylyň 31-nji martynda Nikolaý II türkmenleriň edermenligini nazara alyp, «mundan beýläk türkmen polkuny Teke atly polky» diýip



atlandyrmalydygy hakynda buýruk berýär. Sebäbi polkuň düzüminde, esasan, Ahalyň we Merwiň teke taýpasynyň wekilleri gulluk edýärdiler[117].

A.A.Brusilowyň meýilnamasyna laýyklykda, 1916-njy ýylyň 22-nji maýynda rus goşunlary hüjüme geçip, Lusk şäherini eýeleýärler. 1916-njy



Türkmen atly diwiziýasy Köşi obasynda. 1916 ý.

ýylyň 28-nji maýynda bolsa Dobronousyň eteginde örän uly söweş bolýar. 30-njy maýda Ýokary Baş Serkerde Nikolaý II-niň frontdaky ýagdaý baradaky habary Ashabada ýetirilýär. Onda Teke atly polkunyň jigitleriniň gaýduwsyzlygy barada hem maglumatlar bar. Şäheriň golaýynda ýerleşýän ähli obalardan atly esgerleriň garyndaşlary gelýärler. Olar bu habary uly tolgunma we buýsanç duýgusy bilen kabul edýärler[118]. «Weçerneýe wremýa» merkezi gazetiniň habarçylarynyň biri onuň 1916-njy



Teke atly polkunyň serkerdesi podpolkownik S. P. Zykow. 1915 ý.

ýylyň iýunynda çykan sanynda Dobronousk söweşini jikme-jik suratlandyrýar:

«Bu waka 28-nji maýda bolup geçdi we ol harby taryhda görlüp-eşidilmedik waka hasaplanýar, ýogsam bu uruşda biziň goşunlarymyz harby taryhda düýbünden täze sahypada açypdylar.

Säher wagtydy. Frontuň bütin ugrundan toplaryň, ýarylýan snarýadlaryň gümmürdisi we pulemýotlaryň tatyrdysy eşidilýärdi. Pyýada goşun eýýäm ot içindedi. Gyzgyn söweş gidýärdi. Hemme söweşijiler, serkerdeden başlap iň soňky esgere çenli üýtgeşik bir wakanyň boljakdygyna ynanýardylar.

Tekeler eýýäm atyň üstünde. Adamlaram, atlaram üşeri-

lişýärdiler. Atlylar usullyk bilen egri gylyçlaryny çykardylar we juda ýitilenen gadymy gylyçlaryny barlaşdyrdylar. Hemme zadyň ýerbe-ýerdigine göz ýetirip, höwes bilen söweşiň başlamagyna garaşyp, sarsman durdular.

Ine, birdenem «Hüjüme» diýen buýruk ýaňlandy.

Göz açyp-ýumasy salymda, eýýäm gulaklaryň duşunda şemal şuwlaýar, uzak bir ýerlerde pulemýotlar tatyrdaýar, snarýadlar gümmürdeýär we tupeňleriň gülleleri seçelenýär. Çeýe hem güýçli atlar edil ýel ýaly süýnüp gitdiler. Atlylar ýapyryldylar we olaryň gara gözleri, hol öňe, başa-baş söweşiň boljak ýerine eserdeňlik bilen bakýardylar.

Ol ýerde bolsa daşyna otly halka aýlanan okoplar görünýärdi.

Birnäçe sekuntdan okoplaryň üstünde gara bedewler we egri gylyçly ýigitler peýda boldular. Üç hatar okoplar... Müňlerçe pyýada goşun... Pulemýotlardan, tüpeňlerden atylýan oklar...

Şunça güýjüň üstüne başy goýun derisinden tikilen äpet telpekli, sähraýy atlylaryň polky döküldi. Polk gylyç bilen duşmanyň üstüne müňzäp girdi, üç hatar okoba ölüm seçeläp geçip gitdi. Hiç bir zat ölüm we başagaýlyk getirýän bu gazaply gara ýeliň öňüni alyp bilmedi. Rus ofiserleri – «baýarlary» tarapyndan başarjaňlyk we batyrlyk bilen ýolbaşçylyk edilýän teke ýigitleriniň okgunly çozuşyny gören goşunlar guwanç bilen «Ura!» diýip gygyryşdylar we bu aýylganç we üýtgeşik söweş görnüşinden aýrylyşyp bilmediler.

Şol wagt okoplaryň arasynda tekeler awstriýalylaryň jümmüşine aralaşyp, olar bilen garpyşýardylar. Eýýäm atlaram duşmany depeläp, dişläp başlady, tekelerem gözden ýitip gitdiler, diňe gamalarynyň egrem-bugram ýalpyldysy boýunça olaryň ýyldyrym ýaly ezber söweşini görmek bolýardy. Pyýada goşunam işe girişdi. Toplar aýylganç we üýtgeşik gümmürdäp ugrady. Birdenem duşman entiredi. Başda onlarça, soňra ýuzlerçe we müňlerçe adamlar başly-barat, masgara bolup gaçyp başladylar. Iňňildiler, ahy-nalalar, gykylyklar, müňlerçe adamlaryň aýak güpürdisi



Günorta-Günbatar frontunyň serkerdesi general A. A. Brusilow.

– bularyň hemmesi aljyraňňylyk we goh bilen garyşyp gitdi. Tekeler duşmany tupandan ürken goýun sürüsi ýaly edip kowaladylar we dyr-pytrak etdiler. Bir atly onlarça duşmanyň üstüne eňýärdi we ýeňýärdi.

Awstriýalylaryň yzly-yzyna hatardan çykarylyşy, jigidiň täze urgy urmak üçin üzeňňä galşy açyk görünýärdi. Tekeler awstriýalylaryň uly güýçlerini ençe menzile kowalap äkitdiler, 2000-sini ýok edip, 3000--sini bolsa ýesir aldylar. Ýollaryň ugrunda taşlanan toplar, okly gapyrjaklar, tüpeňler, ýaralanan we öldürilen atlar, millionlarça gülleler dyr-pytrak bolup ýatyrdy.

Pflanseriň goşuny bütinleý derbi-dagyn edilmelidi – bu gürrüňsiz şeýle-de bolupdy.

Bu buýsançly hem şöhratly ýeňşi getiren tekeleri elde göterdiler. Jigitler bolsa hemişekileri ýaly, ýöne dymaýýardylar, diňe olaryň gözlerinde, täze ýene-de şunuň ýaly gahrymançylyk görkezmegiň egsilmez hyjuwy görünýärdi. Diňe agşam olar ýuwaş sesleri bilen biri-birine söweşiň käbir ýerlerini gürrüň berýärdiler, nähili edip urşanlaryny we öz wepaly atlarynyň çapyşyny elleri bilen görkezýärdiler. Jigitler soňra ata Watanda beýik uruş barada gürrüň berjekdiklerine we öz gylyçlary bilen gadymy ata-babalarynyň taryhyna täze şöhratly ýazgy ýazjakdyklaryna begenýärdiler»[119].

Dobronousk söweşi personal pensioner Amangeldi Güýjiýewiň (Abadan ş.) «Wagşy

diwiziýasy» atly golýazmasynda hem beýan edilipdir. Teke polkunyň jigitleriniň ýatlamalary boýunça, onuň ýazan makalasy 1975-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Marks-Engels-Leninin institutynyň ýanyndaky ýardam beriş toparynyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar we tassyklanylýar. Emma makala çap edilmeýär. 1992-nji ýylda polkuň atly esgerleri baradaky biziň makalalarymyz çap edilenden soň, Abadan şäheriniň ýaşaýjylary K. Orazgeldiýew we A. Hajyýew bize A.Güýjiýewiň şol golýazmasyny getirip berdiler. Sebäbi A.Güýjiýew ol günlere çenli aradan çykypdy. Ol öz makalasynda şeýle ýazypdyr: «Awstriýa goşunlarynyň üstüne çozmaly wagt hem gelip ýetdi. Hüjümiň öň ýanynda harby düzümleriň serkerdeleriniň her biri öz atly esgerleri bilen ýörite gürrüň geçirdiler. Hüjüme ýaragdan başga zady ýanyňa almaly däl diýlip aýratyn tabşyryldy. «Kim gorkýan bolsa, söweşe gitmän hem biler» diýlip habar berildi.

Ýöne söweş güni harby düşelgede hiç kim galmady. Bedewiň esgeriň ganatydygyny bellemek gerek: ahalteke bedewleri öz üstlerine düşen jogapkärçiligi syzmaga ukyplydyrlar, olar çapyksuwaryň pikirlerini okaýarlar. Söweşe buýruk berilýär. Atly goşun ýaýdan goýberilen ok ýaly öňe okduryldy. Uly telpekli atly ýigitler ýalpyldaýan egri gylyçlaryny kä çepe, kä bolsa saga tarap bulap öňe okdurylýarlar. Olaryň gyrmyzy donlary gäminiň ýelkenleri kimin pasyrdaýar. Bedewleri gamçylamak hökman däldi. Duşmana aralyk barha golaýlaşýardy. Uçup gelýän atlylary nyşana almak hem mümkin däldi. Awstriýa goşunlary boýun egýändiklerini alamatlandyrýan ak baýdaklaryny galdyrdylar, artilleriýaçylary bolsa öz ýaraglarynyň nillerini aşak goýberdiler. Olar tutuşlygyna diýen ýaly ýesir düşdüler. Ýesirleriň köpüsini Türküstana iberdiler. Olar demir ýollary gurdular, Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) şäheriniň demir ýol merkezini düýpli abatladylar»[120].

Bu şanly söweş Teke atly polkunyň serkerdesi Han Hajyýewiň «Beýik boýar» («Welikiý Boýar») kitabynda hem suratlandyrylýar. «28-nji maýda

Çýornyýe Potoki şäheriniň eteginde, Awstriýa frontunda gyzgyn söweş barýardy. Bizi kömege çagyrdylar. Biz buýrulan ýere bardyk. Korpusyň serkerdesi bizi görüp, ýaňsyly güldi we öz ştab başlygyna «Bu garantgylary näme üçin getirdiňiz?» diýip ýüzlendi. Boýar Zykow (polkuň serkerdesi S.P.Zykow. – Ö.G.) muny eşidip, gahar-gazaba mündi we bize ýüzlenip, şeýle diýdi:

– Türkmenler! Men şan-şöhratly türkmen esgerlerimiň üstünden gülünmegine ýol bermerin! Men sizi söweşe äkidip, bar jogapkärçiligi öz üstüme alýaryn. Goý, bu jenaplar siziň kimdigiňizi gözleri bilen görsünler!

Ol şu sözler bilen ajal ýagdyrýan nemes pulemýotlarynyň oklarynyň asty bilen öňe okduryldy. Şol bada hem ol ýaralanyp atdan ýykyldy. Söweşden galmajak bolup, Zykow hatardan çykmady.

Serdar Aga (eskadronyň komandiri Oraz serdar – Ö.G.) duşmanyň jümmüşine aralaşyp, başa-baş söweş wagty öz gylyjyny döwýär. Men ony görüp, Serdary hüjüm etmekden sakladym. Şonda-da ol öz gamçysy bilen awstriýalylaryň birnäçesini ýaragsyzlandyrdy we olaryň serkerdelerini ýesir aldy».

Birinji jahan urşy döwründe türkmenler şondan soň, ýokarda görkezilenler ýaly, ajaýyp ýeňişleri gazanmadylar. Şol söweşde Günorta-Günbatar frontunyň 9-njy goşuny general-polkownik Pflanser-Baltiniň serkerdelik edýän awstro--wenger goşunyny uçdantutma derbi-dagyn etdi. Russiýanyň harby ýolbaşçylygy atly goşunlardan netijeli peýdalanmagy başarmady. Graf Kelleriň 3-nji ajaýyp atly korpusy söweşe girizilmedi diýen ýaly. Diňe 600 esgerden ybarat bolan Teke atly polky duşmanyň üstüne sürüldi. Söweşiň ilkinji pursatlarynda polkuň komandiri S.P.Zykow ýaralanýar. Ýöne türkmenler özlerini ýitirmeýärler. Şol çylşyrymly pursatda Dykma serdaryň ogly Oraz serdar ähli jogapkärçiligi öz üstüne alyp, ildeşlerini duşmanyň üstüne sürýär. Bu söweş rus-türkmen söweşjeň hyzmatdaşlygynyň taryhyna altyn harplar bilen müdimilik ýazylýar[122].

Belli harby suratkeş W.W.Mazurowskiý (1850–1917 ý.) öz

A.A. Brusilowyň ýatlamagyna görä, bu hüjüm ähli garaşylanylandan hem şowly boldy: Italiýa derbi-dagyn edilmekden halas boldy, Fransiýa we Angliýa öz ýagdaýlaryny gowulandyrdylar, Rumyniýa bolsa Russiýanyň tarapyna geçdi.



Nikolaý II 1915-nji ýylda Hotiniň töwereklerinde 9-njy goşunyň hatarlaryny gözden geçirýär. Teke atly polky polkownik S. P. Zykowyň serkerdeliginde nyzama düzülipdir.

eserinde hut türkmen esgerleriniň söweşe girýän pursadyny suratlandyrmagy tötänden däldir. Bu eser «Atly tekeleriň awstro-wenger goşunlaryna garşy hüjümi» diýlip atlandyrylýar.

Şeýlelikde, iýunyň ortalaryna çenli rus goşunlary duşmanyň frontuny 350 kilometr aralykda 120 kilometre çenli çuňluga böwsüp geçdiler. Awstriýa goşunynyň 1,5 million esgeri ýok edildi, ýaralandy we ýesir alyndy. Şöhratly «Brusilow böwüsmesi» ady bilen taryha giren bu söweş Awstro-Wengriýany dyza çökerdi[123].

«Egerde bize hakyky beýik serdar ýolbaşçylyk eden bolsa – baş serkerdeler onuň görkezmesi boýunça söweş hereketlerini ýaýbaňlandyrardylar, meniň goşunlarym bolsa garşydaşlaryň güýçli goragyna gabat gelmezden, şeýle bir öňe süýşüp bilerdiler, şonda duşmanyň ýagdaýy örän agyr bolardy we hatda biz söweşmezden olaryň serhetlerinden geçip bilerdik hem-de uruş tutuşlygyna başga häsiýete eýe bolardy» diýip, general ýazýar[124].

Nikolaý II-niň Belent serkerdebaşy hökmünde ukypsyzdygy mese-mälimdi. Günorta-Günbatar frontda gazanylan ýeňiş beýleki frontlar tarapyndan goldanylmady. Germaniýa günbatardan öz uly



Georgiý hajynyň eýesi
Babahan Meňlihanow.

goşun düzümlerini getirmäge ýetişdi we bu urşuň uzaga çekmegine sebäp boldy. Bu bolsa ahyr soňunda rus goşunynyň güýçden gaçmagyna hem-de Russiýa Imperiýasynyň dargamagyna getirdi. 1917-nji ýyla çenli rus goşuny 2 million adamy ýitirdi, 5 milliony ýaralandy, 2 million töweregi bolsa ýesirlige düşdi. Ýörite bilimli serkerdeler düzümi ýönekeý esgerleriň hasabyna doldurylyp başlandy, goşun gullugyndan gaçmak köpçülikleýin häsiýete eýe boldy, ýaraglar we ok-däriler düýbünden ýetmeýärdi. Frontdaky ýagdaý imperiýanyň iň alysda ýerleşýän künjeklerinde hem duýulýardy. Şol ýerdäki ilatyň ýagdaýy hem uruş zerarly barha agyrlaşýardy. 1916-njy ýylda Türkmenistanda urşuň yzynda işlemek üçin adamlary ýygnap başladylar. Şunda diňe Teke atly polkunyň esgerleriniň garyndaşlary ýeňillikden peýdalanýardylar. Bir atly esgere derek onuň ýakyn garyndaşlarynyň üçüsi urşuň yzynda işlemek borjundan boşadylýardy. Oňa olaryň doganlary, ogullary, erkek garyndaşlyk tarapy boýunça ýegenleri degişlidi[125].

Käbir adamlar urşuň yzynda işlemäge garşy bolup çykyş edýärdiler. Güljemal han Merw uýezdiniň ilatynyň adyndan haýyşnama ýazýar. Onda tekeleriň urşa gitmek üçin fronta pul serişdelerini, zerur bolan harytlary ibermäge, kükürdiň çykarylyşyny artdyrmaga we demir ýol bilen ony ugratmaga taýýardygy barada aýdylýardy.

«Patyşa üçin, watan üçin öz zähmetini, eger zerur bolsa janyny hem gurban etmegi, her bir teke şatlyk bilen berjaý eder. Bu sözlerimiň boş däldigine Türkmen atly polkunyň esgerleriniň hemmesi diýen ýaly meýletinçilerden düzülen, uruş meýdanlarynda döken gany, olaryň görkezen deňi-taýsyz edermenligi hem şaýatlyk edýär diýip, han zenany ýazýar[126].

Türküstanyň general-gubernatory A.N.Kuropatkiniň harby ministre ýazan hatynda habar berlişi ýaly, türkmenler kätmen we pil bilen işlemäge derek pul serişdelerini tölemäge razydyrlar. Sebäbi olaryň pikiriçe «...batyr adamlara pil-kätmen bilen işlemek gelişmeýär... Türkmenlere olaryň iberen adamlarynyň garawulçylykda we gorag gullugynda boljakdyklary habar berlenden (tekelerden) ozal Teke atly polky düzülipdi we olar hereket edýän goşunda gaýduwsyz gulluk edipdiler. Şondan soňra türkmenlerden talap edilýän adamlaryň sany azaldyldy»[127].

Teke atly polky Russiýanyň harby bölümleriniň arasynda ahlak-ruhy taýdan pese gaçmadyk az sanly harby düzümleriň biridir. Şunda türkmen serkerdeleriniň, esasan hem, resmi taýdan (eskadronyň serkerdesi wezipesinden daşgary) serdar, ýagny polkuň harby serdary we polk komandiriniň jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda orunbasary bolan rotmistr Orazberdä uly orun degişlidir.

Orazberdi serdaryň abraýy örän uly bolupdyr. Bu barada H.Hajyýew şeýle ýazýar: polkuň esasy düzümi bolan dwiziýasynyň esgerleri örän tertiplidi. Diňe harby häsiýetdäki bu tertip-düzgün, gadymdan gelýän halkyň däp-dessurlaryna laýyklykda esger ýigitlere öz serdaryna boýun egmegi, özüňden ulynyň şahsyýetini sylamagy we wyždanyňa sygmajak işi etmezligi ündeýär. Söweş meýdanlaryna adamlar mejbur edilip däl-de, öz islegleri boýunça... türkmenler öz serdarynyň Gökdepäni goran şöhratly, gahryman watançy Dykma serdaryň oglunyň – ştab-rotmistr Oraz serdaryň yzyna düşüp geldiler. Esger ýigitler gadym zamanda bolşy ýaly, öz serdarynyň töweregine jemlendiler. Olar onuň keşbinde




H.Hajyýewiň «Beýik Boýar» («Welikiý Boýar») atly kitabynyň daşky sahaby (Belgrad şäheri, M.A.Suworiniň kitap neşirýaty, 1929 ý.)

iki serdary – birinjiden, özleri ýaly teke adamyny, sada hem ýakyn hemrasyny, ikinjiden, rus serkerdesini – polk komandiriniň kömekçisini, rus serdaryny görýärdiler. Gullukda harby döwrüň ähli hupbatlaryny öz eginlerinde çekip, türkmen esgerleri öz serdarlaryna ýokary derejeli ynsan hökmünde garap, oňa doly ynanýardylar we oňa tabyndylar, şol bir wagtda hem bu serdar rus adamsy ýalydy. Harby taýýarlyk türgenleşiklerinden soň, olar öz serdarlarynyň ýanyna gök çaý içmäge, palaw iýmäge ýa-da gürrüňdeş bolmaga ýaýdanman baryp bilýärdiler. Şol bir wagtyň özünde hem Serdar olar üçin ýokardan iberilen ynsandy. Esgerler onuň buýruklaryny ýerine ýetirmezlik hakynda hatda pikir hem etmeýärdiler – ol olaryň dosty, atasy we şol bir wagtda hem öz türkmenidi»[128].

Polkda serdaryň wezipesinden başga, mollanyň we seýsiň wezipeleri hem tassyklanypdy. Polkuň seýsi belli türkmen kompozitorlary Nury we Weli Muhadowlaryň kakasy, bagyrly Muhat aganyň bolandygy mälimdir.

1916-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda, Teke atly polkunyň Raşkow şäherinde, Awstriýa frontunda ýerleşýän mahaly onuň düzümine Twer atly goşunynyň uçilişesini tamamlan we polkownik Zykow tarapyndan şu polkda gulluk etmäge çagyrylan ýaş serkerde Rezabek (Beknazar) Hajyýew geldi. Asly Hywa türkmenlerinden bolan Rezabek polkuň serker-



Teke atly polkunyň serkerde türkmenleri. Oturanlar (çepden saga) poruçik Gurbanguly Gulnyýazow, kornet Han Hajyýew, Çepihan, Mämmethan, Şaguly. Aşakda – podporuçik Goçguly Nepesow. Ýokarda dik duranlaryň atlary görkezilmändir. 1917-nji ýylda düşürilen surat.

deleri we esgerleri bilen tizden dostlaşdy.

Rus generallary tarapyndan «han» diýlip atlandyrylan Rezabek 1916-njy ýylyň başyndan podpolkownik Oraz serdaryň serkerdelik edýän 4-nji eskadronynyň hataryna goşuldy. Oktýabr aýynyň aýagynda polk komandiriniň adyna Han Hajyýewiň kakasy Baýhandan ogluny gysga wagtlyk öýe goýbermeklerini haýyş edip iberen telegrammasy gelip gowuşdy. Polkuň bu ýerde, Raşkowda ýene-de iki-üç aýlap durmalydygy sebäpli Hany öýlerine – Petro-Aleksandrowskä goýberdiler. Hywa baranyndan soň, ony Seýit Isfendiýar hanyň huzuryna eltdiler. Ol H.Hajyýewe öz hanlygynda harby ministriň wezipesini hödürledi. Emma Rezabek Russiýa döwletine eden kasamyna salgylanyp, bu teklipden ýüz öwürdi we 1917-nji ýylyň



Poruçik Han Hajyýew. 1918-nji ýylda düşürilen surat.

ýanwar aýynda fronta gaýdyp geldi[129].

Polk Fewral rewolýusiýasyny awstriýa frontunda garşylaýar. 1917-nji ýylyň fewralynda polkuň serkerdeleriniň ýygnagynda Nikolaý II-niň we imperator tagtynda diňe ýarym gije-gündiz oturan Beýik knýaz Mihailiň häkimiýetden ýüz öwürýändikleri baradaky habarlary, soňra bolsa Wagtlaýyn hökümetiň Permanlary okalýar. Serkerdeler we esgerler oňaýsyz ýagdaýda galdylar. Hatda ýönekeý esgerler hem Watan üçin howply günlerde dönüklik edilendigini aýtdylar we türkmenleriň söweş orunlaryny taşlap gitmejekdiklerini beýan etdiler. Mart aýynyň aýagynda polk komandiriniň adyna komissarlaryň iberilýändigi we olaryň şaýat bolmagynda atly esgerleriň Wagtlaýyn hökümete wepalydyklary barada kasam içmelidigi hakynda habar berýän telegramma gelip gowuşýar. Türkmenler özleriniň öň Watana kasam edendiklerini aýdyp, nägilelik bildirdiler. 1897-nji ýylda A. Lomakiniň ýazyşyna görä: «musulman halklarynyň içinde türkmenler ýaly öz kasamyna tolgunma we mukaddeslik derejesinde garap, wepaly bolan halklaryň örän seýrekdigini ýaýdanman aýdyp bolar. Olaryň ynançlaryna görä, eger ýalandan kasam edilse, bu örän uly günädir. Eger-de kim şeýle kasamyň kabul edilmegine gatnaşýan ýa-da oňa mejbur edýän, hatda şol kasam kabul edilende şaýat bolýanlar hem örän uly günä iş edýärler»[130].

Molla Gurhandan aýatlary okanyndan soň atly esgerler türkmençe Biribardan Russiýa ýeňiş ibermegini we özleriniň Ahala sag-aman dolanyp bar-

magyny dileýärler. Bu, elbetde, kasam edilmegini aňlatmaýar. Emma komissarlar şunuň ýaly «kasamy» kabul etdiler. Şol bir wagtyň özünde, olar esgerleriň döşlerine gyzyl matadan edilen halkaly lentany dakmagy, şeýle hem polkuň ştandartyndan imperatoryň adynyň we familiýasynyň baş harplary goýlan nyşany aýyrmagy talap etdiler. Muňa polkuň komandiri türkmenleriň musulmandygyny we şonuň üçin hem gyzyl lentany döşlerine dakyp bilmejekdiklerini, imperator nyşanyny bolsa olaryň Russiýa imperiýasynyň duşmanlaryna garşy göreşde gan döküp alandyklaryny aýtdy[131].

Günler geçýärdi. Polkuň daş--töweregini gurşap alýan harby bölümler eger-de atly esgerler söweşi dowam etdirseler, olara garşy jeza çärelerini ulanjakdyklaryny aýdyp, haýbat atýardylar. Şonda-da türkmenler boýun bolmaýardylar. Ýaz paslynyň ortalarynda polkownik Zykow 7-nji atly diwiziýanyň brigadasyna serkerde bellenilýändigi baradaky habary alýar. Teke atly polkunyň serkerdesi wezipesine bolsa 1917-nji ýylyň 18-nji aprelinde polkownik Nikolaý Pawlowiç fon Kýugelgen bellenilýär. Ol «tekeleri halapdyr, türkmenler hem ony sylapdyrlar we ýuwaş-ýuwaşdan bu hoşgylaw adama öwrenişip başlapdyrlar. Ol atly esgerler bilen hem-de serkerde türkmenler bilen özüni sada, kiçi göwünli alyp barypdyr. Polkuň täze serkerdesi öz garamagyndaky esgerleri çaýa çagyryp, endigi boýunça türkmen tahýasyny geýip, olar bilen gürrüňdeş bolýan eken»[132].



General L.G.Kornilow.

Polk 1917-nji ýylyň martyndan iýun aýyna çenli Günorta-Günbatar frontuň 8-nji goşunynyň düzüminde Ukrai-

nanyň çägindäki Peçenežin obasynda ýerleşipdir. Iýun aýynyň başlarynda polka goşunyň serkerdesi general L.G.Kornilow gelip görýär we olaryň söweş taýýarlygyna ýokary baha berýär.

Şol bir wagtyň özünde hem polka goşun korpusynyň serkerdesinden atly esgerleriň söweşe girmäge isleg bildirýändiklerini sorap, telegramma gelip gowuşýar. Şeýlelikde, Wagtlaýyn hökümet esgerleriň göwnünden turmak isläp, hamala olaryň isleg-arzuwlary bilen gyzyklanýar. Emma hökümetiň buýrugy bolmasa, hiç bir goşun bölüminiň ýerinden butnap bilmejekdikleri bellidip. Emma türkmenler söweşe girişmäge taýýardyklaryny beýan etdiler.

1917-nji ýylyň 17-nji iýunynda Teke atly polky Peçenežin obasynyň ýaşaýjylarynyň dabaraly ugratmagynda söweşe tarap herekete girdi. Awstriýanyň Nadwornyý diýen ýerinde bir gijäni geçirip, Kawkazyň ýerli ilatyndan düzülen diwiziýanyň (Wagşy diwiziýasynyň) polklary bilen özara hereket etmek baradaky buýrugy alyp, hereketini dowam etdirýär.

«Iň soňky düşelgeden çykyp, herekete başlanymyzdan 5 minut geçenden soň, biz diwiziýanyň öňdäki bölümine düşdük. Bu ýerde dürli milletlerden: osetinlerden, dagystanlylardan, kabardinlerden, çeçenlerden, inguşlardan, tatarlardan we çerkezlerden düzülen polklaryň ýedisi bardy. Olaryň dürli öwüşginli lybaslary, bogazyna salyp gürleýän ýogyn sesleri, surnaý owazlary Teke atly polkunyň esgerleriniň gelmegi bilen öz ähli täsirini ýitirdi. Örän owadan türkmen bedewleri, uzyn boýly we syrdam türkmenler özleriniň owadan keşpleri, ajaýyp bezelen, gymmatbahaly gynly egri gylyçlary tutuş diwiziýanyň ünsüni özüne çekdi. Diwiziýanyň esgerleri we serkerdeleri biziň bedewlerimize hem-de ýaraglarymyza maýyl bolup, biziň ýanymyza gelip, olary almak üçin uly möçberde pul hödürleýärdiler» diýip, H.Hajyýew öz kitabynda ýazýar.[133]

Uzaga çekmedik dynç alyşdan soň, diwiziýa Teke atly polky bilen wagtlaýynça bilelikde hereket edip, awstriýa goşunlarynyň üstüne çozmaga taýýarlanyp başlady.

«At-la-an! Polk aralyk

bäş atly, eşelon tertibinde, öňdäki eskadron meniň yzym bilen öňe! Pulemýot topary eskadronyň yzy bilen öňe!» diýip, polk komandiri Kýugelgeniň haýbatly buýrujy sesi ýaňlanýar. Öňe süründik. Howada egri gylyçlar ýalpyldaýardy. Hemmeler öňe seredýärdiler. Naýzalar ele alynýar. Uzynlygy bäş wýorsta ýetýän meýdan tutuşlygyna atlaryň aýak astyndan çykýan tozan dumanyna duwlanýar. Onuň aňyrsynda nämeleriň bolup geçýändigi belli däldi.

– Babah...babah...uh...krýak, krýak! – agyr snarýadlar..., top oklary biziň ýokarymyzda ýarylýardy. Tozanlardan emele gelen perdäniň ýanyna baranymyzda türkmenler «Alla» diýip, öňe okduryldylar. Howada aýylganç sesler ýaňlanýardy...

Duşman tutuş atly diwiziýanyň hüjüme geçendigini görüp, artilleriýa okuny has-da güýçlendirdi. Men öz serkerdämiň buýrugyny ýerine ýetirýän mahalymda, häzir hem aňymdan öçmedik örän täsirli söweş wakasynyň şaýady boldum. Tutuş sekiz atly polkdan ybarat bolan goşun söweş ýagdaýynda ýaýbaňlanyp, dumana duwlanan «diwaryň» ýanyna golaýlaşýardy. Atlylaryň ellerinde egri gylyçlaryň müňlerçesi Gün şöhlesine göwher kimin ýaldyraýardy. Atly goşunlaryň uzyn hatarlary äpet tolkun kimin öňe süýşýärdi. Şu pursada çenli bir ýerde jemlenen şeýle köp sanly atly goşunlary görmänligim sebäpli men bu görnüşe örän haýran galyp, syn etdim. Bu kuwwatly aýylganç harby güýç öz agramy bilen öňde duran ähli päsgelçilikleri, şol sanda pyýada goşunlary hem tutuşlygyna süpürip gitjege meňzeýärdi» diýip, H.Hajyýew kitabynda belleýär[134].

Bu söweş Teke atly polkunyň german-awstriýa frontuna gatnaşan iň soňky harby hereketi boldy. Söweşden soň, türkmenler Kaluşa we Stanislawowo şäherleriniň ilatyny goşundan gaçan esgerleriň talaňçylygyndan goradylar.

Iýul aýynda Günorta-Günbatar frontuň goşunlarynyň täze serkerdebaşysy L.G.Kornilowdan (7-nji iýulda bellenilýär) Teke atly polkunyň gyssagly suratda Kamenes-Podolsk şäherine gelip, frontuň ştabynyň goragynda dur-

malydygy baradaky buýruk berilýän telegramma gelip gowuşýar.

Şunuň bilen türkmen polkunyň Birinji jahan urşuna gatnaşmagy tamamlanýar. Polkuň esgerleri ykbalyň emri bilen «aklaryň» hereketine goşulmaly bolýarlar.

# III. TEKE ATLY POLKY WE RUSSIÝADA «AKLAR» HEREKETI

Şeýlelikde, Teke atly polky geljekki «aklar» hereketiniň guramaçysy we ruhlandyryjysy general Lawr Georgiýewiç Kornilowyň garamagyna gelip gowuşýar.

L.G.Kornilow (18.08.1870 – 13.03.1918 ý., Semipalatinsk şäherinde dogulýar. Baryp 1903-nji ýylda Daşkentde 1-nji Türküstan atyjylyk batalýonynda gulluk eden Sowet Soýuzynyň Marşaly B. M. Şapoşnikowyň öz ýatlamalarynda ýazyşy ýaly, onuň bilen bile podporuçik Pýotr Kornilow hem gulluk edipdir. Ol «köpler tarapyndan tanalýan, soňra general bolan Kornilowyň dogany eken. Kiçi Kornilowyň gürrüň bermegine görä, olar Günbatar Sibirde ýaşapdyrlar. Kakasy rus bolup, uýezd naçalniginiň terjimeçisi wezipesinde işläpdir. Ejesi bolsa ýönekeý gyrgyz aýaly (gazak aýaly – Ö.G.) bolupdyr. Kornilowlaryň mongol sypat keşpleri şunuň bilen düşündirilýär»[135].

L.G.Kornilow ilki Sibir kadet korpusynda, soňra bolsa Mihaýlowyň artilleriýa uçilişşesinde okaýar. 1892-nji ýylda podporuçik harby çininde ol Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän Türküstanyň artilleriýa brigadasyna gulluga iberilýär. Boş wagtlarynda ol ýerli halklaryň dillerini öwrenipdir.

Üç ýyldan soň, L.G.Kornilow Baş ştabyň Nikolaýew akademiýasyna diňleýji bolup girýär we ony 1898-nji ýylda 1-nji derejede, beýleki dersler bilen bir hatarda iňlis, nemes, fransuz, pars dillerini kämil ýagdaýda özleşdirmek bilen tamamlaýar. Ýaş esger indiki gulluk ýeri hökmünde Türküstany saýlap alýar we 1899-njy ýylyň fewralyndan 1904-nji ýylyň mart aýyna çenli Türküstan harby okrugynyň ştabynda gulluk edýär.

Şol ýyllar rus-owgan araçäginde iňlisler owganlara berkitmeleri gurmaga kömek beripdirler. Russiýanyň elinde bolsa, şol berkitmeleriň çyzgylary bolmandyr. Iberilen rus aňtawçylarynyň üsti açylyp, ýok edilipdir. Bu zatlar anyklanandan soň, kapitan Kornilow hiç kime duýdurman, ýanyna iki türkmen ýigidini alyp, serhetden geçýär. Olaryň



Rus goşunyň belent serkerdebaşysy general L. G. Kornilow (1870–1918).

üçüsi hem türkmen lybasyny geýinipdirler: donly we telpekli, mongol sypat Kornilowy aziýaly hasaplapdyrlar. Ol öz ýany bilen fotoapparat we kiçijik albom alýar. Olar alty hepdeläp owgan obalaryna aýlanypdyrlar. Olary eýýäm ölendir öýdüpdirler. Ine, birdenem garadan gaýtmaz kapitan peýda bolýar, üstesine-de berkitmeleriň çyzgysyny we suratlary ýany bilen getirýär[136].

L.G.Kornilow Eýranda, Hindistanda, Hytaýda gulluk saparlarynda hem bolýar. Onuň Gündogar ýurtlary baradaky düzen ylmy synlary iňlis harby hünärmenlerini hem gyzyklandyrypdyr. 1903-nji ýylda Türküstanyň harby okrugynyň ştabynda neşir edilen «Kaşgarystan ýa-da Gündogar Türküstan» we «Türküstan bilen serhetleşýän ýurtlar baradaky maglumatlar» diýen kitaplary bu ülkeleri öwrenmek işlerine uly goşant boldy[137].

Kornilow rus-ýapon urşunda hem tapawutlanyp, Georgiý hajynyň 4-nji derejesine, Altyn ýaraga mynasyp bolýar we polkownik derejesine çenli ösdürilýär. Birinji jahan urşunda Kornilow general derejesinde A.A.Brusilowyň Baş serkerdeligindäki Günorta-Günbatar frontuň 8-nji goşunynyň diwiziýasyna serkerdelik edýär. Söweşleriň birinde, ol ýesir düşýär we soňra ondan gaçyp gutulmagy başarýar. 1916-njy ýylyň 13-nji sentýabrynda edermen general Günorta-Günbatar frontuň Aýratyn goşunynyň düzümine girýän 25-nji goşun korpusynyň serkerdesi wezipesine bellenilýär.

1917-nji ýylyň 2-nji martynda Kornilow Wagtlaýyn hökümet tarapyndan Petrograd harby okrugynyň baş serkerdesi, eýýäm 7-nji martda bolsa ol, Şa zenanyny tussag et-

mek üçin Sarskoýe selo obasyna iberilýär. Geň galaýmaly zat. Şa zenany özüni «täze hökümetiň haýsydyr bir agzasy däl-de, şöhratly general Kornilowyň tussag edendigine» kanagatlanma bildiripdir[138].

Özüniň erjel haýyş etmegi boýunça general ýene-de Günorta-Günbatar frontuň 8-nji goşunyna (Brusilowyň öň serkerdelik eden goşuny) serkerdelik etmek üçin hereket edýän goşuna bardy.

1917-nji ýylyň 18-nji iýunynda şöhrat gazanan bu goşun hüjüme başlaýar we Kaluž şäherini eýeleýär. Şonda awstriýalylaryň 36 müňüsi ýesirlige alynýar. Şu ýeňiş üçin Kornilowa Wagtlaýyn hökümet tarapyndan infanteriýa generaly (doly general) derejesi berilýär, 7-nji iýulda bolsa ol Günorta-Günbatar frontuň Baş serkerdebaşysy wezipesine bellenilýär. Ol öz wezipesine girişmek bilen, frontuň ştabynyň goragy üçin Teke atly polkundan atly esgerleriň 25-sini ibermegi talap edýär. Olara ýolbaşçylyk etmek H.Hajyýewe ynanylýar. Ol şeýle ýatlaýar: «Polkuň komandiriniň eskadronyň serkerdeleriniň teklipleri boýunça maňa adamlaryň beriljekdigi barada eşidenimden soň, öz teklibimi aýtmaga rugsat aldym we meniň üstüme örän jogapkärli wezipäniň düşýändigini aýtdym. Şol sebäpli hem men Teke atly polkunyň serkerdesi hökmünde frontuň ştabyny goramak üçin öz oňat tanaýan adamlarymy saýlap aljakdygymy, şeýle hem kynçylyklar ýüze çyksa, esgerleriň sanyny 40-a çenli köpeltmek baradaky haýyşymy beýan etdim»[139].

Şu pursatdan başlap, tä general Kornilow wepat bolýança Han Hajyýew onuň iň ynamdar adamlarynyň biri bolýar. Türkmen atly jigitleri Kamenes-Podolsk şäheriniň stansiýasyna gelýärler. Şol ýerden hem Baş serkerdebaşynyň otlusy Mogilýow şäherine tarap ugraýar. «Atly ýigitler öz daşky sypatlary, düzgün-nyzamy, lybaslarynyň üýtgeşikligi bilen ştabdaky ýokary harby çinli serkerdeleriň ünsüni özüne çekdi. Uzyn boýly, syrdam ýigitler gyrmyzy don geýipdirler. Olaryň çeýe göwreleri owadan ýüpek donlary giň we ýogyn guşaklar bilen berk dartylyp daňlypdyr. Guşaklaryň ýokarsyndan ak saply jöwher pyçaklary asypdyrlar. Ol guşaklaryň ýokarsynda bolsa, dürli gymmat daşlar bilen bezelen ýene bir kümüş guşak bolup, oňa egri gylyç berkidilipdir.

Esgerleriň Güne ýanan görmegeý keşpleri, silkme telpekleriň astynda häli-şindi uçganaklap duran göreçleri, ýalpyldap duran ak dişleri frontuň ştabynyň ýokary çinli serkerdelerini haýran galdyrypdyr» diýip, H.Hajyýew öz ýatlamalarynda ýazýar[140].

Otly örän uly tizlik bilen Mogilýowa tarap ugrady. Ol öýlerine tizräk barmak isleýän gaçgak esgerlerden hyryn-dykyn doly stansiýalarda saklanman barýardy. Ýöne suw almak üçin wagtal-wagtal saklanmaly bolýardy. Şonda jigitler gylyçlaryny gynyndan çykaryp, ýere böküp düşýärdiler. Olar üç ädim çemesi otludan daşlaşyp, ýene oňa tarap ýüzlerini öwrüp durýardylar. Hiç kim otla golaýlaşmaga milt edip bilmeýärdi. Atly ýigitler generala «Uly Boýar» diýip ýüzlenýärdiler. Kornilow olar bilen häli--şindi gürrüňdeş bolup, ýigitlerden haýsy obadandyklaryny, özüniň Owganystana bile giden dostlary barada türkmençe sorap, bile çaý hem içer eken. Bu bolsa «Garagum gaplaňlarynyň» sada kalbynda hormat-sylag duýgularyny döredipdir.

Gazak professory M.Abdirowyň belleýşi ýaly, «Özüniň ynandyrmalaryna görä, ol (L.Kornilow – Ö.G.), Ýewropany halamaýan eken we aziýalylar bilen iş salyşmagy gowy görüpdir.» Onuň şahsy gorag gullugyna tutuş diýen ýaly türkmenleriň, Teke atly polkunyň jigitleriniň girizilmegi ýöne ýere däldi. Kornilow olar bilen türkmençe ýa-da parsça gürleşýän eken. Ak telpekli, gyrmyzy donly, billeri owadan gamaly türkmen ýigitleriniň haýbatly keşbi duşmanlaryň inini titredipdir. Kornilowyň gatyşyk ganly adam bolandygy we ýerli halklaryň dillerini bilýändigi sebäpli, general asly Türküstandan we Kawkazdan bolan musulman esgerleriň arasynda uly abyraýa eýe bolupdyr[141].

Kornilowyň otlusy Berdiçew şäherinde saklanýar. Şol ýerde hem generala A.F.Kerenskiden Russiýa goşunynyň belent Baş serkerdebaşysy wezipesini kabul etmek baradaky teklip gelip gowuşdy.

Şonda L.G.Kornilow birnäçe şert goýdy we olara Wagtlaýyn hökümetiň berjek jogabyna garaşdy. Ol goşunda we goşunyň yzynda gaçgaklyk edýän harby gullukçylar üçin ölüm jezasyny girizmek; serkerdeleriň düzgün-tertip babatdaky ygtyýarlyklaryny gaýtadan dikeltmek; goşun komitetleriniň hukuklaryny çäklendirmek; goşunda açyk



General L.G.Kornilowyň Döwlet maslahatynyň mejlisine gelişi. Açyk otly platformasynda garawul teke jigidi 1917 ý.

meýdanda geçirilýän ýygnaklary, döwlete garşy wagyz ýöretmegi we her hili wagyzçylaryň frontuň öň hatarlaryna barmagyny gadagan etmek ýaly talaplary öz içine alýardy. Kornilow hut Berdiçew şäherinde hem H.Hajyýewe «han» derejesini berýär» (soňra ony Hywa hany hem tassyklaýar) we ýokary çinli serkerdeleriň indiden beýläk oňa «han» diýip ýüzlenmelidiklerini berk tabşyrýar[142].

1917-nji ýylyň 19-njy iýulynda Wagtlaýyn hökümet generalyň şertlerini kabul edýär. Kornilow Günorta-Günbatar frontuň belent serkerdebaşysy wezipesini N.N.Duhonine tabşyrýar. Berdiçewde sekiz günläp durandan soň, Belent serkerdebaşy Russiýa goşunynyň stawkasynyň ýerleşýän ýeri Mogilýow şäherine barýar. Ony müňlerçe adam gül bilen garşylaýar. Generalyň goragynda duran türkmenler hemmelerde haýran galmak we gyzyklanma duýgularyny oýardy. «Wagşy diwiziýasy» romanynyň gahrymanlarynyň biri türkmenleri şeýle suratlandyrýar: Orta Aziýa sähralarynyň bürünç sypat adamlary uzyn boýly we syrdam hem-de «biziň beýleki milletlerimizden» has daýanykly. Olaryň hemmesi ajaýyp atlara atlanypdyrlar. Söweşde munuň özi duran bir gudrat! Atlylaryň gykylyklary, gyzan bedewleriň kişňeýşi we rehimsiz garpyşyklar. Diri galanlary atlar depip gapýardylar[143].

Kornilow Mogilýowda dessine düzgün-tertibi ýola goýýar. Şu wagta çenli bu ýerde özlerini hojaýyn saýyp gelen esger deputatlaryň geňeşiniň indi jyňky çykmaýardy. Stawka iki gubernatoryň öýünde ýerleşýärdi. Kornilow gelenden soň, bu jaýyň içki goragy tutuşlygyna jübüt bolup, goragda durýan tekelere ynanylypdy. «Şu pursatdan agyr hem jogapkärçilikli iş başlandy, – diýip H.Hajyýew ýazýar — Näme üçin ol agyr iş? Söweş

ýagdaýyndan soň türkmenler meniň bilen bilelikde Uly Boýaryň ýanyna gelenlerinden soň, wagtynda dynç alman, gije diýmän, gündiz diýmän gorag gullugynda durýarlar. Olar hemişe gulluk ýerinde mäkäm durup, 3–4 gije – gündizläp diýen ýaly eşiklerini çalyşman durýarlar we doly ukusyny almaýarlar. Işdälerem gowy däl. Türkmenler esgerlere nahar taýýarlanylýan umumy gazandan iýmekden ýüz öwürýärler... Konserwalar, çaý-çörek bilen iýmitlenip, olar seýrek hem bolsa pul goşup, et alýarlar we palaw bişirýärler. Kamenes-Podolskiden gyssagly ýagdaýda gaýtmaly bolup, geýim-gejimlerem ýeterlik almandyrys. Şonuň üçinem esgerleriň eşikleri kirleýär we çalt tozýar. Gowy habar aýtsam, olar çaga ýaly begenýärdiler, ýaramazrak täzelik aýtmaly bolanda olar gynanýarlar we menem bilelikde gynanýardym. Bu zatlaryň hemmesi olaryň keýpini gaçyrýardy. Ýöne olar özleriniň göwnüçökgünligini ýüze çykarman, sabyr-takatlylyk bilen Uly Boýara gulluk etmeklerini dowam edýärdiler».[144]

Belent Serkerdebaşynyň iş güni, adatça, daşary ýurt wekillerini kabul etmekden başlanýardy. Bu gezek ol Beýik Britaniýadan general Barteri we polkownik Edwersi, Fransiýadan general Žaneni, Ýaponiýanyň, Italiýanyň, Rumyniýanyň we beýlekileriň wekillerini kabul etdi. Soňra türkmenler tarapyndan degişme äheňinde «gyzyl ýüzli» diýlip atlandyrylýan, ştabyň başlygy, general Lukomskoý hasabat berýär.

1917-nji ýylyň awgust aýynyň başynda Teke atly polky Kamensk-Podolskdan Mogilýowa gelip, şäheriň etegindäki Lupolowa obasynda ýerleşdi. Diňe polkuň komandirine şäherden jaý berildi. Şol wagtlar Oraz serdar rugsatdan gulluga gaýdyp geldi. Ol gelenden öýe gaýtmak baradaky gürrüňler bes edildi. Serdar «watan üçin agyr günlerde türkmenler howsala düşmeli däldirler» diýip, berk aýtdy.

1917-nji ýylyň 9-njy awgustynda Kornilowyň adýutanty polkownik Golisyn gorag gullugynyň başlygy H. Hajyýewe 40 atly jigide baş bolup, Petrograda çenli Belent serkerdebaşyny ugratmak barada buýruk berdi. Olara iki pulemýot hem berildi. 10-njy awgustda Kornilow Newa boýundaky şähere bardy. Ony Wagtlaýyn hökümetiň agzalary B. Sawinkow, Filonenko, Tereşenko garşyladylar[145].

Belent Serkerdebaşynyň otlusynda goragçy esgerleriň bir

topary galdy. H.Hajyýew bolsa Kornilow hem-de jigitler bilen bäş awtoulagda Gyş köşgüne bardylar. Tekeler ýaraglaryny donunyň astynda gizläp, köşgüň içine alyp girdiler. Ikinji pulemýot bolsa daşarda, bagyň içinde goýuldy. Ýygnak geçirilýän zala girmezden ozal, polkownik Golisyn kornet H.Hajyýewe bir garaşylmadyk ýagdaý ýüze çyksa, buýruga taýýar bolup durmagy tabşyrdy. Jigitleriň 8-si köşgüň girelgesinde durup, içki goragdakylaryň hüjümini gaýtarmaga taýýar boldular. Esgerleriň ýene 6-sy ýygnak geçirilýän jaýyň gapysynda, galanlary bolsa basgançaklaryň ugrunda bagyň içinde goýlan pulemýota çenli nyzama düzüldiler[146].

Bu seresaplyk çäreleri tötänleýin däldi. Wagtlaýyn hökümetiň başlygy A.F.Kerenskiniň rus-german frontundaky şowsuzlyklar üçin ähli günäni Kornilowa ýöňkäp, Baş serkerdebaşyny tussag etmekçi bolýandygy barada maglumat bardy. «Galagoply garaşmak ýagdaýynda ep-esli wagt geçdi – diýip, H.Hajyýew ýatlaýar. – Ýagdaý şeýle dartgynly bolansoň, endamyňdan garynja ýöreýän ýaly bolýardy. Bokurdaklar gurapdy. Kabulhananyň açyk gapysyndan Şaguly bilen duran jigitleriň — ünsli, dikanlap bir nokada seredýän jigitleriň ýüzlerine gözüm düşdi. Olaryň biri egri gylyjyň sapyna elini ýetirse, beýlekisi gamasyny eline alyp görýär, ýene biri bolsa tutluşyk wagty päsgel bermez ýaly telpegini has ykjamrak geýýär. Biziň her birimiz polkownik Golisynyň ýygnaklar jaýyndan çykaryna tolgunma bilen garaşýardyk. Boris Sawinkow we Tereşenko kabulhana girdiler. Olaryň ikinjisi:

– Ne ajap! Üýtgeşik öwüşginli lybasly esgerler gözüňe dynç berýär! Siz, general Kornilowdan şu batyr jahyllaryň 40-syny Petrogradda galdyrmagyny haýyş edäýiň – diýip, ýoldaşyna ýuwaşjadan aýdýar.

– Bu başartmazmyka diýýärin. Olar diňe Kornilowa wepalydyrlar – diýip, Sawinkow bu teklibi oňlamady.

– Siz şu ýerde, biziň ýanymyzda galmaga razy bolarmysyňyz? – diýip, Tereşenko menden sorady.

– Ýok, galyp bilmeris. Biz diňe Belent serkerdebaşa gulluk edýäris — diýip, jogap berdim.

– Hä-ä! – Sawinkow öz kiçijik ýiti gözlerini süzüp, agzyndan çilim tüssesini goýberýär.

– Han, bu jenaplaryň başyny almaly bolarysmy? – diýip, Şaguly Sawinkow çilimini çekip, ýygnaga girjek bolup durkam menden soraýar. Men

hiç zat jogap bermedim. Emma Wagtlaýyn hökümetiň agzalarynyň şadyýan ýüzlerine seredip, «Olar ýene birnäçe minutdan biziň egri gylyjymyzyň zarbyndan, kelleleriniň alynaýmak howpunyň bardygyny duýmaýarmykalar?» diýip, pikir etdim[147].

Iki sagada çeken mejlisden soň, polkownik Golisyn biziň ýanymyza gelip, hemme zadyň ýerbe-ýerdigini habar berdi. 15 minut çemesi geçenden soň, Kornilow hem zaldan çykdy we olaryň hemmesi otla bardylar. Günortanlyk nahary mahaly ol ýere Wagtlaýyn hökümetiň baştutany hem geldi.

– Hä, ýagşy ýigit, men Kerenskiý! — diýip, ol türkmenler bu ady eşidip guwanarlar öýtdi.

– Bolmaýa! – diýip, goragçy jigitler gysgaça, pert jogap berdiler. Bu sahnajygy wagonyň penjiresinden synlap duran Belent serkerdebaşy, otlynyň ýanyndaky meýdança düşüp, «Özüni Napoleon däldir öýtmeýän bu masgarabazy goýberiň!» diýip, olara türkmençe buýruk berdi»[148].

Gepleşikler netijesiz tamamlandy. Şol wagtlar nemesler Riga güýçli hüjüm edýärdiler. Ol ýerden bolsa Petrograda tarap göni ýol açylýar. Ýurduň içinde bolsa bolşewikleriň topalaňy howp salýardy. Kornilow özüniň wepadar nökerleri bilen Mogilýewa dolanyp bardy.

Stawkada frontdaky şowsuzlyklar hakyndaky habarlary alan ýokary çinli serkerdeler howsala düşýärdiler. Liberal intelligensiýanyň we iri senagatçylaryň wekilleri Kornilowa syýasy taýdan uly umyt baglaýardylar. Olar generaly ýaňy döräp başlan «aklar» hereketiniň başynda görýärdiler.

Şu ýagdaýlarda A.F.Kerenskiý ony 12-nji awgustda Moskwada Döwlet maslahatyna çagyrýar. Oňa orta gürpdäki sagçy we orta gürpdäki çepçi syýasy serkerdeleriň wekilleriniň iki ýarym müňden gowgary gatnaşýar. Wagtlaýyn hökümetiň başlygy merkeze ymtylýan güýçleriň başyny jemleýji hökmünde çykyş etmegi maksat edinýärdi. Emma hemme zat başgaça bolýar. 12-nji awgustda general Kornilow Moskwa geldi. Otly Belorus wokzalynda saklandy. Onlarça müň adam Belent serkerdebaşyny gül bilen garşyladylar. Ol bezemen geýnen türkmen esgerleriniň ugratmagynda Iweriýa Bibi Merýemiň kiçijik ybadathanasyna baryp çokundy we ýene demir ýol menziline gaýdyp geldi.

«Polkownik Golisyn wagona hiç kim golaýlaşyp bilmez

ýaly, ony berk goraga almagy buýurdy» – diýip, H. Hajyýew ýazýar.

– Häzir örän möhüm ähmiýetli maslahat bolmaly – diýip, polkownik Golisyn maňa aýtdy. Şol pursat gylyçlar lowurdadylyp, gynlaryndan çykaryldy we wagonyň daşy tekeler tarapyndan halkalaýyn goraga alyndy. Iki sagatdan soň, maslahat tamamlandy we oňa gatnaşyjylar demir ýol menzilindäki meýdança çykdylar. Bu ýerde olary ýörite şäherden gelen fotosuratçy surata düşürdi. Belent serkerdebaşy meni öz ýanyna çagyryp, bile surata düşmegi buýurdy. Şondan soň polkownik Golisyn maňa Moskwa maslahatynyň petegini gowşurdy we ertesi Belent serkerdebaşynyň Uly teatra gidýändigini we maňa öz ýanynda bolmagymy buýrandygyny aýtdy[149].

13-nji awgustda ir bilen türkmen esgerleri Uly teatryň girelgesinde goraga goýuldy. Şöhratly generaly görüp, ruhy göterilen moskwalylar Kornilowy ellerinde göterip, teatra eltdiler. Belent serkerdebaşy mejlisler zalyna girende, ýygnananlar ör turup, el çarpyşdylar, millioner zenan Morozowa bolsa onuň öňünde tagzym etdi[150].

Mejlise gatnaşýan Wagtlaýyn hökümetiň agzasy P.Milýukow ýatlamalarynda: «Pes boýly, ýöne galmyk ýüz keşbi bolan berk bedenli, kiçijik gara gözleri içiňden geçip barýan garaýyşly, gözlerinde ot ýanyp duran adam sahnada peýda boldy. Tutuş zal diýen ýaly, ýerinden turup, «Belent mertebelini» mübärekledi» diýip ýazýar[151].

Delegatlar generaly «halk gahrymany» diýip atlandyrdylar, ony öz liderleri saýdylar. Kornilowyň çykyşynyň arasy el çarpyşmalar bilen ýygy-ýygydan kesildi. Ol mejlisiň soňlanaryna garaşman çykdy-da, Mogilýowa ugrady. Edara binasyna galagoply habarlar bilen uruş generallary gelip başladylar. Şol wagtyň özünde bolsa ýurtda iki häkimlilik emele geldi. Kornilow araçyllaryň üsti bilen Halk goranyş geňeşi diýlip atlandyrylýan guramany döretmek we oňa häkimiýetiň ähli wekilçiligini bermek hakynda hökümet bilen gepleşikleri alyp bardy (Kornilow — başlyk, A.F.Kerenskiý – orunbasar). 1917-nji ýylyň 23-nji awgustynda edara binasyna Wagtlaýyn hökümetiň taslamasynyň baş edara ediş bölüminde goldanylandygyny aýtmak wezipesi ynanylan B. W. Sawinkow geldi.[152]

Edara ediş binasynda B.W.Sawinkow ýene-de türkmen esgerlerini gördi. «Wagşy diwiziýa» eseriniň awtory N.N.Breşko-



Polkownik Nikolaý han Ýomudskiý.

Breşkowskiý türkmenler barada şeýle ýazypdyr: «Gapyda uzyn boýly, edenli, şol bir wagtyň özünde-de syrdam, ýeňil gopýan çeýe türkmenler durdular. Gündogara mahsus gara gözlerde haýsydyr bir aýratynlyk gizlenip, olaryň örän işjeň adamlardygyndan habar berýärdi. Merkezi edara gelýän her bir adamy tekeler nazary bilen depesinden dabanyna çenli synlaýardylar. Olar garaýyşlary bilen gelýänleriň kalplaryna aralaşyp, olaryň boýaryň garşysyna haýsydyr bir bet niýetiniň bardygyna ýa-da ýokdugyna göz ýetirmek isleýärdiler... Olar möhletleýin durýan garawullar däldiler. Türkmenler örän wepaly, sak garawullar we öz boýarynyň janpenalarydylar. Olar biçak wepalylyk bilen merkezi binada garawulçylyk çekýärdiler. Sawinkow awtoulagda gubernatoryň öýüniň ýanyna geleninde, bu egri gylyçly ajaýyp jigitleriň Kornilowa wepalydygyna göz ýetirdi. Ol bu barada öňem eşidipdi. Olar öz boýarynyň ýşaraty esasynda kim gabat gelse öldürmäge we onuň üçin öz janyny hiç bir gypynçsyz bermäge taýýardylar. Rewolýusion harby ministr şol pursatda Russiýada Sawinkow ýa-da Kerenskiý üçin özüni gurban edip biljek şular ýaly adamlaryň az sanlysynyň hem tapylmajakdygy barada pikir etdi.[153]

1917-nji ýylyň 24-nji awgustynda Kornilow general A.M.Krymowy Petrograddaky Aýratyn goşunyň baş serkerdebaşysy, general P.W.Krasnowy bolsa «Wagşy diwiziýanyň» 3-nji atly korpusynyň serkerdeligine belledi. 20-njy awgustda bu diwiziýany rumyn frontundan Newel-Nowosokolniki-Welikiýe Luki sebitine geçirmek barada buýruk berildi.

Baş edara binasynyň ştaby-

nyň baştutany general Lukomskiý bir oňaýsyzlygy duýdy: «Siziň (Kornilowyň — Ö.G) Atly korpusy ýerleşdirmek üçin saýlap alan künjegiňiz eger-de ony Petrograda ýa-da Moskwa geçirmeli bolsa, oňat ýaly, ýöne meniň pikirimçe, eger-de demirgazyk fronty güýçlendirmek barada gürrüň gidýän bolsa, onda bu ýer o diýen şowly bolmaz».

Şonda Kornilow öz kömekçisine hakykaty aýtmagy makul bildi: «Siziňki dogry. Men atly korpusy awgustyň aýagynda Petrograda çekmek üçin herekete girizýärin. Eger-de bolşewikler hüjüm etseler, Watan dönükleri bilen haklaşmak üçin şeýdýärin... Men bu işi general Krymowa tabşyrmak isleýärin».[154]

Şeýle-de bolsa islendik baştutanyň buýrugyna taýýar wagonlarda saklanan goşun öz gymmatly wagtyny ýitirdi. Krymow Welikiýe Lukide garaşmak bilen, goşuna barmady. Krasnow bolsa korpusyň ýanyna diňe 28-nji awgustda ugrady.

B. Sawinkow A.F.Kerenskiniň talaby boýunça «Wagşy diwiziýany» Petrograda girizmezlik barada Kornilowdan haýyş etdi. Ol muny «gelmişekler» «ruslaryň işine» goşulmaly däldir diýip delillendirdi. Kornilow bolsa öz diýenini tutdy we ahyrynda B.Sawinkow onuň bilen ylalaşdy. N.N.Breşko-Breşkowskiniň pikirine görä, «musulmanlara hemişe bil baglasa bolar. Olar Russiýanyň şalygynyň düzümine giren hristian halklar ýaly däldiler. Hut musulmanlar häkimiýetiň we tagtyň iň ygtybarly sütünleri boldular».[155]

1917-nji ýylyň 27-nji awgustynda Baş edara binasyna telegramma gelip gowuşdy. Onda şeýle sözler bardy: «General Kornilowa. Size general Lukomskä haýal etmän wezipäňizi tabşyrmagyňyzy buýurýaryn. Siz gyssagly Petrograda gelmeli. Kerenskiý».[156]

Kornilow Belent serkerdebaşynyň wezipesini bermekden ýüz dönderýär we goşuny Petrograda tarap sürmek barada karara gelýär. Teke atly polky Günbatar frontuň tylynda — Mogilýow-Minsk künjeginde 27-nji awgusta çenli galdy[157].

Köp sanly gazetleriň 27-nji awgustdaky gyssagly neşirlerinde Kornilow Watan dönügi diýlip atlandyryldy. General çagyryş bilen halka ýüzlenmek kararyna geldi. Ýöne Mogilýowyň metbugat öýüniň rewolýusion meýilli işçileri kapitan Bragine generalyň buýrugyny ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermediler. Jigitleriň birnäçesi kiçi

serkerde Babahan Meňlihanowyň ýolbaşçylygynda metbugat öýüne geldiler we 28-nji awgustda ir bilen generalyň çagyryşy çap edildi. Onda şeýle sözler bar: «Rus raýatlary! Biziň beýik Watanymyz egbarlady. Onuň heläk boljak pursady golaýlady. Men, general Kornilow açyk çykyş etmäge mejbur bolýaryn. Geňeşlerde bolşewikleriň köplüginiň täsiri astynda Wagtlaýyn hökümet Germaniýanyň baş ştabynyň meýilnamalary bilen doly ylalaşykda hereket edýär we duşman güýçleriniň Riganyň kenarýakalarynda ýerleşip, goşuny gyrýandygyny hem-de ýurdy içinden çaýkaýandygyny aýdýaryn. Ýurduň gutulgysyz heläk boljakdygy baradaky düşünje maňa şu galagoply pursatlarda ähli rus raýatlaryny, kimiň gursagynda rus ýüregi gürsüldeýän bolsa, kimde-kim Hudaýa ynanýan bolsa, ybadathanalarda, dogada Beýik Biribary ýatlap, mähriban topragy halas etmek üçin dileg edýän bolsa Watany halas etmäge çagyrmaga iterýär. Men, general Kornilow, kazak daýhanynyň ogly bolmak bilen, hemmelere we her bir adama ýüzlenip, maňa hiç zat gerek däldigini, diňe Beýik Russiýany gorap saklamagyň zerurdygyny mälim edýärin hem-de Esaslandyryjy Ýygnaga çenli duşmandan üstün çykmak arkaly, halky ýeňşe eltjekdigime kasam edýärin. Esaslandyryjy Ýygnakda ol öz ykbalyny özi çözer we täze Döwlet durmuşynyň ýörelgesini ykrar eder. Russiýany german taýpalaryna satmaga we rus halkyny nemesleriň guluna öwürmäge meniň ynsabym çatmaýar. Meniň bu güýjüň öňünde durmaga ýeke özümiň gurbatym çatmaz we söweş meýdanynda ölenimi dogry hasaplaýaryn. Rus topragynyň masgaraçylygyny görmezlik üçin rus halky, seniň Watanyň ykbaly seniň öz eliňde».[158]

«Aklar» hereketiniň geljekki baştutany general A.D.Denikiniň sözlerine görä, generalyň bu çykyşynda Wagtlaýyn hökümetiň ähli agzalaryny Germaniýanyň baş ştaby bilen aragatnaşyk saklaýandyklary üçin günäkärlemegi, hökümetdäki ruhy egindeşleriniň ondan ýüz döndermegine getirdi. Ýöne Baş serkerde özüniň sözlerine aýratyn ähmiýet bermedi, sebäbi ol hökümet agzalaryny baş Edara ediş binasyna gepleşik geçirmek üçin çagyrdy. Ýöne hiç kim muňa seslenmedi.

A.F.Kerenskiý Baş serkerdeden 3-nji atly korpusyň Petrograda bolan hereketini tog-

tatmak we özünden Baş serkerdäniň borçlaryny aýyrmak bilen baglanyşykly buýrugy ýatyrmagy talap etdi. Kornilow mundan ýüz dönderdi we 1917-nji ýylyň 29-njy awgustynda general Krymowa paýtagta girmek hakynda buýruk berdi. Şol günlerde Petrogradda Bütinrussiýa musulmanlarynyň gurultaýy geçýärdi. Onuň delegatlary hökümetiň tarapyna geçdiler. Musulman deputatlary «Wagşy diwiziýa» bilen duşuşmaga ugradyldy. Olaryň hatarynda Şamiliň agtygy hem bardy. Oňa aýratyn umyt bildirilýärdi. Wagyz edýänleriň hatarynda Öwezberdi Kulyýew hem bardy. Ol 1917-nji ýylyň fewral rewolýusiýasy wagtynda Petrograddady.[159]

Rewolýusiýa garşy gozgalaň başa barmady. Onuň sebäpleri hakynda aýdyp oturmalyň, bu biziň barlaglarymyzyň çygryndan çykýar. Ýöne S.M.Kirowyň teklibi boýunça ugradylan musulman wekiliýetiniň aýratyn ähmiýetiniň bolandygyny aýtmak gerek. Olaryň geçiren wagyz-nesihat işlerinden soňra, «Wagşy diwiziýanyň» polklarynda serkerdeler tussag edilip başlandy. 30-njy awgustyň agşamyna çenli tutuş Kawkaz korpusyny tolgunyşyklar gurşap aldy. General Krasnow tussag edildi. General Krymow bolsa özüni heläkledi.

Ýöne general Kornilow boýun bolmak islemedi. Ol Teke atly polkuna Mogilýow şäherini doly eýelemegi we öz goragynda saklamagy buýurdy. 31-nji awgustda bolsa, Wagtlaýyn hökümete täze tekliplerini ýazyp iberdi. Ýöne A.F.Kerenskiý eýýäm Baş edara ediş binasyny ýatyrmak we Mogilýowy eýelemek üçin goşun bölüp bermek kararyna gelipdi. L.G.Kornilow söweşe taýýar bolup durdy. General M.W.Alekseýew Belent serkerdebaşyny Wagtlaýyn hökümete boýun bolmaga zordan yrdy. M.W.Alekseýewiň özi bolsa A.F.Kerenskiniň ýanyndaky ştabyň baştutanlygynyň wezipesine zorluk bilen razy boldy. Ol muny Kornilowy we onuň egindeşlerini esgerleriň hem-de Watglaýyn hökümetiň «harby-rewolýusion» esgerleriniň jezasyndan halas etmek üçin şeýle etdi. 1917--nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Alekseýew Kornilowyň wezipesini kabul etdi we ony tussag etdi[160].

General A.I.Denikin bu zatlara akyl ýetirip bilmedi. Näme üçin Kornilow özüniň Kornilowçy we Teke polklaryna daýanyp, töwekgelçilik etmedi diýip

oýlandy. Ol, «Kornilowyň iki ygtybarly polky bilen peýda bolmagy Petrogrady howpdan halas edip bilýärdi» diýip ýazdy[161]. Ol özüniň goşuna baryp, oňa ýolbaşçylyk etmändigine gynanýandygyny ýazýar. A.I.Denikin «Belent serkerdebaşyny» aklamak bilen, polklaryň Stawkadan çykmagy onuň «gymmatly düzümini» ýerli sowetiň eline düşürerdi diýip aýdýar.

Bu babatda başga pikirlerem bolupdy. Hususan-da, ozalky kornilowçy — serkerde A.Truşnowiç şeýle ýazypdyr: «Bu ýerde düzedip bolmajak ýalňyşlyk goýberildi. Kornilow Petrograda barýan goşunyň baştutanlygynda durmagyň deregine Mogilýowda özüniň tekelerden we kornilowçylardan ybarat iň gowy bölümleri bilen baş edara ediş binasynda galdy. Baş edara ediş bina kimiňki? Nämäni edara etdi? Ozalky baýdajykly ägirt uly kartasy bolan gubernator öýünimi? Tutuşlygyna boşlukdan ybarat bolan telegrafdyr telefonmy?... Indi rus goşuny ýok ahyryn».

Angliýanyň ilçisi D.Býukenen: «Kornilowyň döwleti agdarmak babatdaky şowsuz synanyşygy meniň frontda, şol bir wagtda tylda hem ýagdaýyň gowulanjakdygyna bolan iň



Poruçik Razak Bek Han Hajyýew

soňky umytlarymy hem puja çykardy» diýip, aýtdy[162] Sarskoýe Seloda tussag edilen ozalky imperator Nikolaý Romanow hem Kornilowa uly bil baglapdyr. Bu onuň gündeliginde eden ýazgylarynda hem görünýär: «5-nji sentýabr, (1917 ý. — Ö.G.) sişenbe. Bu ýere telegrammalar bir günde iki gezek gelýär; olaryň köpüsi şeýle bir düşnüksiz welin, olara ynanmak kyn. Petrogradda bulam-bujarlyk uly bolarly. Hökümetiň düzüminde ýene-de üýtgetmeler bolýan ýaly. General Kornilowyň etjek bolýan

işinden hiç zat çykmadyk bolarly»[163].

Mogilýowda bary-ýogy 4 müň esger galdy. Generala wepaly Kornilowyň we Teke polkunyň 3 müňe golaý atlysy hem-de bolşewik wagyz-nesihatynyň täsirine düşen Georgiýew batalýonynyň 1 müňe golaý esgeri. Georgiýewçiler hatda baş edara binasyny eýelemäge hem synanyşdylar. Bu batalýonyň serkerdesi polkownik Timanowskiý: «Batalýonyň berk düzgünli esgeleriniň döşlerini Georgiý hajlary bezeýänem bolsa, olar ýakynda türkmen bölüminiň bardygyny eşidenlerinde gorkdular. Olar türkmenleriň edermenligini kän eşidipdiler. Birnäçeleri bolsa türkmenleriň söweşini öz gözleri bilen görüpdiler. Olar beýleki ýoldaşlaryny hem men batalýona barýançam, hereket etmekden saklapdyrlar» — diýip, gürrüň beripdir[164].

Alekseýew general Kornilowy tussag edenden soň, şäherlileriň öňünde çykyş etmek bilen, «Belent serkerdebaşynyň» oňa aýdylýan jenaýatlarynda günäkär däldigini we onuň dynç alşa çykandygyny mälim etdi. 2-nji sentýabrda Mogilýowa Wagtlaýyn hökümet tarapyndan döredilen Adatdan daşary barlag topary geldi. Ol Baş edara binasynyň birnäçe generallaryny we serkerdelerini tussag etdi. Elbetde, general Kornilow tekeleriň we kornilowçylaryň goragy astynda haýsy ugra gideýin diýse, gidip bilýärdi. Ýöne ol özüniň günäsizligine bil baglady we barlag toparynyň ähli zady açyk-aýdyň çözjekdigine ynandy.

2-nji sentýabrdan 3-nji sentýabra geçilýän gijede general «Metropol» myhmanhanasyna gitmekçi boldy. Ol ýerde ähli tussag edilenler saklanylmaly edildi. Polkownik Oraz serdaryň ýolbaşçylygyndaky Teke atly polky Baş edara binasyndan myhmanhana çenli bolan aralykda hatara düzüldiler. General ajaýyp bedewlere atlanan gylyçly we polat naýzaly jigitleriň wepalylygyna haýran galdy.

General-leýtenant A.S.Lukomskiý şeýle ýatlaýar: «Biziň tussag jaýymyzyň içki goragyny Teke atly polky alyp bardy. Tekeçe gürlemegi başarýan general Kornilowyň polkda uly abraýdan peýdalanýandygyny aýtmak gerek. Tekeler ony «biziň boýarymyz» diýip atlandyrýardylar. Ilkibaşda biziň üçin Georgiýew polkuny bellemek islediler. Ýöne tekeler içerki goragyň özlerine berilmegini aýgytly talap etdiler. Bu babatda bize barlag toparynyň başlygy Şablowskiý kömek etdi

(harby prokuror. — Ö.G.). Ol bizden tekeleriň goramagyna garşy bolmazlygymyzy sorady. Georgiýew polkunyň esgerlerini binanyň daşynyň goragynda goýdular»[165].

Generala wepaly polkuň jigitleri her gün gündiz sagat 12-de myhmanhananyň öňünden harby nyzam bilen geçip, öz baştutanlaryny «Ura!» diýip gygyryşmak bilen mübärekläpdiler. Mogilýowda pitneçi generallaryň bolmagy Mogilýowyň we Petrogradyň Işçi we soldatlar deputatlarynyň geňeşini alada goýup başlady. Hemmä, eger Kornilow islese, iki wepaly polkuň goldawy bilen gorag astyndan arkaýyn çykyp gidip biljekdigi bellidi. Ýöne has çynlakaý işleri hem edip biljekdiler. Hut şonuň üçinem tussaglary Byhow şäherine geçirmek, Kornilowyň zarba urujy polkuny bolsa fronta ugratmak karar edildi. Kornilow polkuň serkerdesi Neženséwe buýruga boýun bolmagy buýurdy we tekeleriň bar pursadynda öz howpsuzlygy hakynda aladalanmagyň hökman däldigini aýtdy[166].

Generallary Byhowa geçirmezden öňürti türkmenleri Baş edara ediş binasyndan çykarmak, tussaglary goramagy bolsa georgiýewçilere tabşyrmak islediler. Tekeleriň serkerdeleri polkownik Oraz serdar, ştab-rotmistr Natenzon, Babahan Meňlihanow, Mistulow, Daňatar Artykow we beýlekiler Baş edara ediş binasynyň nobatçy generalyna türkmenleriň generallary goramaklaryny dowam etjekdikleri baradaky talabyny gowşurdylar. Olar hatda georgiýewçileri ýaragsyzlandyrmak we Kornilowy bu ýerden uzaklara äkitmek islediler. Ýöne general muňa garşy boldy. Ol özüniň günäkär däldigine ynanmak bilen, kazyýete garaşmagy makul bildi.

Ahyrynda generallar bilen tekeleriň 2 eskadrony (Natenzonyň ýolbaşçylygyndaky 2-nji eskadron we Bek Uzarowyň ýolbaşçylygyndaky 3-nji eskadron) ugradyldy. 12-nji sentýabrda gije Teke atly polky ýene-de myhmanhanadan demir ýol menziline çenli bolan aralyga hatara düzüldi.

Şeýlelikde, otly Byhowa tarap ugrady. Tussag edilen kapitan Bragin H.Hajyýewden: «Türkmenler bizi taşlamazlar-a» diýip sorady. Şonda ol: «Türkmenler Belent serkerbaşyny sylaýarlar we oňa ynanýarlar, özi-de, tüýs ýürekden ynanýarlar. Olar ony gorajak we şonuň bilen boljak diýip söz beren bolsalar, olar bu sözden hiç wagt dänmezler. Hakyky türkmenler-

de ikisözlülik bolmaz. Mundan başga-da, türkmenlerde kömek sorap ýüz tutana ikilik etmek diýen dessur ýok. Belent serkerdebaşy biziň myhmanymyz. Siz bolsa Belent serkerdebaşynyň myhmanlary. Myhmanlar bolsa türkmen üçin eldegrilmesiz şahsyýet bolup durýar» diýen jogaby eşitdi[167].

Köne Byhow Mogilýowdan 50 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Bu ýerde tussag edilenleri (olar jemi 32 general we serkerde) aýallar gimnaziýasynyň jaýynda ýerleşdirdiler. Bu ýer ozal katolik ybadathanasy eken. Binanyň içki goragynda tekeler durdular. Daşky goragy bolsa ýene-de georgiýewçilere tabşyryldy. Olar Byhowyň komendanty, tekeleriň polkownigi Grigorýewe tabyndylar.

Tiz wagtdan Berdiçewden Byhowa Berdiçewiň işçi we soldatlar deputatlarynyň geňeşiniň wekiliýetiniň ugratmagynda tussag edilen generallar Denikin bilen Markow getirilýär. Wekiliýete tussaglaryň saklanyşyny barlamak tabşyrylypdyr. Täze gelen tussaglar Kornilowyň we Lukomskiniň özüni erkin alyp baryşlaryna örän haýran galdylar. Goragçylar Berdiçewden gelen wekiliýeti hatda howla-da goýbermediler. Haçanda olardan biri özleriniň howla goýberilmegini talap edende, tekeler olara gamçy bilen haýbat atdylar, şonda olar gitmäge mejbur boldular.



Teke atly polkunyň öňki jigidi, Georgiý hajynyň eýesi büzmeýinli Şaberdi Hakberdi ogly, XX asyryň 70-nji ýyllarynyň suraty.

Ir bilen gezim edýän pursatlary delegatlar howlynyň gözenegine golaýlap, tussaglara bellikler edip başladylar. Iki teke jigidi bilen gelen garawulbaşy olary aňryk kowdy we köçe tarapdan garawul goýdy.

Gahary gelen berdiçewliler Petrograd Geňeşine telegramma ugratdylar. Onda «Generallary Georgiýew batalýonynyň 60 esgeri we Teke polkunyň 300 esgeri goraýarlar», «Teke-

ler häzirki döwre çenli Kornilowa wepaly hem-de olar rewolýusiýanyň bähbitlerinden daşda bolmaklarynda galýarlar»[169] diýilýärdi.

Petrogradda A.F.Kerenskiden rewolýusiýa garşy çykanlary Petropawlowsk galasyna getirmegi talap etdiler. Ýöne ol ýere ugradylan barlag topary tussaglara nebsi agyryp, olara bildirilen günäleri ret etdi. Tussaglar, hakykatdan-da, kanagatly şertlerde bolýardylar, gije-gündiziň dowamynda sekiz sagat gimnaziýanyň ýanyndaky bagda gezelenç etmäge mümkinçilikleri bardy. Kornilowyň ýanynda aýratyn tabşyryklary üçin serkerde H.Hajyýew galýardy. Ol generallaryň tussag edilen döwrüne çenli onuň şahsy goragynda bolupdy.

1919-njy ýylyň aprelinde «Donskaýa wolna» («Don tolkuny») gazetinde Han Hajyýew şeýle ýazdy:

«Byhowda oturan döwrümizde men Belent serkerdebaşydan örän kyn tabşyryklary alýardym. Bize daşky dünýä bilen gatnaşyk zerur bolup durýardy. Hut şu maksat bilen men Mogilýowdaky otagymda geçiş bekedi ýaly zat gurdum. Bu ýere ähli hatlar, daşary ýurt kagyzlary, Günbatar frontuň maglumatlary, kartalar we beýlekiler getirilýärdi. Men bularyň hemmesini Belent serkerdebaşa geçirýärdim».[170]

Soňra ol özüniň ýatlamalarynda tussaglaryň Baş edara ediş binasy bilen aragatnaşygyny has jikme-jik beýan etdi: Belent serkerdebaşy bilen gijeki gürrüňdeşlikden bir hepde geçensoň, men tussaglar bilen daşarky dünýäniň arasyndaky janly aragatnaşyk bolup hyzmat etmek wezipesini öz üstüme almalydym. Tussaglar Belent serkerdebaşynyň bu wezipäni maňa ynanandygyna örän begendiler we olaryň her biri menden hiç zady gizlemän, edil öz hossaryna bolşy ýaly, birnäçe tabşyryklary berýärdi. Men tussaglardan hatlary we dilden tabşyryklary almak bilen öz bedewimde Byhowdan Mogilýowa gidýärdim we 40 wýorst aralygy 4 sagatda geçýärdim. Sagat 11-lere Mogilýowa gelýärdim. Gelşime Baş edara ediş binasyna gidýärdim. Tussaglaryň maşgalalaryna baryp hatlary gowşurýardym we olaryň jogaplaryny alýardym. Birnäçe zatlary satyn alyp, Serdaryň (Orazberdi serdar — O.G.) polkuna barýardym. Agşamlyk bolsa yzyma Byhowa ugraýardym. Ýöne gaýdyşyn bu aralygy öz wagtynda 3 sa-

gat 50 minutda geçerdim. Giç agşam dolanyp gelenimde Belent serkerdebaşy bilen Mogilýow, Baş edara ediş binasy we polk baradaky täsirlerim hakynda gürleşip, ertir üçin tabşyryklary alyp, şol pursatda ýatmaga gidýärdim we öli ýaly uklaýardym. Ir bilen bolsa ýene-de ýolda, edil düýnki ýaly ýagdaýlar gaýtalanýardy»[171].

Tiz wagtdan H.Hajyýewe has amatly şertler döretdiler: Belent serkerdebaşy polkownik Nowosilsew (serkerdeler birleşiginiň başlygy) bilen gürleşip, maňa polkownik Haýyt Bekowyň (Nowosilsewiň kömekçisi) adyna hat gowşurdy. Ol maňa tussaglaryň daşarky dünýä bilen aragatnaşygyny ýola goýmaga kömek etmelidi. Polkownik Haýyt Bekow bu tabşyryga şatlyk bilen razy boldy. Ol özüniň we köp sanly tussaglaryň maşgalasynyň ýaşaýan ýeri bolan «Fransiýa» myhmanhanasynyň otaglarynyň birine eltdi. Men bu otagda Belent serkerdebaşa tabşyryklary bolan hem-de Byhowa gelmäge isleg bildirýän Russiýanyň dürli ýerlerinden gelenleri, şeýle hem tussaglaryň hossarlaryndan gelýän zatlary we hatlary kabul etmelidim. Şeýlelikde, bu otag Byhowa barýan serkerdeler üçin duşuşyk ýerine, tussaglara niýetlenen zatlar üçin ammara, Baş edara ediş binasy we daşary ýurt missiýalary üçin bolsa anyk salga öwrüldi. Has takygy, türkmenleriň serkerdeleri üçin bolşy ýaly, jigitleri üçinem ýygnanyşyk künjegine öwrüldi»[172].

Byhowyň üsti bilen köp sanly esgerli otlular geçýärdi. Esgerler birnäçe gezek generallary jezalandyrmaga synanyşdylar. Polýak korpusynyň serkerdesi Dowbor-Musnisk düzgüntertipsiz harby bölümleriň esgerleriniň dyzmaçlygyny köşeşdirmek üçin pulemýotlar bilen güýçlendirilen toparlary goýmagy tabşyrdy. «Başga milletlerden düzülen goşun bölümleriniň öz başyna giden esgerlerinden goramak polýaklara we tekelere ynanylan, kalplaryny ýalňyzlyk duýgusy gaplap alan bu rus watan söýüjileriniň ýagdaýyny göz öňüne getirmek kyn» diýip, «aklar» hereketine gatnaşyjylaryň biri D.B.Lehowiç ýazýar[173].

Şeýle-de bolsa Mogilýowda we Byhowda ýerleşdirilen goşun bölümleri türkmenlere gyýa garap başladylar. Türkmenler olaryň gözi bilen garanyňda rewolýusiýa garşy durýanlaryň goragçylarydy. «Bize — georgiýewçilere hiç zat aýtmaýardylar, tussaglary hem biz kabul etmeýärdik, olary gözegçilikde saklamaýardyk we

boşatmaýardyk. Bu işleriň hemmesi tekelere ynanylýardy». Bizde tekelere ynam ýokdy olar hem bize duşmançylykly garaýardylar» diýip, Georgiýew batalýonynyň ýefreýtory K.N.Lugowoý sorag mahalynda görkezme berdi[174].

Petrogradda Baş edara ediş binasynda bolýan wakalara güman edilip başlanyldy. Hut şonuň üçinem Mogilýow garnizonynyň baştutanlygyna bolşewik Bonç-Bruýewiç bellenildi. Esgerleriň we işçi deputatlaryň ýerli Geňeşiniň birinji mejlisinde ol tekeleriň ol ýerden haýal edilmän gyrakladylmagyny we generallaryň Mogilýow türmesine geçirilmegini talap etdi. Şol bir wagtyň özünde Zakaspi oblastyndan hasylsyzlyk zerarly türkmen maşgalalaryna ägirt uly açlyk howpunyň abanýandygy hakyndaky habar hem gelip gowuşdy. Türkmen oblast komitetiniň (oktýabrda we noýabryň başynda) diwiziona goşmaça atlylary ýygnamak we Köşüde ýerleşýän diwiziony fronta ugratmak pikiri wagtlaýynça saklanyldy. Şonda Baş edara ediş binasyna Teke atly polkuny gyssagly Watanyna ugratmak hakyndaky telegramma gelip gowuşdy. Olary we öýlerine rus rewolýusiýasyndan kuwwatly güýç hökmünde ulanmak bähbidini araýanlardan daşda saklamak ýerlikli hasaplanyldy[175].

Dogrudan-da, Teke polkunda tolgunyşyk başlandy. Çünki polkuň serkerdesi fon Kýugelgen Kerenskiden bölümleri Pars serhedinde gulluk etmek üçin Ashabada gyssagly ugratmak barada telegramma aldy. Ol, esasan, polkuň serkerdesiniň orunbasary Oraz serdaryň ýolbaşçylyk edýän 4-nji eskadronyna degişlidi. Lupolowoda ýerleşen we beýleki eskadronlardan arasy üzňe bolan bu eskadron Byhowda generallaryň goragyny ýerine ýetirýärdi (polkuň serkerdesi bolsa Mogilýowda ýaşaýardy). Eskadronda azyk ýetmezçilik edýärdi, ýaşaýyş şertleri ýaramazdy, ol rewolýusion bölümler tarapyndan duşmançylykly kemsitmelere sezewar bolýardy. Jigitler Oraz serdaryň abraýyna hormat goýup, rewolýusiýanyň işine goşulmadylar we öz orunlarynda galdylar.

Kornilow türkmenleriň galagoplylygyny aňyp, tussaglar üçin ýygnalan 40 müň rubluň 30 müňüni tekelere bermegi tabşyrdy. Şeýle hem goşun atamany Koledine hat ýazdy. Ol hatynda tekeleriň maşgalasyna däne we bugdaý kömegini ber-

mek barada haýyş edýärdi. Ol: «Kerenskä Teke atly polkuny kyn pursatda meni taşlap gitmäge mejbur etmek başartmady. Olary aradan aýryp, biziň üstümizden jenaýat kazyýetçiligini geçirmegi başarmansoň, tekelere Zakaspi oblast komitetiniň üsti bilen täsir etmäge çalyşýar» diýip belleýär[176].

Byhowdan özüniň Mogilýowdaki öýüne gelen poruçik H.Hajyýewi Baş edara ediş binasynyň ştab baştutany N.N.Duhonin öz ýanyna çagyrdy. Ol Kornilowyň adýutantyna ozalky serkerde baştutany bilen daşary ýurt harby missiýasynyň agzalarynyň (general Barter Kornilowa Beýik Britaniýanyň patyşasynyň adyndan Keramatly Mihailiň ordenini gowşurmak üçin Byhowa gitmegi meýilleşdirýärdi) duşuşmak isleýändigini aýtdy. Ýöne Wagtlaýyn hökümet tarapyndan dörediljek ýaramaz ýagdaýlardan gaça durmak bilen, missiýanyň agzalary Byhowa habarçylary ibermek kararyna geldiler. N.N.Duhonin bu wakanyň Petrogradda başagaýlyk döretjekdiginden howatyr etdi. Şonda H.Hajyýew Olaryň Byhowda gizlinlikde tussaglar bilen duşuşyp bilerleri ýaly, Teke atly polkunda at çapyşyk geçirmegi teklip etdi. Çünki at çapyşygy türkmenler üçin uly bir baýramçylykdy. Türkmenleriň bu baýramçylyk dabarasy mahalynda daşary ýurtly habarçylary çagyrmak kararyna gelindi.

Baş edara ediş binasynyň serkerdeleri daşary ýurtly habarçylar bilen Byhowa geldiler. Bu ýerde olary gyrmyz donly, ak telpekli, gymmatbaha daşlar bilen bezelen kümüş guşakly we gylyçdyr hanjar, tüpeň bilen ýaraglanan jigitler nyzama düzülip garşyladylar. Türkmenleriň iki eskadronyna Byhowyň komendanty polkownik Grigorýewiň ornuna wagtlaýyn bellenen polkownik Ergardt ýolbaşçylyk etdi. Han Hajyýew bu wakany şeýle ýatlaýar: «Ahyry, uzak garaşdyran pursat gelip ýetdi. Esger polkownigiň atyny alyp geldi. Ergardt öz ornuna geçip, buýruk berip başlady. Dor bedewlere atlandylar. 2-nji eskadron bolsa mele, 3-nji bölüm bolsa gyr atlara atlanyp, seýkin basyp, owadan ýöräp başladylar. Olar tüýdükçiniň yşaratyna laýyk hereket etdiler.

Eskadronlaryň gyradeň hem-de ýeňil basyp barýan bedewlere atlanan jigitleri tomaşaçylaryň öňünden geçdiler. Bu ýöriş tamamlanansoň, eskadronlar hüjüm etmegiň usullaryny görkezdiler. Hatar-hatar düzülen eskadronlaryň jigitleri öwşün atýan gylyçlaryny göni öňe uzadyp, «Alla» diýip,



Diwanaýew Oraznyýaz. (1893–1944). Birinji we Ikinji jahan uruşlaryna gatnaşyjy. Gökdepe raýonynyň Tilki obasynda doglan.

özleriniň çeýe bedewlerinde göni tomaşaçylara tarap at saldylar we olary başagaý etdiler.

Tomaşanyň bu bölümi hem tamamlanansoň, at üstündäki oýunlar görkezilip başlandy. 1-nji eskadronyň we 2-nji eskadronyň jigitleriniň ýarysy donlaryny çykardylar. Şonda bir teke jigidi öňe saýlandy--da, bedewiň eýerinde kellesini goýup, aýaklaryny dik asmana göterip, at üstünde uçup diýen ýaly geçip gitdi. Onuň yzyndan barýan jigit eýerine şeýle bir ýelmeşipdir welin, ol hatda bedewiň üstünde görünmeýärdem. Şonda tomaşaçylar geň galyp, çapyksuwarsyz at näme üçin çapyp gelýärkä? diýişdiler. Bedew olaryň öňünden geçip gidende, teke atyň gapdalyndan kellesini galdyrdy-da, dessine eýeriň üstünde peýda boldy. Bu görnüş hemmeleri haýrana galdyrdy. Atyny ýüzin saldyryp gelýän üçünji jigit özüniň ýarymaý şekilli gylyjyny asmana oklap, ony sag eli bilen gapyp, göýä diýersiň howany kesişdirýän ýaly hereket etdi. Soňra gylyjyny ýene-de ýokaryk zyňyp, indi çep eli bilen gapdy. Şeýdip, ol bu hereketini dowam etdirdi. Dördünji jigit çapyp gelýän atyň eýerinden berk ýapyşdy-da, bedewden düşdi. Ol aýagy ýere ýetip-ýetmänkä ýene-de eýeriň üstüne gaýyp düşdi. Ol indi bu hereketi atyň çep tarapynda görkezdi. Indiki jigit «ýaralanan atlynyň» keşbini janlandyrdy. Ol atyndan ýykyldy, ýere düşen dessine, bedew edil topraga çüýlenen ýaly saklandy we öz çapyksuwaryny goraglady. Onuň yzyndan gelýän jigit atyny saklaman, hatda atdan düşmän, «Ýaralyny» ýerden göterdi we öz öňünde keseligine goýup, çapmagyny dowam etdi. Çapyksuwarsyz galan at «ýaraly» eýesiniň yzyndan galmady.

Tomaşaçylaryň yzygiderli el çarpyşmalaryna we haýran galmalaryna sebäp bolan görkezme çykyşlar tamamlandy. Tomaşa edýänleriň, «weri gut, «banzaý», «musýe ben», «karoş», «tre biýen» ýaly sesleri jigitleriň gulagyna eşidilýärdi. Munuň özi atly jigitleriň daşary ýurtly myhmanlara uly täsir edendigininiň aýdyň subutnamasydy. Russiýanyň atly eskadronynyň çapyksuwarlaryna we atlaryna seredip, habarçylar haýran galdylar.

Jigitleri tapawutlandyrýan nyşanlar olary has-da gyzyklandyrdy. Jigitleriň birinde iki Georgiýew hajy bolsa, beýlekisinde 1915-nji ýylda Gara Akymyň (Çernyý Potok) eteginde bitiren işi üçin Hökümdaryň elinden kabul edilen medaly we hajy bardy. Bu tomaşa gatnaşyjylaryň hemmesi, Byhowyň ýerli ilaty biragyzdan «Ura!» diýip gygyryşdylar. Olar şeýle tomaşany hiç wagt görmändiler. Olar polkuň atlylaryny olaryň bolýan ýerine, oba çenli ugratdylar.

Atlaryň burunlarynyň parryldysy, derlän ýigitleriň şowhunly söhbetleri we tomaşaçylaryň haýran galyjylykly gohlary tutuş meýdany gaplap aldy».[177]

Tomaşa gidip duran pursadynda habarçylaryň birnäçesi gizlinlikde general Kornilow bilen duşuşdy. Olaryň hemmesini Russiýanyň geljekki ykbaly, rus-german urşundaky pajygaly ýagdaý tolgundyrýardy.

Baş edara ediş binasy hereket etmeýärdi. N.N.Duhonin Kornilowa boýun bolýardy. Kornilow bolsa tussaglykda bolmak bilen, frontuň ýagdaýyna hiç hili täsir edip bilmeýärdi. Günorta-Günbatar frontuň serkerdebaşy general Wolodçenko Ukrainanyň Merkezi Radasynyň häkimligini ykrar edipdi. Rumyn fronty Beýik Britaniýadan gelýän görkezmelerden ugur alýardy. Demirgazyk we Günbatar frontlary bolsa başly-barat dargap başlady[178].

Goşunyň ählumumy dagynyklygy we A.Kerenskiniň häkimligi saklamaga ukypsyzlygy zerarly Wagtlaýyn hökümet her edip, hesip edip Byhowdaky tussaglary jezalandyrmaga synanyşýardy. Ýöne olary wepaly türkmenler goraýardylar. Polkuň serkerdeleri şahsy düzümi rewolýusion täsirlerden gorap saklamaga çalyşýardylar. Olaryň öňünde bir wezipe bardy, ol hem öz serdarlary Kornilowy, generala söz berişleri ýaly, howpsuz ýere alyp çykmagy, atly jigitleri bolsa sag--aman Ahala gowşurmagy niýet edinýärdiler. Polkownik Oraz serdar birnäçe atly bilen Ahala ugrady. Şol döwürde ol ýeriň ýagdaýy hem dartgynlydy.



Admiral Kolçak

Unter-serkerdeleriň biri Aýja Batyrdan H.Hajyýew ýaralanandan soň, şol döwürde Ashabaddaky diwiziona ýolbaşçylyk edýän rotmistr S.Öwezbaýewe hat iberdi. Hatda şeýle sözler ýazylandy:

«Jenap rotmistr! Men Siziň rugsadyňyz bolmasa-da, Size hat ýollaýandygyma öňünden ötünç soraýaryn. Men polka gelen mahalymda hut siziň bilen tanyşmaga wagtyň hem-de mümkinçiligiň bolmandygyna gynanýaryn. Häzir bolsa Size hat ýazmagyma bu ýerde emele gelen ýagdaý meni mejbur edýär. Siziň maňa düşünjekdigiňize we goldaw berjekdigiňize umyt edýärin. 1917-nji ýylyň iýul aýynyň birinji ýarymynda general Kornilowa ýakyn durmak we şol syýasy ýagdaý zerarly jenap Kerenskiniň dönüklikde aýyplap, türme tussaglygyna höküm edilen Kornilowy men atly jigitler bilen bilelikde taşlamazlygy karar etdik. Jigitler maňa söz berdiler. Menem general Kornilowa onuň howpsuz ýagdaýa düşýänçä taşlamajakdygyma söz berdim. Jigitleri men ähli babatda taýýarladym, olar ähli ýagdaýdan habarly. Olar Kornilowa uly hormat goýýarlar, ol hem jigitleri gowy görýär.

Jenap rotmistr, Siz hakyky teke we doganym hökmünde ýagdaýa görä jigitleriň hossarlaryna olaryň öz üstüne alan borçlaryna wepaly bolmakda beýik işleri bitirendiklerini aýdyň we olaryň ogullarynyň hakyky şöhrata mynasypdygyny habar beriň. Ahalyň hakyky şöhratly pederleriniň dessurlaryna wepaly perzentleriniň şunuň ýaly kyn pursatda, ýagny öz ogluny öýüne çagyrmajakdygyna dönükligiň, kezzaplygyň daş-töweregimizi gurşap alan döwründe sabyr-kanagat we rahatlylyk bilen garaşyp, oglunyň öz üstüne alan borjuny ahyryna çenli ýerine ýetirip, Ahala mynasyp atanyň mynasyp perzentleri hökmünde dolanmagyna mümkinçilik berjekdiklerine çuňňur ynanýaryn.

Sizi hormatlamak bilen, Han Hajyýew. 1917-nji ýylyň 15-nji oktýabry, Mogilýow» şäheri.[179]

Şol bir wagtyň özünde Teke atly polkunyň serkerdesi fon Kýugelgeniň goly bilen Kerenskiniň adyna telegramma ugradyldy. Onda şeýle diýilýärdi: «Tussaglar biziň kömegimize mätäç we biz asyrlar aşyp gelýän däplerimize laýyklykda olara kömek bermäge borçludyrys. Jenap Kerenskiniň hakyky türküstanly hökmünde biziň wezipämize düşünip, general Kornilowyň ýanynda ahyryna çenli galmagymyza rugsat berip, biziň haýyşymyzy ýerine ýetirjekdigine umyt edýäris». [180]

Türkmenler bilen baglanyşykly meseleler barha ýitileşip başlady. Ýöne general-kwartirmeýstr Diterihs 1917-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda general Lukomskä ýazan hatynda ony köşeşdirip, şeýle diýýär: «Tekeleri bu ýerden äkitmek toslama, häzirlikçe biz bu ýerde Duhonin bilen bilekäk beýle ýagdaý bolmaz. Teke goragyny sizde (Byhowda — Ö.G.) şeýle hem bizde (Mogilýowda — Ö.G.) saklamak üçin biz eglişikler etmäge ähli taraplar bilen ylalaşdyk»[181].

Şol döwre çenli byhowlylar «General Kornilowyň syýasy maksatnamasyny» işläp taýýarladylar. Onda syýasy we ykdysady taýdan ýiti meseleler Esaslandyryjy ýygnagyň çagyrylmagyna çenli goýbolsun edilýärdi. Şol wagta çenli bolsa hökümet häkimliligini pugtalandyrmak, goşunda tertip-düzgüni ýola goýmak we urşy dowam etmek talap edilýärdi. Şol maksatnama soňra «aklar» hereketiniň baş maksatnamasyna öwrüldi.

1917-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda (7-nji noýabr) Petrogradda häkimlik bolşewikleriň eline geçdi. Kornilowdan we bu wezipede az wagt saklanan Alekseýewden soňra, A. F. Kerenskiniň gaçmagy bilen, ýokary serkerdebaşynyň wezipesini rus goşunynyň Meýdan düzgüni hakyndaky kada laýyklykda, general-leýtenant N.N.Duhonini Baş edara ediş binasynyň ştabynyň başlygy wezipesini ýerine ýetirmäge girişdi. Ol 3-nji noýabrda Belent serkerdebaşynyň wezipesine wagtlaýyn girişdi. Ýöne bolşewikler nemesler bilen gyssagly ýaraşyk baglaşdylar. Bu bolsa olara içerki işler bilen has içgin meşgullanmaga mümkinçilik berdi. Smolnyý rewolýusiýa garşy duran Baş edara ediş binasy bilen düýpli haklaşmak kararyna geldi.

1917-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Mogilýowa tarap goşun sürüldi. Oňa general Duhonine derek bolşewikler ta-

rapyndan bellenilen 7-nji Fin atyjylyk polkunyň praporşigi N.W.Krylenko ýolbaşçylyk etdi.

Goşunyň düzüminde baltikalylaryň birikdirilen otrýady bardy. Oňa miçman S.Pawlow serkerdelik edýärdi. Şeýle hem onda W. Saharowyň serkerdeligindäki Litwa polkunyň bölümi, S.Kudinskiniň ýolbaşçylygyndaky aňtawçylar otrýady we Žlobin polkunyň bölümi bardy.

18-nji noýabrda byhowlylar N. N. Duhoninden ýörite ugradylan otluda türkmenleriň bir eskadronynyň we georgiýewçileriň ýarym rotasynyň ugratmagynda tussaglary Dona ibermek barada telegramma aldylar. Ol kazak birleşmesiniň wekilleriniň zor salmasy netijesinde şeýle edildi. Ýöne ol öz-özüme jeza berýän diýip düşündi. Ol öz buýrugyny üýtgetdi. Şol günüň ertesi, 19--njy noýabrda Belent serkerdebaşy baş ştabyň polkownigi Kusonskini Byhowa ugratdy, ol tussaglary şäherden gyssagly çykmalydyklaryny, çünki ýene birnäçe sagatdan Krylenkonyň Mogilýewde boljakdygyny we generallaryň kazyýete çenli heläk bolmaklarynyň mümkindigini habar berdi.

N. N. Duhoniniň ýanyna zarba urujy batalýonyň serkerdeleri geldiler we Baş edara ediş binasyny goramaga rugsat soradylar. Baş serkerde olara: «Birek-biregi öldürmejek bolsaňyz şäherden çykyň!» diýip buýruk berdi. Gündiz sagat 4-de Mogilýowda aýratyn ýagdaý diýlip yglan edildi. Onda harby-rewolýusion tribunalyň rugsady bolmasa, hiç kimiň şäherden çykyp bilmeýändigi aýdyldy. Demir ýol menzili gyzyl esgerler tarapyndan gurşalyp, alyndy. Tanymal harby serkerde general-leýtenant A. P. Budberg bu ýagdaý barada (1869–1945 ý.) gahar bilen şeýle ýazýar: «Baş edara ediji topar tussag edildi; Ýokary praporşik Krylenko ştabyň täze ýolbaşçysy ýoldaş Şneur (poruçik, serkerdeleriň kazyýeti bilen haýsydyr bir gusar polkundan kowlan) bilen ol ýere ugrady. Şeýle melgun ýokary praporşige mynasyp ştab baştutany hem tapyldy; egbarlan rus goşunyny başga hiç zat şunuň ýaly masgaralap bilmezdi».[182]

Baş edara ediş bölümi gyssagly Kiýewe göçmäge taýýarlyk gördi. Ýöne Mogilýow geňeşi olaryň meýilnamasyny puja çykardy. Serkerdeleriň hemmesi öý tussaglygyna höküm edildi. Duhonin bölümleriň hemmesiniň Dona gitmegi baradaky buýruga, şeýle hem Byhowdaky tussaglary boşat-

mak hakyndaky resminamalara gol çekmäge ýetişipdi.

«Iň soňky gün we iň soňky sagat men general Duhoniniň ýazuw stolunyň öňünde durun we Belent serkerdebaşynyň iberen hatynyň jogabyna garaşýaryn. Men ony ir sagat 6-da ugratdym. General Duhonin gahar bilen dessine jogap ýazdy we bukjany ýapdy-da, ony maňa uzadyp, şeýle diýdi:

– Han, Belent serkerdebaşa meniň gyzgyn salamymy we oňa ak ýol baradaky arzuwlarymy ýetiriň. Gyssanyň! Menem öz öýüme howlugýaryn.

Baş edara ediş binasynyň ýanyndan geçip barýarkam eýýäm dürli kagyzlar bilen ýüküni tutan, beýlekisine bolsa indi ýüklenýän awtoulaglary gördüm. Men öýüme gelenimde:

– Siziň alyhezretiňiz bu ýerden çaltyrak gidiň. Sizi gözläp ýörler. Tussag etmek isleýärler – diýip, gorkuly Foka duýdurdy»[183].

H. Hajyýew öz bedewini alyp ýetişmezden, Mogilýowy gyssagly terk etdi. Matroslar N.N.Duhoniniň Byhowdaky tussaglary azat edenini eşidip, ony parçaladylar. Hut şeýle ykbal generallara-da garaşýardy. Gije sagat 12-ä golaý H.Hajyýew birnäçe serkerdeler bilen Byhowa geldi we general Kornilowa Duhoniniň hatyny gowşurdy. Şol wagta çenli generaldan başga hiç bir tussag ýokdy. Generallar we serkerdeler howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, Dona tarap özbaşdak hereket edip başlapdyrlar (Lukomskiý nemes koloniýaçysynyň, Romanowskiý-praporşigiň keşbine giripdir. Markow esger eşigini geýipdir, Denikin bolsa polýak Dombrowskä öwrülipdir).

Komendant polkownik Ergardtyň ýanyna gelen Kornilow gije sagat 1-de çykmaga taýýar bolmagy buýruk berdi. Soňra ol Mogilýowda galan Teke atly polkunyň 4-nji eskadronyny fon Kýugelgeniň serkerdeliginde bu ýere gelmäge çagyrdy.

1917-nji ýylyň 20-nji noýabrynda gije sagat 12-den soň georgiýewçi serkerdeler praporşik Grişin we kapitan Popow daşardaky garawullary aýryp, general bilen bilelikde gitmäge taýýar boldular. Teke serkerdeleriniň ugratmagynda Kornilow garawulhana girdi. Türkmenleriň wzwody poruçik Ranenkamfyň ýolbaşçylygynda ähli girelgeleri we çykalgalary bagladylar. General esgerlere ýüzlenip, şeýle diýdi: «Meniň Byhowy terk edip, Dona gitmegime we ol ýerde adalatly kazyýete garaşmagyma wagt boldy.... Wepaly gulluk edeniňiz üçin men size sagbolsun aýdýaryn»[184].

Şundan soň general esgerlere gulluk üçin 2 müň rubl paýlady. Olar «Ura!» diýşip, Kornilowy ugratdylar. Soňra sorag mahalynda ýefreýtor I.A.Bordynýuk: «Kornilowyň esasy goragyny tekeler alyp barandygyna we azat etmegiň dürslügine komendant jogap berendigine bizde hiç hili şübhe ýüze çykmady. Biz komendantyň we Teke polkunyň ähli serkerdeleriniň hem-de biziň praporşigimiz Grişiniň Kornilowyň we onuň ýanyndaky jenaýatçylaryň tarapyny çalandygyna indi düşünip galdyk!»[185] diýýär.

Tekeler Kornilowa ýyndam aýakly, nyşansyz gara aty berdiler. General telpegini çykaryp, sejde etdi we ýöremäge rugsat berip, atyň jylawyny goýberdi. Dnepriň üstünden geçýän köprüden aşyp, polk garaňkylykda gözden ýitdi. Mogilýowdan olara tarap 4-nji eskadron barýardy.

«Gazaply döwürde» diýen makalanyň awtory I.A.Anfertýew kazaklar diýip atlandyran atlylarynyň tekelerdigini — türkmenlerdigini göz öňüne-de getirip bilmändir. Ol şeýle ýazýar: «19-njy noýabra geçilýän gijede Kornilow teke kazak polkunyň ugratmagynda Byhowy terk etdi we Dona tarap ugrady. Çernigow guberniýasyna tarap ýolda kazaklar-tekeler sowet esgerleri bilen söweşe girmäge mejbur boldular».[186]

Ýöne Russiýanyň meşhur ýazyjylary A.A.Tolstoý («Hoždeniýe po mukam» romanynyň ikinji kitabynda), M.Şolohow («Ýuwaş Don» romanynda) we beýlekiler general bilen Dona gidenleriň hut türkmenlerdigini bilýärdiler. Russiýanyň telewideniýesiniň ýaýlymlarynda birnäçe ýyl mundan ozal režissýor Wladimir Hotinenkonyň «72 metr» atly çeper filmi görkezildi. Şonda beýan edilýän pursatlaryň birinde Kornilowyň goragçylary hökmünde türkmenler çykyş edýärler. Şeýlelikde, hakykat dikeldildi. Çünki sowet döwrüniň çeper filmlerinde «ak» generallaryň goragçylary hökmünde hemişe näme üçindir kawkaz lybasyndaky daglylar görkezilýärdi. «72 metr» filminiň geňeşçisi A.Kibowskiniň tagallasy bilen onda arhiwde bar bolan buýruklar esasynda teke türkmenleriniň lybaslary-gyrmyzy donlary görkezildi.

Kornilow Dona tarap ugrady. Mihail Şolohow özüniň «Ýuwaş Don» romanynda şeýle ýazýar: «... Tüm garaňky gijede, haçanda çetdäki kiçijik şäherjikde ýşyklar öçende, adamlar süýji ukuda ýatyrka, Byhow gimnaziýasynyň howlusyndan üç hatara düzü-



Birinji jahan urşuna gatnaşyjylar S. Öwezbaýew (sagda) we K. Berdiýew. XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyry.

len atlylar çykyp başladylar. Olaryň şargara şekilleri polat kysmy asman astynda guýlan kenek ýaly bolup barýardylar. Gara ýyrtyjy guşlara çalymdaş silkme telpekli çapyksuwarlar at eýerlerinde biraz öňe eglibräk otyrdylar. Olaryň bugdaý reňk ýüzleri uzaklary nazarlaýardy. Polkuň hatarynyň orta gürpünde, polkuň serkerdesi Kýugelgeniň ýanynda belent başly daýaw atyň üstünde Kornilow yraň atyp barýardy»[187].

Wakalaryň gözli şaýady bolan H.Hajyýew ýörişiň başyny şeýle suratlandyrýar: «Howa üýtgedi, syrgyn ýatdy we Aý dogdy, daş-töwerek Aýyň nuruna ýagtylandy. Hemme ýeri gurşap alan ümsümligi atlaryň hokranmasy we jigitleriň pessaý söhbeti bozýardy. Hemmeleriň ýüzi hyrsyzdy. Silkme telpekli, giň eginleri oýlukly (dogrusy, oýluk hemmede ýokdy) ýigitler gelşikli bedewlere atlanyp, sag tarapdan üç hatar bolup, 1, 2, 3-nji eskadronlar, pulemýotçylar topary bilen bilelikde, Beýik boýaryň yzy bilen barýardylar. Wagtyň

şeýle giçdigine garamazdan, Byhowyň ilaty köçelere çykyp, bu gijeki ýörişiň sebäbini bilmek üçin jan edýärdiler. Belent serkerdebaşynyň görkezmesi boýunça Mogilýew tarapdaky telegraf ulgamy we demir ýol köprüleri ýörişden öň hatardan çykarylypdy.

Biz atlarymyzy ýorgaladyp gyssagly ýola çykdyk. Bu ýerde Baş serkerdebaşy 10 minut dynç almaga rugsat berdi. Şol pursat geçensoň, ýene-de ýola düşdük. Serkerdebaşynyň görkezmesi boýunça men eskadronyň öňünde, serkerdäniň yzy bilen barýardym. Şonda meniň kelläme biygtyýar bir pikir geldi: «Atyň üstünde sarsman oturan çepiksi adam bizi nirä alyp barýarka?»... Aý tutuş meýdany we tokaýlary ýagtylandyryp, asmanyň ýüzünden typyp barýardy. Syrgyndan soň gije örän ümsüm, ýöne örän sowuk boldy. Tüpeňleriň nilleri we polat gylyçlaryň uçlary aýyň ýagtysyna ýalpyldaýardy. Jigitleriň ýarym ukuly gürrüňleri ýuwaş-ýuwaşdan peselip başlady we tiz wagtdan doly ýitdi. Atlaryň parryldysy we olaryň toýnaklarynyň doňan topraga degýän sesleri bolaýmasa, daş-töweregi ümsümlik gurşap aldy. Biz ýol bilen 10 werst töweregi geçip, meýdana tarap öwrüldik.

– Biz demir ýoldan we köçeden mümkin boldugyça daşrakda bolmaly – diýip, Belent serkerdebaşy bu öwrümiň sebäbini düşündirdi. Eskadron bir ýüpe düzülen ýaly bolup barýardy. Uzak wagtlap hereketsiz duran bedewler agyzdyzyklaryny çeýnäp, öňe dyzaýardylar. Aýyň ýagtysy haýallap başlady. Munuň özi säheriň golaýlaýandygynyň alamatydy. Atlaryň we adamlaryň agzyndan çykýan bug olaryň ýokarsynda bulut ýaly bolup barýardy. Silkme telpeklere, oýluklara, adamlaryň sakgallaryna we atlaryň ýüzüne gyraw düşüpdi. Biz welin öňe tarap gidip barýardyk»[188].

Dogrusyny aýtsaň, bu ýörişe polkda köpleriň gidesi gelmändi. Teke atly polkunyň 1-nji eskadronynyň mal lukmany A. W. Hrapowyň görkezmesinde şeýle diýilýär: «Gije sagat 1-de, 1-nji eskadronda serkerdeler atlylary we arabalary tebil esasynda galdyrdylar we gyssagly ýola düşmegi tabşyrdylar. Ähli arabaçy ruslar ýola çykmakdan ýüz dönderdiler we olar araba atlary goşmak islemediler. Bizi ýalaňaç gylyçlaryň astynda mejbur etdiler. Eskadron taýyn boldy, poruçik Konkow ony Hammam köçesi bilen köprä tarap alyp ugrady. Men 1-nji eskadronyň yzy bi-

len barýardym. Meniň keýpim ýokdy. Men Kornilowyň gaçandygyna şübhelenmeýärdim. Polkdan bölünip galmak üçin mümkinçilik ýokdy. Köprüden geçip, çärýek werst töweregi ýol ýöränimizde meniň yzymdan polk komitetiniň agzasy, uly unter-serkerde Hojanepes Jümmiýew ýetdi. Men ondan tebiliň näme üçin galdyrylandygyny we nirä barýandygymyzy soradym. Ol maňa, Kornilow gaçdy diýip, açyk türkmençe aýtdy. Men golaýdaky tokaýda gizlenip, Kornilowyň gaçandygy hakynda habar etmegi ýüregime düwdüm».[189]

H. Hajyýew hem 20-den gowrak adamy bolan arabaly esgerleriň iň gowy atlary, gurallary, nallary we beýleki zatlary alyp, ilkinji gije gaçandygy hakynda aýdýar.

20-nji noýabrda demir ýoluň Bütinrussiýa ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy, aklawçy Maliskiý şeýle mazmundaky telegrammany ýollapdyr: «Şu gün gije Byhowdan Kornilow 400 sany tekäni ýanyna alyp, gury ýer bilen gaçdy. Ol Žlobine tarap ugrady. Ähli demirýolçulara Kornilowy saklamak boýunça zerur çäreleri görmegi tabşyrýaryn. Onuň tussag edilendigi barada maňa habar beriň».[190]

Şu pursatda Teke atly polky öz yzyny gizläp, gijelerine güýçlendirilen ýörişi alyp bardy. Her gün jigitleriň birnäçesi polkdan galýardy. Olaryň nal kakylmadyk atlary ýörişe çydamaýardy. Diňe rotmistr Natenzonyň serkerdeligindäki 2-nji eskadronyň zerur bolan ýyly geýimleri, oýluklary, ellikleri bardy. Atlary nallanandy.

Şeýle-de bolsa jigitler ruhdan düşmediler. Olar generaly Dona ýetirjekdiklerine we sagaman Ahala aşjakdyklaryna umyt edýärdiler. Türkmenleriň söweşesi gelmeýärdi. Bu raýatlyk urşy olarlyk däldi. Hut şonuň üçinem gyzyl komissarlaryň maglumatlary düýbünden ýalandy (olaryň türkmenleriň sany barada has ulaltmalary welin, heňe gelmeýän maglumatlardy). Meselem, 24-nji noýabrda Klinsowyň komissary Saýkowskiý Smolna iberen telegrammasynda «Her birinde 300 adam bolan iki otrýadly Teke atly polky Klinsowyň demirgazyk-günbataryndan geçdi. Iň soňky duralga çenli atlaryň 40--sy ýykyldy, çapyksuwarlaryň ýaryna golaýy atlaryny idip barýarlar. Olar daýhanlardan gerek zatlaryny zor bilen alýarlar. Çünki daýhanlar olara hiç zat, hatda çöregem bermek islemeýärler. Olara wagşylarça daraýarlar»[191] diýilýär.

Bu zatlar F. Kupçinskiniň «Olar ýerli ilatdan azyk-owkat

satyn alanlarynda hemme bilen köpükme-köpük hasaplaşýardylar» diýip, suratlandyran türkmenleri hakynda aýdylýar.

«SSSR-de Raýatlyk urşunyň taryhy» (M., 1942ý.) atly kitabyň awtorlary has-da ýalan maglumatlary getirýärler. Olar A.I.Denikiniň «Ýol ugrundaky obalaryň ilaty olardan gaçýardylar ýa-da tekelere gorky bilen seredýärdiler...»[192] diýendigini tekrarlaýarlar.

Ýöne general A.I.Denikiniň özi bu wakany başgaça beýan edýär. Ol «tekeler» sözünden soň şeýle dowam edýär: «Mogilýow guberniýasyndan eýläk-beýläk at salýan gylyç bilen ýaraglanan esgerleriň çozuşlaryndan, talaňlaryndan ýüregi ýarylan halk «wagşylary» täsin galmak bilen ugradýardylar. Olar hiç kime azar bermeýän we alan zady üçin jomartlyk bilen hasaplaşýan esgerleri ilkinji gezek görýärdiler»[193].

Polkuň her bir ädimini yzarlaýardylar. Saýkoskiniň aýtmagyna görä, Klinsowsk Geňeşi öz aňtawçysyny Teke polkuna aralaşdyrdy we ondan alnan maglumatlary rewolýusion goşunlara geçirdi. Polkuň ýolunyň ugrundaky ähli obalarda olary azyk we geýim-gejim bilen üpjün etmek, islendik päsgelçiligi aradan aýyrmak ýaly işler gadagan edilýärdi.

1917-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Baş edara ediş bölümindäki Harby-rewolýusion komitet şeýle mazmundaky telegrammany ýollady:

«Hemmelere, hemmelere, hemmelere! Front, goşun, korpus we diwizion komitetlere, esgerleriň, işçileriň, daýhanlaryň deputatlarynyň ähli geňeşlerine.

24-nji noýabr. Rewolýusiýanyň dönügi general Kornilow 400 teke jigidiniň ugratmagynda Byhowdan günortalygyna gaçyp, Klinsowsk, Nowozybkow, Suraž ugry bilen barýar. Ol ýolugra 40 sany pulemýotçy esgeri özi bilen gitmäge mejbur etdi. Kornilowyň ortýady daýhanlardan zorluk bilen geýim we çörek alýar. Ýaşaýjylar Kornilowa garşy. Baş edara ediş binasynyň ýanyndaky Harby-rewolýusion komitet ähli harby-rewolýusion komitetleriň, ähli geňeşleriň Kornilowy tussag etmek we ony rewolýusion halk kazyýetine bermek üçin ähli zerur çäreleri görmegini talap edýär. Kornilowyň nireden barýandygy we onuň ýerleşýän ýeri barada telegraf üsti bilen Baş edara ediş binasynyň ýanyndaky Harby-rewolýusion komitete habar bermegiňizi soraýarys. Rewolýusion komitetiň başlygy

– Boýarskiý. Kätip — Zobkow».

Teke jigitleriniň ýörişi bolsa dowam edýärdi. Mälim bolmadyk sebäbe görä, Suraž şäheriniň etegine uly bolmadyk otrýad bilen aňtawa ugradylan poruçik Ranenkampf gaýdyp gelmedi. Munuň özi tutuş polka ýaramaz täsir etdi. Olar çalt ýöräp barýardylar. Gije tokaý jümmüşine girip azaşdylar we batgalyga gabat geldiler Ýadaw hem-de üşän jigitler Krasnowiçi obasyna tarap süýşdüler. 26-njy noýabrda ir bilen polk obanyň aňyrsyndaky açyk meýdançada nyzama düzüldi. Şol gün Keramatly Georginiň günüdi. General Kornilow şol gün polka Keramatly Georginiň baýdagyny gaýybana gowşurmak kararyna geldi. Şondan soň polk Teke georgiý atly polky diýlip atlandyrylmalydy. Munuň özi polkuň iň soňky güni boldy.

H. Hajyýew türkmenleriň şol wagtky ýagdaýyny şeýle beýan etdi: «Polkuň serkerdesinden maglumaty kabul edip, olar hem-de polk bilen salamlaşyp, Serkerdebaşy şeýle diýdi:

– Şöhrat gazanan türkmenler! Sizi Keramatly Georgiý baýramçylygy bilen gutlaýaryn. Siz özüňiziň şöhratly pederleriňiziň wesiýetlerini mynasyp dowam etmek bilen, beýik şöhratyň eýesi bolduňyz. Biziň Watanymyz üçin şeýle



Gyzyl goşunyň 2-nji atly polkunyň komandiri, Birinji jahan urşuna gatnaşyjy, Georgiý ordeniniň kawaleri Daňatar Artykow (gypjakly). 1925 ý.

agyr günlerde bu has äşgär duýuldy. Men sizi Orta Aziýada gulluk eden döwrümden bäri Russiýanyň wepaly ogullary hökmünde tanaýaryn. Şeýle egindeşlerimiň meni gurşap almagynda ýalan we jenaýatçylykly ýoly saýlap alan adamlaryň howp salmalaryndan gorkmaýaryn.

Kezzap Kerenskiý Watanyň kynçylygyny hasaba alman, şeýle bir ýagdaýy emele getirdi welin, ondan Russiýanyň wepaly ogullaryna çykalga tapmak

kyn boldy. Men bu çykalgany söz bilen däl-de, diňe elimize ýarag alyp tapjakdygymyza ynanýaryn. Megerem, maňa has ýowuz synaglar garaşýandyr. Ýöne türkmenler siz, ýaly wepaly nökerlere daýanmak bilen, ähli päsgelçilikleri ýeňip geçjekdigimize ynanýaryn. Biz Donda ähli güýçlerimizi jemläp, Watan dönüklerine we duşmanlaryna berk gaýtawul bereris. Siziň hemmäňizi Georgiý ştandarty bilen gutlaýaryn. Siz oňa birçak mynasyp bolduňyz. Eý, meniň wepaly tekelerim, men size tagzym edýärin! Ýyllar aşar, şeýle bir wagt geler. Şonda sizi tutuş Russiýa alkyşlar. Alla ýaryňyz bolsun!

Polk dem serkerdebaşynyň sözüni diňledi. Türkmenleri Georgiý ştandartynyň we baýaryň geljekki meýilnamalarynyň tolgundyrmaýandygyny olaryň ýüzlerinden okap bolýardy.

– Meniň sözlerimi türkmenlere düşündir! – diýip, belent serkerdebaşy polkuň serkerdesine buýruk berdi we özi bir tarapa çekildi.

Jigitler:

– Han aga, baýaryň aýdan zatlaryny bize terjime edip ber! – diýşip gygyryşdylar.

Muny eşiden polkuň serkerdesi maňa serkerdebaşynyň sözlerini terjime etmegi tabşyrdy. Men jigitleriň arasyna baryp, onuň sözlerini doly terjime edip, sözümi soňlamankam, daşymy gurşap duran jigitler:

– Eý, Boýar, Boýar. Sen Georgiý ştandarty, Georgiý hajy barada gürrüň edýäň. Goý, olaryň hemmesi özüňde galsyn. Türkmeniň ýüregini haç bilen bezemersiň, ştandart bilenem ýapmarsyň. Seniň bize goýýan hormatyň üçin, bizem saňa hormat bilen jogap berýäris. Sen bize düşünen, ýöriş mahalynda bize üns beren ýeketäk adam bolduň. Biz saňa düşündik we biz üçin alada edýändigiňi, ýüregiň bilen bize ynanýandygyňy bilýäris. Bize hiç zat gerek däl! Sen bizi nirä alyp barýan bolsaň, şol menzile ýetmäge Alla hemaýat bersin. Şondan soň sen bizi öz dogduk Ahalymyza goýberersiň. Eger biz bilen gitmekçi bolsaňam baş üstüne. Biziň arzyly myhmanymyz bolarsyň. Han aga, şu sözleň hemmesini biziň Boýarymyza ýetir.

Şondan soň Kornilow şeýle diýdi:

– Bolýar, han, Dona baranymyzda men olary uly şatlyk bilen goýbereýin. Olar muňa doly hukuk gazandylar. Şondan soň meniň olardan haýsydyr bir zat talap etmäge hukugym bolmaz. Men olaryň umumy işiň hatyrasyna eden wepaly hemde halal gulluklary üçin tüýs

ýürekden sag bolsun aýdýaryn. Sizden islendik amatly pursatda meniň sözlerimiň hemmesini olara ýetirmegiňizi haýyş edýärin, indi bolsa, Han, haýal etmän ýola düşeliň»[194] .

Polk Mgline tarap gitmek üçin (Suraž şäheriniň günortasy bilen) Krasnowiçden çykdy we Pisarenko obasyna golaý bardy. Bu ýerde Kornilowyň ýanyna bir ýerli ýaşaýjy geldi we has gysga ýoly görkezmäge höwesek boldy. General oňa at bermegi buýurdy. Ol polky haýsydyr bir näbelli ýol bilen alyp gitdi. Ol kornilowçylary tokaýyň jümmüşine eltdi-de, birdenem öňe okduryldy, polk bolsa pulemýot okuna tutuldy. Şonda onlarça türkmen wepat boldy. Atlylar başly-barat Krasnowiçä tarap çekildiler. Ol ýerde bolsa olary Gyzyl Goşunyň otrýady oka tutdy. Kýugelgen jigitleri gyssagly ýygnady, olar başga ýol bilen tokaýa girdiler.

Şu pursatda H. Hajyýewiň sözlerini getirmeli bolýarys. Çünki ol sözler ähli türkmenleriň ýüregini gaplan gaýgyny we galagoplygy beýan edýär. Ol söweş meýdanynda özüniň bedewi bilen ýykylan çapary Bäşimi gördi. «Ykbalyň oýnuny görsene, edil bir sagat mundan ozal gelşikli we şadyýan Bäşim özüniň Boýaryny Dona eltmegi, soňra bolsa özüniň dogduk ýurduna – ýalanyň, dönükligiň, ikiligiň ýok ýerine, goýun sürüleriniň we düýeleriň erkana gezim edýän göm-gök, asuda asmanyň astyndaky uç--gyraksyz sährasyna, özüne mähriban hem-de ýakyn tebigaty bolan Ahala ugramagy arzuw edýärdi. Şol söýgüli sährasynda owadan gyrmyzy donuny geýip, özüniň uçganaklap duran bedewinde ýaş gyzlaryň ýüregini awlap, ýel bolup çapasy gelýärdi. Juwan kuwwatly ýigit, gyzgyn ýüregi bilen öwşün atýan şapak kimin özüniň kuwwatyna, ýeňilmezligine ynamy bardy. Ol gaýduwsyz ýigide dünýäde hiç bir zat gorkuly däldir öýdýärdi. Daşdan ýüregi, almaz gylyjy, uçganaklap duran bedewi bolan dogumly jigide hiç zat howp salmaly däldi. Çünki onuň pederleri onuň gursagyna bu ýörelgäni has irki döwürden guýupdylar. Dünýäde kuwwatly gollardan, kesgir gylyçdan we ýelden ýyndam bedewden başga bir güýç bardyr öýdüp, ol asla pikir etmese näme. Ol özüniň düýbi çapylan serwi agajy ýaly biwagt ýykyljakdygyndan habary ýokdy. Dönüklik diýlen ýowuz güýjüň öňünde onuňam, onuň ýigitleriniňem döwi pes geldi. Şol haram dönüklik zerarly ol indi gana bulaşyp, gymyldysyz ýatyr. Hatda ol

atasyndan ýadygär galan we özüni köp belalardan goran almaz gylyjynam çykaryp bilmändir. Onuň ýanynda bolsa wepaly syrdaşy, bedewi ýatyr. Ony dönükler arkasyndan ok atyp öldürdiler. Onuň entek arkadan atylýandygynyň habaram ýokdy. Melgun gorkaklar Bäşimiň elinde berk gysylgy almaz gylyjy barka, onuň bilen ýüzbe-ýüz bolup biljek däldiler. Bäşimiň jylawyny goýberip, nemes pulemýotyna tarap göni hüjüm eden bedewi indi dem-düýtsüz ýatyrdy... Ahal ýaýlasynda bolsa onuň garry enesi Watan goragyna ugradan ogluna garaşar. Ony sorap-idär. Şu dönüklige şaýat bolan adamlardan hakykaty eşidip, ýüregini gyýym-gyýym edip aglar. Ýöne men bir zada ynanýaryn. Ol ýigitler hakdaky hakyda hiç wagt ölmez we nähak gan ýerde ýatmaz... Ýyllar geçer, belki-de, asyrlar aýlanar. Ýöne şeýle bir gün geler, Rus topragynyň gahrymany beýik baýary hormat bilen ýatlar, onuň we egindeşleriniň, Watanyň wepaly ogullary bolan türkmenleriň edermenligi we pidalary ýatlanylar... Şöhratly Teke polkunyň gaýduwsyz jigitleri size menden tagzymlar bolsun! Esasan-da, 1917-nji ýylyň iýul aýyndan başlap meniň bilen bilelikde beýik baýara gulluk eden türkmenlere doganlyk tagzymy bolsun! Siz halallyk we wepalylyk bilen Watanymyz üçin kyn pursatlarda meniň görkezmelerime, maslahatlaryma we özüňiziň beren sözüňize wepaly bolup gulluk etdiňiz. Siz öz wepaňyza ikilik edeniňizden, öleniňizi kem görmediňiz. Size şöhrat hem-de tagzym bolsun, meniň mähribanlarym! Meniň her sözüme düşünen we ak ýürekden kömek eden, beýik baýaryň gullugynda öz edermenligiňizi görkezen gadyrdan dostlarym: Serdar aga, Natenzon, Bek-Uzarow, Raýewskiý, Gyşyk Kazyýew, Daňatar Artykow, Babahan Meňlihanow, Gurban Kuly, Mistul Baýar, Ata Muratow, Sylap Serdarow we Goç Kuly!...»[195]

Teke polky tokaýdan geçip, gündiz sagat 2-lerde Moskwa-Brest demir ýoluna ýakyn geldi. Uneça bekedini geçmek islän Kornilow poruçik Konkowyň toparyny sagdan, poruçik Browçenskiniň toparyny bolsa çepden, Sylap Serdarowy göni ýoldan öňe ýollady.

General demir ýoly gyssagly geçmegi tabşyrdy. Ähli tarapdan atylyp barýan aňtawçylar howpuň bardygyny biri-birine duýdurdylar. Ýöne jigitleriň uly topary eýýäm depeden inipdi. Duýdansyz ýagdaýda öwrümiň

aňyrsyndan bronepoýezd peýda boldy. Oňa harby rewolýusion komitetiň 2-nji goşunynyň agzasy W.I.Prolygin serkerdelik edýärdi we polky artilleriýa-pulemýot okuna tutup başlady. Atlylar bedewlerini yzyna öwrüp ýetişmediler we atlar depeden aşaklygyna ýykylyp başladylar. Gyzyl Goşun şeýle bir güýçli ot açdy welin, jigitleriň arkasyndaky ýaşajyk tokaý palaç ýatyrylan ýaly boldy. Generalyň astyndaky at hem ýykyldy, ýöne generalyň özüni jigitleriň biri at üstüne aldy-da, ony oduň içinden alyp çykdy. Polk dyr-pytrak boldy.

1-nji eskadron özüniň serkerdesi bilen bir tarapa gyssagly öwrüldi-de, günbatara Klinsa tarap gitdi. Olary bolşewikler ýaragsyzlandyrdylar we Minskä ugratdylar. Şu ýerde bir zat aýtmak isleýärin. 1895-nji ýylda doglan, atly esger Sähet Babaýewiň XX asyryň 60-njy ýyllarynda ýazan ýatlamalarynda şeýle diýilýär (Ol ýatlamalar häzir Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde saklanylýar): «103 adamdan ybarat türkmen eskadronynyň düzüminde olar 1917-nji ýylyň tomsunda Syzan şäherine geldiler. Ol ýerden jigitler fronta gitmek islediler. Ýöne bu ýerde türkmenlere bolşewikleriň täsiri ýetdi we 51 adam öýlerine dolanmagy karar etdi. Galanlary bolsa Teke atly polkunyň ýerleşýän ýeri bolan Byhowa geldiler we general Kornilow bilen Dona tarap ugradylar. S. Babaýewiň sözlerine görä, general bir eskadron bilen galyp, atly esgerlere öýlerine özbaşdak gitmegi maslahat berdi, ähli zatlaryny ýakyp, raýat lybasyna girdi hem-de 300 rubla araba tutdy-da, nä-belli ugur boýunça gözden ýitdi. S. Babaýewiň sözlerine görä, polkda 700 adam bardy, olaryň 400-si bronepoýezdiň okundan heläk boldy. Şondan soň 1-nji eskadronyň esgerlerini bolşewikler tussag etdiler we ýük awtoulaglarynda Minskä ugratdylar. Ol ýerde türkmenlere ady rowaýata öwrülen diwiziýa serkerdesi W. I. Çapaýew duşdy. Türkmenleri demir ýol menziliniň ýanyndaky kazarmalara ýerleşdirdiler we olary naharladylar, esger lybaslaryny berdiler. Şeýlelikde, jigitler 2-nji Kawkaz korpusynyň birinji partizan otrýadyny emele getirdiler. Olar şöhratly Çapaýewiň ýolbaşçylygynda söweşdiler. Bir gün diwiziýanyň serkerdesi türkmenleri hatara duruzdy-da, olara Moskwadan alnan gökezmäni okap berdi. Onda görkezilişine görä, türkmenler öz Watanyna gaýdyp barmaly we ol ýerde sowet häkimiýetiniň dikeldilmegine kömek bermeli. Çapaýew



Semýon Mihaýlowiç Budýonnyý, 1925 ý. Poltarask şäheri (Aşgabat).

türkmenlere minnetdarlyk bildirip, bäherdenli unter-serkerde Ýusupaly Meredalyýewe otrýadda galmagy haýyş etdi. Ol guramaçy serkerde we deňsiz-taýsyz pulemýotçy hasaplanýardy. Şeýlelikde, Ýusupaly bilen Büzmeýin obasyndan doganlar Agajykowlar Çapaýewiň diwiziýasynda galdylar. Galanlary bolsa Türkmenistana dolandylar[195].

Umuman, polkda 600-e golaý (başga bir maglumatlara görä 400) atly esger bardy. Şeýlelikde, General Kornilow 1-nji eskadronda däldi, polkuň jigitleriniň hem bary heläk bolmandy. Olardan galan esgerleri köp wagtlap ýygnadylar. Olar ýaralananlar bilen bilelikde bary-ýogy 25 sanydy. Galanlary bolsa gurban boldular, ýesir düşdüler ýa-da dereksiz ýitdiler. Jigitler ruhdan düşüpdiler, olar daş-töwerekde näme bolup geçýändigine hiç düşünip bilmeýärdiler.

«Boýar, sen aýtsana, eger tutuş Russiýany bolşewikler eýelese, biz näme edip bileris?» diýip, Kornilowa sorag berýär-

diler. Atly esgerleriň gürläsleri gelenokdy. Şol wagt 2-nji eskadronyň serkerdesi Natenzon silkme telpegini çykardyda, şeýle diýip gygyrdy: «Tekeler! Siz, dogrudanam, öz generalyňyza dönüklik edäýjekmi? Bu bolmaz, bolmaz! 2-nji eskadron, atlanyň!» Türkmenler tutuş urşy polk bilen geçiren bu serkerdä hormat goýýardylar. 1915-nji ýylda Georgiý Natenzon poruçik wagty Keramatly Stanislaw ordeni, gylyç we bant bilen sylaglanypdy[197].

2-nji eskadronyň jigitleri bedewlere atlandylar-da, polkuň baýdagyny göterip, öňe okduryldylar. «Göni tokaýyň jümmüşine ugradylar we garaňky düşýänçä ugurlaryny üýtgedip, yzlaryny ýitirip, hereket etdiler. Olar bir hatara düzülip ýörediler. Iň öňden ştab-rotmistr Tolstow komposy bilen barýar, onuň yzy bilen general Kornilow, soňra polkownik Aron we beýlekiler. Köp wagt geçmänkä meni öňe çagyrdylar. Ştab-rotmistr Tolstow ýaralanan eli bilen saklamak kyn bolýandygyny aýdyp, kompasy maňa berdi. Garaňky gowy gatlyşanda, general Kornilow öz ýanyna serkerdeleri çagyryp, şeýle diýdi: «Bizde iki çykalga bar: Pesçaniki demir ýol menziliniň ýanyndan demir ýoly geçmeli ýa-da ýolsuz ýerden kompas bilen ýöräp, Uneça we Rassuha menzillerini geçmeli, munuň üçin birneme guraşan batgalykdan, tokaýyň gür ýerinden 20–25 werst töweregi geçmeli. Ýöne ikinji çykalga gowy bolar. Çünki Pesçaniki demir ýol menziliniň ýanynda bolşewikleriň bolmagy mümkin» diýip, 4-nji eskadronyň serkerdesi, ştab-rotmistr S. ýazýar[198].

Şeýlelikde, doňan batgalykdan geçmeli diýlen karara gelindi, ýöne buz jaýryk atdy. Atlylar suwa çümüp başladylar. 27-nji noýabrda ir sagat 7-de Teke atly polky ahyrynda batgalykdan çykdy we obanyň daşyndan aýlanyp, günorta-gündogara ugur aldy.

Şol gün Kornilow olara generalsyz hereket etmek howpsuz bolar diýip, polkdan gitmek kararyna geldi. Polk serkerdäniň ýolbaşçylygynda we ýedi kiçi serkerde bilen Pogara we ondan aňryk Trubçewskä tarap ýöremelidi. Kornilow 11 serkerdesi bolan otrýad we saýlama 32 atly esger bilen Nowgorod-Sewersk tarapa ugur aldy. Ýöne birnäçe söweşleri başdan geçiren otrýad 30-njy noýabrda Pogara tarap çekilmeli boldy. Ol ýerde polkuň galan bölegi bardy. Kornilow bu ýerde Rumyniýadan gelen gaçgak Larion Iwanowyň daýhan lybasyna girdi-de, polkdan

çykyp, Dona tarap ýeke özi gitdi.

General Lukomskiý we Denikin Kornilow tekeleri howpa sezewar etmejek bolup şeýle etdi diýip hasapladylar. Onda näme üçin ol bu hereketi gizlinlikde etdikä?

Ştab-rotmistr S. şeýle diýýär:

«1-nji dekabrda gündiz sagat 12-lerde general Kornilow iki gyrgyz we ştab-rotmistr Tolstow atly Pogaradan çykyp ugradylar. Şol gün bazar günüdi. Köçelerde adam köpdi. Ýöne hemme ýerde biziň atlylarymyz bolandygy sebäpli, dört atlynyň nirä barýandygyna hiç kim ünsem bermedi. Pogaradan 5 werst töweregi uzakda olara saniler garaşýardy. Sanileri Kornilowyň bolýan öýüniň eýesi taýýnlapdy. General Kornilow içmegini we telpegini çalşyp, aňyrlygyna gitdi. Tolstow bilen atlylar yzyna dolandylar»[199]. Şonda general ýanyna bir türkmeni hem almady. Polkuň serkerdesine hiç hili tabşyryk bermedi. Teke atly polkunyň serkerdesi N. P. Fon Kýugelgen jigitleri taşlamady. Ol Pogaradan bolşewikleriň Baş edara jaýyna şeýle mazmundaky telegrammany ugratdy: «Bronepoýezdiň has golaýdan ok ýagdyrmagy netijesinde, Staraýa Gutanyň ýanynda polk dürli ugurlar boýunça golaýdaky tokaýlara we obalara tarap yza çekildi. Kornilowyň aty heläk boldy. Gorag boýunça komendant, köp sanly dereksiz ýiten serkerdeler we atlylar bilen general Kornilow hem ýitdi. Polk galan esgerlere we ýitenlere goşulmak üçin Trubçewskä tarap ugrady. Heläk bolan atlaryň sany köp»[200].

Şu maglumatdan görnüşi ýaly, polkuň serkerdesiniň generalyň niredediginden habary ýok eken. Ýöne ol galan we ýaralanan esgerleri ýygnamak üçin jan etdi. N. Kýugelgen görkezmeler bolmansoň geljekki tabşyryklara garaşdy. Polkuň galan esgerleri Pogarada iki hepdeläp saklandylar we ýaralylary ýygnadylar. Tabşyryk welin gelip gowuşmady. Indi türkmenler bolşewikleri gyzyklandyrmaýardy, çünki ol ýerde Kornilow ýokdy.

Şonda Nowgorod-Sewerskä tarapa gitmek karar edildi. Ol ýerde polk bolşewikleriň garşydaşy bolan ukrainalylara goşuldy. Ukraina Radasynyň häkimleri bilen ylalaşykda polk demir ýol bilen Kiýewe geldi. Olar bu ýerde sowet goşunlary şähere çozýança boldular. 1918-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda Teke atly polky resmi ýagdaýda dargadyldy. Çernigowşinanyň tokaýlarynda galan köp sanly jigitler nirä barýandyklaryny bilmezden, özbaşdak hereket



Polkownik Seýitmyrat Öwezbaýew, 1932-nji ýylyň fewraly.

Adamlar atdan ýykylýardylar, atlar kişňeýärdiler. Minalar ýarylýardy, oklar ýagýardy. Olar edil balarylary ýaly biziň töweregimizden sygyryşyp geçýärdiler. Biziň ýanymyza polkuň adýutanty geldi. Biz öýüň aňyrsynda atdan düşdük. Şondada biziň kellämiziň ýokarsyndan öýüň üçegini deşip oklar geçýärdi. Olar biziň yzymyz bilen bu ýere 2-nji eskadronyň wahmistri Çerkeziň ýolbaşçylygyndaky 9 sany jigit geldi. Olaryň biri ýaralydy, biri bolsa syrkawdy. «Geldi Myrat, bar, derrew Belent serkerdebaşynyň ýerleşýän ýerini bil we habar ber» diýip, 2-nji eskadronyň unter-serkerdesi buýruk berdi.

Geldiniň şol gidişi boldy. Oňa bir sagat töweregi garaşyp, garaňky düşmegi bilen biz Pawlowiçi obasyna tarap gitmegi karar etdik. Ol ýerde Serkerdebaşynyň buýrugy boýunça polk ýygnanmalydy. Eger olar demir ýoldan geçen bolsalar, bu ýerde bolaýmalydy. Ol ýerde hem biz bolşewikleriň tüpeňleriniň seslerini eşitdik.

edip başladylar. Olaryň köpüsi oba hem-de bolşewik talaňçylarynyň elinden heläk boldular.

Tokaýyň içi bilen birnäçe serkerde –Neýgardt, Ranenkampf, H.Hajyýew we birnäçe kiçi serkerde türkmenler ýöräp geçdiler. Şol ýagdaý barada H.Hajyýew şeýle ýatlaýar: «Pulemýot we top oklarynyň astynda biz ýaşajyk tokaýyň içi bilen çar tarapa gaçdyk.

Diýmek, bronepoýezdde goşmaça gelýän goşun türkmenleri gyrýardy. Şeýlelikde, biz bu ýerden çaltrak gitmegi makul bildik. Birnäçe wagt ýol ýöräp, tokaýyň içi bilen atly ýöremegiň mümkin däldigine göz ýetirip, häzire çenli hemra bolan bedewlerimizi goýberip, pyýada ýöredik. Şeýlelikde, biz pogonlarymyzy we beýleki nyşanlarymyzy sypyryşdyryp, gylyçlarymyzy, ýaraglarymyzy taşladyk, ähli resminamalarymyzy ýakdyk. Men Serkerdebaşynyň ähli hatlaryny ýok etdim. Olar Byhowdan Mogilýowa iberilen hatlardy. Onda birnäçe tabşyryklar bardy. Ähli altyn, kümüş zatlarymyzy hem zyňyşdyrdyk. Silkme telpekleriň daşlygyny aýryp, diňe işligini kellämize geýdik. Hor, sakgallarymyz syrylmadyk, tapdan düşen we üýtgeşik telpekli ýagdaýda biz hytaýlylara ýa-da koreýlere meňzeýärdik. Men atym bilen hoşlaşanymda, onuň ýüzünden öpdüm. Bedewler dim-dik durdylar. Olaryň özleriniň taşlanýandygyndan, şu ýowuz tokaýda dönüklik edilýändiginden habarlary-da ýokdy.

Daş-töwerekde toplaryň, tüpeňleriň sesleri eşidilýärdi. Biz öňe ýöredik. Ýigrimi ädim töweregi geçenimizde, biziň yzymyz bilen atlarymyzyň gelýändigini gördük. Olary gören jigitleriň bokurdaklary doldy. Meniň atym ýöräp gelýärkä iki agajyň arasynda gysylyp galdy. Ol menden haraý isläp, naýynjar seredýärdi. Men onuň ýanyna baryp, ýene bir gezek ýüzünden öpdümde, öz ýoldaşlarymyň yzyndan ylgadym. Gyzyl Goşunyň esgerleri polkuň söbügini basyp gelýärdiler. Olar ölenleri talaýardylar, dirileri öldürýärdiler. Olaryň silkme telpeklerini, gylyçlaryny, atlaryny, umuman aýdanyňda, içki eşiginden başga bar zadyny diýen ýaly sypyrýardylar. Görlüp-eşidilmedik talaňçylyk boldy. Ahalyň merdana ogullaryna Çernigow guberniýasynyň tokaýlarynda ýowuz ýagdaýda wepat bolmak nesibesi ýazylan bolmaly. Şol gün tutuş polk gyryldy. Diňe üç serkerde bilen bolşewiklere ýesir düşen 1-nji eskadron diri galdy. Onda Konkow, Zaharow, poruçikler we kornet Salazkin hem-de ýaralananlar, syrkawlar bilen bilelikde 75 töweregi adam bardy. Olar Serkerdebaşynyň ýanyndadylar».[201]

1917-nji ýylyň 29-njy noýabrynda H.Hajyýew ýesir düşdi. Ol ýerde ony töwerekdäkileriň gazabyndan ozal esger bolan bir daýhan halas etdi. Ol polkuň jigitleriniň birini hem atmaly däl diýen buýrugyň bardygyny Hana habar berdi. Olary ser-

kerde Krylenkonyň huzuryna äkitmelidigini, şeýle hem 100-e golaý jigidiň Brýanskide saklawdadygyny aýtdy[202].

Türkmen serkerdesini wagona mündürdiler. Ol wagonyň içindäki ähli gyzyl gwardiýaçylaryň türkmenleriň silkme telpeklerini, sary çyzykly oýluklaryny geýendiklerini hem-de gylyç asylgy kümüş guşaklaryny guşanandyklaryny gördi. Wagonyň içinde türkmen atlaryndan sypyrylan birnäçe eýerler bardy. Wagonyň aňyrsynda bolsa köpçülikleýin oka tutulan ahalteke bedewleri gana bulaşyp ýatyrdy. Olaryň ýanyna hiç kim goýberilmeýärdi we olaryň ähli enjamlary sypyrylyp alnandy[203].

23-nji dekabrda H. Hajyýew birnäçe jigitler bilen tussaglykdan gaçdy we Kiýewe tarap ugur aldy. Ol ýerde Don goşunynyň wekilleri türkmenleri Rostowa ugratdylar. Ýolda jigitler göni Orta Aziýa gitmegi karar etdiler. H. Hajyýew özüniň egindeşleri bilen hoşlaşyp, Rostowa geldi. Şondan soň ol Nowoçerkasskä bardy. Ol ýerde H. Hajyýewi general Kornilow kabul etdi. General bu ýagdaýa, özüniň adýutantynyň gelendigine örän begendi. Serkerdeler Han ölendir öýdüp pikir edýärdiler. Hatda olar «Wolnyý Don» gazetinde bu barada maglumat hem beripdiler. Şeýlelikde, Dona Kornilowyň beýleki teke jigitleri, rotmistr Aron, rotmistr Tolstow, praporşik Ranenkampf, poruçik Negardt dagy geldi. 1918-nji ýylyň ýanwarynyň başynda bolsa Nowoçerkasskä uly unter-serkerde Ballar Ýaranowyň ýolbaşçylygyndaky 40 jigit geldi. Han Hajyýew B. Ýaranow bilen Kornilowyň arasynda örän gyzykly gürrüňdeşligiň bolandygyny habar berýär. General polkuň esgerleri atuwa höküm edilenden soň, Dona gelmäge milt edip bilen serkerde türkmenleriň biriniň B. Ýaranowdygyny belledi. Şonda Ballar şeýle jogap berdi: «Boýar, men bir zat diýdimmi, öz sözümden dänmeýärin. Sen polka oýlanyşyksyz hem-de perwaýsyz çemeleşeniňden soň, seni öz serdary hasaplap ýören türkmenleriň saňa ynamy gaçdy. Biz asyrlarboýy erkin ýagdaýda ýaşan türkmenler, adatça, hakykaty göni aýdyp bilýäris we öz serdarymyz nädogry hereket etse, oňa öz nägileligimizi açyk aýan edýäris. Boýar, sen dogry düşün, biz öz serdarymyzyň yzyna mejbury däl-de, meýletinlik bilen düşdük. Hut şonuň üçinem biz onuň hereketlerini goldamaga ýa-da inkär etmäge hukugymyz bardyr. Biz Dona tarap bolan ýolumyzda

size ynamsyzlyk bilen garadyk. Ýöne sizi bolşewiklere satmadyk. Şeýlelikde, siziň özüňiz bizi taşlaýançaňyz siziň bilen bolduk.

Eger-de biziň sizi bolşewiklere satmak meýlimiz bolan bolsa, onda siziň çapyp barýan atyňyz ölüp, eýerden ýykylanyňyzda, sizi oduň içinden alyp çykarmazdyk. Şol pursatda bolsa Ergardtyň eskadronynyň serkerdeleri bolşewiklere satylyp, biziň gaýduwsyz ildeşlerimizi bolşewiklere parçalatdylar. Indi siziň adýutantyňyz barada aýdaýyn, (gürrüň H. Hajyýew barada barýar — Ö. G.) ol Mogilýowda jigitleri bolşewikleriň täsirinden we olaryň özüne çekiji söz bermelerinden goramak üçin Serdar aganyň (Oraz serdaryň – Ö. G.) nähili yhlas edendigini bilýär. Şonda Han aga meniň üstüm bilen jigitlere bolşewikleriň ýalan hereketi arkaly size nähili zyýan ýetirjek bolýandygyny düşündirdi. Men häzirem siziň ýeke özüňiziň iş bitirip biljekdigiňize ynanmaýaryn. Men jigitleri seniň ýanyňa getirip, saňa hoşniýetli arzuwlary aýdyp, biziň Ahala ugramagymyza ak pata bermegiňi soradym. Bizi ýamanlykda ýatlamaň. Biz seniň üçin elimizden gelenini etdik»[204].

Jigidiň sözlerine Kornilowyň bokurdagy doldy.

Ol uly tolgunma bilen jogap berdi: «Açyk göwünli söhbetiň üçin sag bol. Meniň siziň garşyňyza hiç hili pikirim ýok, jigitler! Size diňe gowuluklary arzuw edýärin. Siziň gullugyňyz üçin Taňry ýalkasyn, meniň wepaly türkmenlerim!» [205]

Ýedi sany atly generalyň ýanynda galdy. Olar onuň şahsy goragyny üpjün etdiler. Galanlary bolsa general bilen mähirli hoşlaşyp, Türkmenistana tarap ýola düşdüler.

1918-nji ýylyň 9-njy fewralynda general Kornilowyň uly bolmadyk meýletinçiler goşuny çar tarapdan bolşewikleriň zor salmagy astynda Rostowdan çykyp, Ýekaterinodara tarap ýola düşdi. Bu ýöriş taryhda «1-nji Kuban ýörişi» ýa-da «Buzly ýöriş» adyny aldy. Generalyň şahsy goragynyň düzüminde tekeleriň serkerdeleri rotmistr Aron (baştutan), polkownik Grigorýew (soňra Arony çalyşýar), praporşik Mistulow, kornet Sylap Serdarow, iki kawkazly serkerde (Alsoýew we Ksoýew), şeýle hem alty sany türkmen jigidi bardy. 13-nji fewralda bu bölüme Russiýa imperiýasynyň üç reňkli baýdagy gowşuryldy. Han Hajyýew genaralyň adýutanty we janpenasy boldy.

Serkerdebaşy wepat bolýança türkmenler onuň ýanynda boldular, goradylar, generalyň yzyna düşüp, stanisa girdiler. Meýletinçiler goşunynyň serkerdesi R. Gulyň ýatlamalarynda şeýle diýilýär: «Kornilowy, dogrudan-da, zor görmeli, entek stanisa eýelenmänkä, ol eýýäm tekeler bilen oňa girýär. Kornowskide bolsa ol uly işleri bitirdi. «Kapitan ýene-de şeýle diýýär: «Dogrusyny aýtsak, biz söweşi onuň tagallasy bilen ýeňdik. Biziň işimiz başa barman yza çekilenimizde, ol düzümi saklap, ony hüjüme galdyrdy. Özi bolsa tekeler bilen stanisanyň daşyndan aýlanyp, duşmanlaryň tylyndan şeýle bir ot açyp, olaryň içine şeýle bir galagopluk girizdi. Olar diňe gaçmak bilen boldular»[206].

Kornilow türkmenleri hemişe öz ýanynda saklady we iň kyn ýerlere ugratdy. Ynha, meselem, Kubanda (Kiselewsk hutorlarynyň eteginde) Meýletinçiler goşunynyň daşy gabaldy. Goşmaça kömege garaşara mümkinçilik ýokdy. Şonda general jigitleri öňe sürdi, onda başga güýç ýokdy. Şeýlelikde, şol gün agşama çenli gabawdan çykyldy.[207]

1918-nji ýylyň 31-nji martynda Ýekaterinodaryň (häzirki Krasnodar) etegindäki Ýelizawetski stanisasynda Kornilowyň öýünde top oky ýaryldy. H. Hajyýew we onuň ýigitleri generaly arassa howa çykardylar. Ýöne eýýäm giçdi. Şeýlelikde, nemesleriň gol astyndaky Gnaçbauda generaly gizlinlikde jaýladylar.

Şu wakalardan soň, H.Hajyýew we saklawyň jigitleri 1-nji Kuban polkuna bardylar we ol ýerde Medwedkowa etegindäki söweşlere gatnaşdylar. H.Hajyýew täze serkerdebaşy general A.I.Denikine we ştabyň başlygy general Romanowskä mümkin bolan ilkinji pursatda Meýletinçiler goşunyny taşlap, Türkmenistana gitjekdiklerini habar berdi.

Han Nowoçerkasskä tarap ugrady we ol ýerde Rostowda nemesler tarapyndan 60 töweregi jigidiň gabalandygyny eşitdi. Bu türkmenler baryp 1917-nji ýylyň 26-njy noýabryndan bäri bolşewiklere ýesir düşüp, Minskiniň türmesinde saklanýardylar. Olar nemes goşunlary tarapyndan azat edildiler, soňra teke jigitleri kä bolşewikleriň, käte ak gwardiýaçylaryň tarapynda söweşdiler. Ahala gaýdyp barmak olaryň baş arzuwydy.

Natenzonyň tarapyndan rotmistr Hanyň ýanyna iberilen Teke polkunyň ozalky serkerdeleriniň biri geldi. Naten-

zon Kiýewde getman Skoropadskiniň saklawynda serkerde bolup gulluk edýärdi. Saklawda birnäçe türkmen bolup, olar getman bilen bilelikde nemes kaýzeri Wilgelm bilen duşuşyga bardy. Rotmistr tekeleri öz ýanyna Kiýewe çagyrdy. Ýöne jigitler Watanyna dolanmagy makul bildiler.[208]

Poruçik H.Hajyýewiň Meýletinçiler goşunyndan daşary aýratyn türkmenler otrýadyny düzendigi barada maglumat bar. 1918-nji ýylyň 19-njy awgustynda 135 belgili Goşun atamanynyň wezipesini ýerine ýetiriji polkownik knýaz Tundukowyň goly bilen Astrahan kazak goşuny boýunça iberilen buýruk bar. Oňa laýyklykda, goşunyň ştabynda aýratyn Teke ýüzlügi döredilipdir. Oňa serkerde hökmünde H. Hajyýew bellenilipdir. 1918-nji ýylyň sentýabrynyň aýagynda H. Hajyýew «1-nji Kuban ýörişi üçin» diýen[824], belgili tapawutlandyryjy nyşan bilen sylaglanypdyr.[209]

Şondan köp wagt geçmänkä, Han özüniň jigitleri bilen Watanyna ugrady. Şeýlelikde, Birinji jahan urşunda gaýduwsyzlyk görkezen Teke atly polkunyň jigitleri özüniň köpýyllyk ýörişini tamamladylar. «Ak emigrantlar» türkmen jigitlerini hoşniýetli sözler bilen ýatlaýardylar. Hatda olar barada goşgular hem düzýärdiler.

Ol (Teke polky – Ö. G.)
    duşmandan aryny alan,
Serdar Kornilowy penalan,
Agyr ýöriş geçirip,
Ölüme dikan seredip,
Ganly söweşde wepat bolan,
Öz borjun birkemsiz haklan...[210]

*Kapitan W. Budilowiç*

Teke ýigitlerine şan bolsun,
Rusuň buýsanjyn goradyňyz.
Edermenligiňiziň şöhraty öçmez,
Şanly rowaýata öwrüldiňiz [211].

*Kapitan A. Bragin*

«Mähriban topragyň ýyl ýazgysynda» köp wagtlap Teke atly polkunyň şanly edermenligi barada diňe taryhy işlerde haýsydyr bir aýratyn alnan jigitler polky barada bolgusyz häsiýetli maglumatlar bolaýmasa ýatlanmady. Birinji jahan urşunyň gahrymanlarynyň köpüsi Stalin tutha-tutlugy döwründe rehimsizlik bilen ýok edildiler.

1918-nji ýylyň ahyryna çenli polkuň diri galan jigitleriniň hemmesi diýen ýaly Watanyna dolandylar. Ýöne olaryň käbiri general A. Denihiniň Meýletinçiler goşunynyň düzüminde, şeýle hem Ukrainanyň çäklerinde getman Skoropdskiniň saklawynda we W. I. Çapaýewiň diwiziýasynyň düzüminde Gyzyl Goşunda galdylar. Olaryň soňky ykbaly bize mälim däl.

Şol döwürde Zakaspi oblastynyň (Türkmenistanyň Daşoguz we Lebap welaýatlaryndan beýleki çägi) syýasy durmuşyna Teke polkunyň ozalky serkerdeleri, şeýle hem rus-türk frontunda söweşen serkerdeler işjeň gatnaşdylar. 1917-nji ýylyň fewral rewolýusiýasyndan soň, öz Watanyna gaýdyp gelen türkmen serkerdeleri uruşda alan ýaralary sebäpli Türkmenistanda demokratiýa özgertmeler ugrundaky syýasy göreşe goşulýarlar.

1917-nji ýylyň maýynda türkmen komitetleriniň Zakaspi oblast gurultaýy bolýar. Onuň başlyklygyna polkownik Nikolaý Ýomudskiý, komitetiň agzalygyna kapitan Hojageldi Hojamyradow, ştab-rotmistr Seýitmyrat Öwezbaýew, sekretarlygyna kapitan Kakajan Berdiýew (rus bölümine), Rahmanberdi Badalow (musulman bölümine) saýlanylýar. Ýöne Wagtlaýyn hökümet türkmen ilatynyň ýolbaşçylygynda has sowatly adamlary görmek islemeýärdi. Şeýlelikde, işçi we esger deputatlarynyň geňeşleri hem-de şäher komitetleri bilen işjeň aragatnaşyk saklan Türkmen oblast komiteti ýatyrylýar[212]. 1917-nji ýylyň iýun aýynda N. Ýomudskiý Krasnowodsk uýezdine, Seýitmyrat Öwezbaýew bolsa Ko-

kand awtonom respublikasyna 28 ýaşyndaka harby ministr hökmünde ugradylýar[213].

Türkmen oblast komitetiniň wagtlaýyn başlyklygyna kapitan Hajymyrat saýlanylýar. Ol ozalky patyşa koloniýasyna derek awtonom respublika dörediljekdigine ynanýardy. Oňa Teke atly polkunyň polkownigi, Mogilýewden öz Watanyna dynç alşa gelen Oraz serdar kömek edýärdi. 1917-nji ýylyň 16-njy iýulynda ol Ashabat uýezdiniň türkmen ilatyna ýolbaşçy saýlanylýar[214].

1917-nji ýylyň oktýabr rewolýusiýasyndan soň türkmen serkerdeleri ilaty ýitileşip başlan raýat urşundan halas etmek üçin dürli çäreleri durmuşa geçirýärler. Hususanda, S. Öwezbaýew Teke atly polkuny gyssagly Türkmenistana gelmäge çagyrýar. Ol polkuň patyşa generallarynyň köre-kör guraly bolmagyny islemeýärdi[215].

Musulman oblastyň komitetiniň başlygy Oraz serdar ýörite oblast musulman komitetiniň Plenar mejlisini geçirýär we işçi, esger deputatlar geňeşiniň, şeýle hem polk, rota we serkerdeleýin komitetleriň wekillerinden ybarat düzümde mejlis geçirýär. 1917-nji ýylyň 15-nji dekabrynda Oraz serdaryň ýolbaşçylygynda dürli halklaryň arasyndaky çaknyşyklaryň bolandygy hakyndaky ýalan wagyzlara garşy çykmak bilen şeýle diýdi: «Wagyz-nesihat äheňindäki gürrüňler parahatçylyk söýüjilikli musulman we rus halklarynyň arasynda duşmançylygy döretmek üçin alnyp barylýar. Şeýlelikde, mejlis dildüwşüjileriň gizlinlikde alyp barýan işine ýigrenç duýgusyny mälim etdi we mundan beýläk şeýle gep-gybatlara ynanmajakdyklaryny karar edýär. Ähli biderek gep-gürrüňler geçmişde galyp, mundan beýläk şunuň ýaly duşmançylykly wagyz-nesihatlaryň düýp özenine işçi we esger deputatlar geňeşiniň hem-de oblast musulman komitetiniň wekilleriniň gatnaşmagynda ilik-düwme seljeriljekdigini aýdýarys. Şu karardan gelip çykýan meseleleri ilat arasynda giňden wagyz etmeli»[216].

1918-nji ýylyň fewralynyň başynda gyzyl gwardiýaçylaryň Daşkent otrýady bilen Türküstan ülkesiniň halk komissarlary geňeşiniň başlygy F.Kolesew Ashabada geldi. Ol oblast musulman komitetini ýatyryp, gyzyl gwardiýaçylar otrýadyny düzmäge girişdi. Şeýlelikde,

bolşewikleriň özi Türkmenistanda parahatçylykly ýagdaýda demokratik hökümetiň emele gelmegine böwet boldular.

1918-nji ýylyň 12-nji maýyndan 18-nji maýy aralygynda Ashabadda işçi, esger, daýhan we türkmen deputatlarynyň Zakaspi oblasty boýunça geňeşiniň VII gurultaýy boldy. Ýerine ýetiriji komitete 7 adam saýlanyldy. Onuň düzümine partiýa agzasy bolmadyk serkerde Hajymyradyň saýlanandygyna garamazdan, ol bolşewikleriň ýerli ilata bolan duşmançylykly garaýşyna täsir edip bilmedi. Ol Oblast halk komissarlar sowetiniň türkmen bölüminiň ýolbaşçysy kapitan K.Berdiýew bilen türkmenleriň gyzyl gwardiýaçylar otrýadyna mejbury ýagdaýda çekilmek meýilnamasyny aradan aýryp bilmediler. Olar türkmenleri synpy göreşe çekmejek bolýardylar.

12-nji iýulda Ashabatda sowet häkimiýeti agdaryldy. 1918-nji ýylyň 20-nji iýulynda gyzyl gwardiýaçylar Zakaspiden kowlup çykaryldy. Şeýlelikde, häkimiýet wagtlaýyn ýerine ýetiriji komitetiň eser-menşewikleriniň eline geçdi. Onuň başynda bolsa Funtikow durdy. Şonda türkmen halkynyň uly bölegini̇ň gatnaşmagynda Büzmeýinde türkmen gurultaýy geçirildi. Ol türkmen merkezi komitetini emele getirdi. Onuň baştutanlygyna Seýitmyrat Öwezbaýew, agzalygyna bolsa Oraz serdar, Hajymyrat, Kakajan Berdiýew we beýlekiler saýlandylar. Türkmenistanyň Merkezi Komiteti Wagtlaýyn ýerine ýetiriji komitetiň türkmen şahasyny emele getirdi[217].

Zakaspi oblastynyň goşuny döredildi. Ol 1919-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda Russiýanyň Ýaragly Güýçleriniň günorta düzümine girdi, oňa general-leýtenant Sawiskiý baştutanlyk etdi. General-maýor W.Lastoçkin ştab başlygy boldy. Türkmen goşunynyň serkerdeligine Oraz serdar saýlanyldy. Ol 1919-njy ýylda general-maýor harby derejesine eýe boldy.

Gyzyl gwardiýaçylar kimiň garşysyna söweşdiler? Bu barada Kazanyň birleşdirilen polkunyň meýdan ştabynyň baştutany S.T.Filippow şeýle ýazýar:

«1918-nji ýylyň 12-nji awgustynda Baýramalynyň eteginde köp sanly türkmenler okoplardan çykyp, köre-körlük bile öňe okduryldylar. Olar top okuna tutuldylar. Ýöne türkmenler yza dönmediler.

Olaryň birnäçesi ýere ýazyldy. Olaryň ornuna ýüzlerçesi öňe okduryldy. Duşman bolsa yza çekilmeýärdi, erjellik bilen söweşýärdi. Düzüminde türkmenler agdyklyk edýän hatarlar bir-birini goldap, öňe okduryldylar. Olar pulemýotlara tarap topulýardylar. Türkmenler pulemýotlary elleri bilen eýelemäge çalyşýardylar. Onlarça türkmen wepat boldy...»[218].

Bir zady belläliň, gyzyl gwardiýaçylar hut ýerli ilatyň garşysyna söweşdiler. Aýdylşyna görä, hamala, sowet hökimiýeti olara azatlygy, deňligi, doganlygy wada beripdir. Şol döwürde entek basmaçylar hereketi ýüze çykmandy. Biz Türkmenistanda rewolýusion bölümleri «ura» diýip garşyladyk diýmäge endik edipdiris. Ýöne 19-njy ýylyň birinji ýarymyna çenli Gyzyl Goşunda türkmen otrýadlary ýok diýen ýalydy.

1918-nji ýylyň ahyrynda Meýletinçiler goşunyndan gaýdyp gelen serkerdeler H.Hajyýew we S. Serdarow ozalky Teke polkunyň jigitleri bilen Merw atçylyk otrýadynyň düzümine goşuldylar (oňa Ýusuphan Nurberdihanow ýolbaşçylyk edýärdi) we Baýramalynyň eteginden bolşewikleriň garşysyna söweşdiler.

H. Hajyýew general W.P.Sawiskiniň haýyşy boýunça Zakaspi oblasty bilen Jüneýit han hem-de, Buhara emiriniň arasynda aragatnaşygy ýola goýdy.

Bolşewikler strategiýasyny üýtgetmäge mejbur boldular. Olar Jüneýit han bilen ýaraşyk baglaşyp, kimde-kim ýaragyny taşlasa, olaryň günäsini geçjekdiklerini aýtdylar. Ýerli ilaty gyrmagy bes etdiler we türkmen otrýadlarynyň serkerdeleri bilen gepleşikleri guradylar.

Şol döwürde Zakaspi «aklarynyň» Ýaragly Güýçleri şu aşakdakylardan ybaratdy:

1) 1-nji batalýon (1-nji Ashabad rus-türkmen eşelony–500 tüpeň, 1-nji Gyzylarbat rus eşelony – 600 tüpeň);

2) 2-nji batalýon (2-nji Ashabad rus-türkmen eşelony – 500 tüpeň, 1-nji Merw rus-türkmen eşelony 500 tüpeň);

3) 3-nji Eziz – hanyň türkmen otrýady (500 tüpeň we 100 gylyç);

4) 4-nji ozalky Teke atly polkunyň serkerdesi Baba-han Meňlihanowyň otrýady (500 tüpeňli pyýada goşun we 200 gylyçly atly goşun);

5) 5-nji Ýusup – han Nurberdihanowyň — Nurberdi hanyň we Güljemal hanyň oglunyň

otrýady (500 tüpeňli pyýada goşun we 200 gylyçly atly);

6) 6-njy Seýitmyrat Öwezbaýewiň ahalteke atly otrýady (800 gylyçly);

7) 7-nji pulemýot topary (14 pulemýot);

8) 8-nji podpolkownik Sokolewiň batareýasy (90 adam bilen üç top);

9) 9-njy podpolkownik Mezdrikowyň otrýady (120 adam bilen 4 sany çalt atýan top). 1918-nji ýylyň ahyryna çenli jemi 5210 adam[220].

Baba-hanyň, Ýusup-hanyň we S. Öwezbaýewiň otrýadlarynda ozalky Teke polkunyň köp sanly jigitleri bardy. Olar uruşdan ýadap, ne iňlisleriň, ne-de ak gwardiýaçylaryň meýillerini oňlaýardylar. General A. Denikiniň Zakaspi oblastyna gelen şahsy wekili general Erdeli 1919-njy ýylyň fewralynda ýazan hasabatynda şeýle diýýär: «Türkmenler özlerini aýratyn tutýarlar. Olar özbaşdaklyk hakynda arzuw edýärler. Biziň goşunymyzyň güýçlenmegine we Meýletinçiler goşunlarynyň täsirine perwaýsyzlyk bilen garaýarlar»[221].

Türkmenlere özbaşdaklygy bolşewik wagyzçylary wada berýärdiler. 1919-njy ýylyň başynda S. Öwezbaýew dynç alşa çykýar. Ahalteke polkuna ýolbaşçylyk eden Ç. Geldiýew Gyzyl Goşunyň wagyzçylary bilen duşuşandan soň, ol polky dargatdy. Ozalky Teke polkunyň jigitleriniň 200-e golaýy Gowşut Öwezowyň we Gurbanmämmet Babaýewiň ýolbaşçylygynda Gyzyl Goşunyň tarapyna geçdiler.

Şol manysyz uruşda S. Serdarow (1919ý.) we B. Meňlihanow (1918-nji ýylyň ahyrynda Tejeniň etegindäki Goşatoraňňy diýen ýerde) we başga-da, Birinji jahan urşunyň köp sanly gahrymanlary wepat boldular. Daňatar Artykow, Ata Myradow, G. Öwezow, K. Babaýew, A. Artykow we beýlekiler Sowet häkimiýetiniň tarapyna geçdiler hem-de gyzyl serkerdeler boldular. 1919-njy ýylyň iýun aýynda Zakaspi frontunyň Rewolýusion harby geňeşiniň Syýasy bölüminde Musulman şahamçasy açyldy. Onda dürli döwürlerde Teke atly polkunyň jigitleri bolan A. Atabaýew we G. Nazarow işlediler.

Ozalky ady rowaýata öwrülen gahryman polkuň birnäçe serkerdeleri we jigitleri Eýrana aşdylar. G. Nepesow, Hajymyrat we general Oraz serdar (1922-nji ýylda Büjnürtde) wepat boldular. H. Hajyýew bolsa Sibire

çenli baryp, ol ýerde admiral Kolçagyň tarapynda söweşdi.

Ozalky front esgerleri sowet häkimiýetine ynanýardylar we ýaş respublikanyň döredilmegine işjeň kömek edýärdiler. S.Öwezbaýew 1920-nji ýylda Aşgabat şäheriniň we uýezdiň rewolýusion komitetiniň başlyklygyna saýlanyldy. Onuň bilen Ç.Geldiýew, K.Berdiýew işlediler. 1922-nji ýylda Öwezbaýew ilat ýazuwy boýunça iş toparynyň düzümine saýlanyldy, soňra oblispolkomyň agzasy boldy. Soňra S.Öwezbaýew Döwlet meýilnamalaşdyryş komitetiniň maldarçylyk bölüminiň başlygy boldy. Dogrusyny aýdanyňda, ol oba ýerlerinde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagy ugrunda ägirt uly işleri bitirdi. Şeýle hem ol N.Ýomudskiý bilen bilelikde «Türkmenowedeniýe» žurnalynda taryhy materiallary çap etdi.

1930-njy ýylda S.Öwezbaýew lukmanlar topary bilen Garagum sährasyndaky ilatly ýerlerde barlag işlerini alyp bardy hem-de guýularyň, adamlaryň saglygynyň ýagdaýy barada maglumat toplady. Soňra mejbury kollektiwleşdirmäge garşy açyk çykyş etdi[222].

Ýöne şol döwürde Stalin tutha-tutlugy golaýlap gelýärdi. Sowet häkimiýetine ýüregi bilen ynanan Goçguly Nepesow we Hajymyrat Eýrandan Watanyna dolanyp geldiler. 1925-nji ýylda G.Nepesow Moskwadaky Lefortowo türmesine ýollandy we şol ýerde atyldy. S.Öwezbaýew 1932-nji ýylda tussag edilip, Solowki (Kareliýa) şäherine sürgün edildi hem-de, 1937-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda atyldy. 1958-nji ýylyň 17-nji iýulynda Türküstan harby okrugynyň harby tribunaly onuň işinde hiç hili jenaýatçylygyň ýokdugyny yglan edip, S.Öwezbaýewi aklady. Hajymyrat sowet häkimiýetine işjeň kömek etdi. Ol hojalyk we medeni edaralarda zähmet çekdi. 30-njy ýyllaryň başynda Tatarystana gidip, 1937-nji ýylda Türkmenistana gaýdyp geldi we şol ýylda hem Aşgabat türmesinde tussag edilip, atyldy.

30-njy ýyllaryň başlarynda K.Berdiýew we Beki Berdiýew hem-de Birinji jahan urşuna gatnaşan beýleki serkerdeler tussag edildiler[223].

Biz şunluk bilen, şöhratly Teke atly polkunyň jigitleri baradaky söhbetimizi tamamlamakçy bolýarys. Bu polk ykbalyň erki bilen Russiýada oktýabr rewolýusiýasy bilen

baglanyşykly dörän heläkçilikli hadysalaryň, ot-ýalynyň içinde boldy. Biz başardygymyzdan Türkmenistanyň taryhyndaky bu «ak tegmili» azda-kände doldurmaklyga çalyşdyk. Ýurdumyzyň taryhy bilen baglanyşykly düýpli barlaglarda bu polkuň jigitleri hakynda maglumatlar berilmedi diýen ýaly, köp diýeniňde birlän-ikilän agzalyp geçildi. Bu polkuň söweşjeň ýoluny dolulygyna dikeltmegiň kyndygyny ol hakdaky maglumatlaryň dürli ýurtlaryň arhiwlerindeligi bilen düşündirse bolar. Käbir resminamalary häzir hem gizlin saklanylýar. Polkuň öňki jigitleri bolsa sürgün edilmelerden, yzarlanmalardan çekinip, öz geçmişlerini gizlediler, özlerinde bar bolan resminamalar we fotosuratlary ýok etdiler.

Ýöne olar 1941-nji ýylda dünýäni faşist mergisinden goramak hakyndaky çagyryşa gyzgyn seslendiler. Mysal üçin, Birinji jahan urşunda edermenligi üçin şahsy ýarag bilen sylaglanan Oraznyýaz Diwanaýew (belli türkmen opera aýdymçysy M. Diwanaýewiň kakasy) Ikinji Jahan urşuna meýletin gitdi. Türkmen jigitleri bu gazaply uruşda öz halkynyň şöhratly adyny belende göterdiler, gahrymançylykly ata-babalarynyň — parfiýanlylaryň, skifleriň, gunlaryň, oguzlaryň, seljuklaryň, osmanlylaryň, Gökdepe galasyny goraýjylaryň atlaryna ysnat getirmediler.

# BELLIKLER


1. Гундогдыев О.А. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад. 5 июня, 10 июня, 11 июня 1992.

2. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия. Страницы истории Текинского конного полка // Туркменская искра. – 11, 12, 13, 14 августа 1992.

3. Гундогдыев О.А. и др. Слава и трагедия. Судьба Текинского конного полка (1914-1918 гг.). – Ашгабат: Издательство «Рух», 1992, 60 стр.

4. Gündogdyýew Ö. we başg. Teke atly polky: gahrymançylygyň we heläkçiligiň taryhy (1914-1918 ý.)- Aşgabat: "Ruh" neşir., 1992. – 80 sah.

5. Гундогдыев О. и др. И вновь- Текинский конный // Вечерний Ашхабад.- 30, 31 марта 1993 г., Ö.Gündogdyýew we başg. Göbek ganym daman ýeri – Garagum // Türkmen sesi.- oktýabr 1994 ý.- sah, 6-7: Ö.Gündogdyýew we başg. Russiýanyň merkezi döwlet harby-taryhy arhiwi Türkmenistan barada // История Туркменистана на рубеже XIX-XX веков и проблемы ее преподования. – Ашхабад: Издательство "Ылхам", 1997, стр. 55-57.

6. РГВИА, ф. 3639, оп. 1.

7. Гундогдыев О.А. Всадники Текинского конного полка // Возрождение.- Ашхабад, 2000 - №5, стр. 22-23.

8. Гундогдыев О.А. , Шеремет В.И. Текинский конный полк в боях первой мировой войны (новые архивные сведения) // Восточный архив.- Москва, 2000 - №4-5, стр. 33-42.

9. Гундогдыев О. «Как стадо испуганных бурей овец, гнали текинцы неприятеля» // Военно-исторический журнал.- Москва, 2004 - №8, стр. 66-70.

10. Гундогдыев О. А., Курбанов А.Д. История туркмен в ведущих архивах города Москвы.- Ашхабад, 2005, стр. 179-190.

11. Гундогдыев О. Ратные традиции туркмен // Туркменистан.- Международный журнал.- Москва, 2005г.-№3, стр. 46-55. (на русском и англий. языках): Гундогдыев О.А. Рыцари Азии. Военное искусство и оружие туркмен (с древних

времен до начала XX в.).- Ашхабад: Туркменская государственная издательская служба, 2011, стр. 49-62: Gündogdyýew Ö.A. Aziýanyň gerçekleri.- Aşgabat, 2012, sah. 49-61.

12. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия. Судьбы Текинского конного полка. Ашхабад, 1992, стр.3.

13. Россия и Средняя Азия. Очерки путешествий по Закавказью, Туркмении, Бухаре, Самаркандской, Ташкентской и Ферганской областям, Каспийскому морю и Волге Евгения Маркова. В 2-х томах.-СПб, 1901, т.1., с. 204.

14. Гундогдыев О. Ратные традиции туркмен // Туркменистан.- Москва, 2005 - №3, стр. 46-47.

15. Ботяков Ю.М. Аламан. Социально-экономические аспекты института нобега у туркмен.- СПб, 2002, стр.3.

16. Гундогдыев О.А. Рыцари Азии.- Ашхабад, 2011, стр. 41-42.

17. Гродеков Н.И. Война в Туркмении. – Спб, 1883, т.1, с. 57, 60, 75.

18. Гундогдыев О. Огузы, туркмены и Россия.-Ашхабад: Издат. "Рух", 2001, стр. 43-47.

19. Курбанов А.В. Ставропольские туркмены: историко-этнографические очерки.- Спб, 1995, стр. 106-107.

20. Гундогдыев О. Участие туркмен в наполеоновских войнах // Восток-Запад: Диалог культур Евразии.- Казань, 2004, вып. 4, стр. 363-365.

21. Харюков Л.Н. Англо-русское соперничество в Центральной Азии и исмаилизм. М., 1995, стр.134.

22. Присоединение Туркмении к России (сборник документов).- Ашхабад, 1960, стр. 361.

23. Гундогдыев О. Крепость // Ашгабат, 12.01.1999г.

24. Присоединение Туркмении к России, стр. 460.

25. Гундогдыев О. Туркменистан глазами европейских авторов XIX-начала XX вв. Ашхабад, Мирас, 2008, стр.29.

26. Тереньтев М.А. История завоевания Средней Азии.- Спб, 1906, т. 3, стр.34.

27. Туган-Мирза-Барановский В.А. Русские в Ахал-Теке.- Спб, 1881 г., стр. 80-81.

28. Гродеков Н.И. Указ раб., стр. 58.

29. Живописная Россия. Отечество наше в его замельном, историческом, племенном,

экономическом и бытовом значении. Русская Средняя Азия.- Спб, 1885, т.X., стр. 18.

30. Куропаткин А.Н. Завоевание Туркмении (Поход в Ахал-Теке в 1880-1881гг.).- СПб, 1889, стр. 95.

31. Россия в Средней Азии.., стр. 128.

32. Там же, стр. 129.

33. Цит. по: Керсновский А.А. История русской армии.- М., 1993, т.2, Стр. 301.

34. Газета "Вечернее Время". -10.05.1881.

35. Хаджиев Х. Великий Бояр.- Белград, 1929, стр.32.

36. Россия и Туркмения в XIX веке (сборник архивных документов).- Ашхабад, 1946, кн.1, стр. 187.

37. Присоединение Туркмении и России, стр. 529.

38. Там же, стр. 497.

39. ЦГА Туркменистана, ф.97, оп.1, д.50, л.2.

40. Россия и Туркмения в XIX веке..., стр. 189.

41. Там же, стр. 189.

42. Присоединение Туркмении и России..., стр.707, 735, 738.

43. От Парижа до пределов Индии. Закаспийская железная дорога, Русские среднеазиатские владения и краткий очерк Индии. – М. Изд. Ф.И. Анского, 1890, стр. 76.

44. Гундогдыев О. "Эта страна снова будет благоденствовать" // Вечерний Ашхабад.- 26.04.1995

45. Газета «Кавказ».- 30.04.1885г.

46. Автобиография Абдурахман-Хана, Эмира Афганского.- СПб, 1901, стр. 328.

47. Арунова М.Р. Шумилов О.М. Граница России с Афганистаном (исторический очерк).- Москва: ИВ РАН, 1998, стр. 20.

48. Ян В. Рассказы «старого закаспийца» // Собр.сочинений в 4-х томах.- М.: Издат-во «Правда», 1989, стр. 492.

49. Там же, стр. 491.

50. По афганской границе. Рекогносцировка и расспросные сведения Туркменского конно-иргулярного дивизиона штабс-капитана милиции М.К.Маргания.- Асхабад, 1895, стр. 18.

51. Закаспийская область.- Асхабад, 1901, стр.50.

52. Сборник приказов по военно-народному управлению Закаспийской области (с 1890г.

по 1897г. включительно). Приказы о ревизиях.- Асхабад, 1898, ч.1., стр. 3.

53. Логофет Д.Н. На границах Средней Азии (путевые очерки). Персидская граница.- СПб, 1909, кн.1, стр. 104-105.

54. Хаджиев Х. Великий Бояр.., стр. 12.

55. Ян В. Указ раб., стр.492-493, 510, 539.

56. Там же, стр. 492.

57. Soltanow A. Zakaspi türkmenleriniň rus goşundaky gahrymançylygy. Okuw gollanmasy.- Aşgabat. 2012, sah. 33. 58. Гундогдыев О. Кият-хан // Вечерний Ашгабат.- 31.07.1995г.

59. Клычев А. Челекен (краткий историко-этнографический и краеведческий очерк).- Ашхабад, 1964, стр. 68.

60. Soltanow A. Zakaspi türkmenleriniň rus goşundaky gahrymançylygy..., sah. 10-12, 73.

61. Там же, стр. 13-14, 26.

62. Гундогдыев О., Огарчинский Б. Туркменистан и Болгария (исторические связи) // Мирас.- Ашхабад, 2003.- №2., стр. 163-164.

63. Солтанов А. Указ. Раб., стр. 33, 39.

64. Там же, стр. 33-40.

65. Там же, стр. 27-29.

66. Там же, стр. 28-29.

67. Soltanow A. Kesearkaçyň Öwezbaýy.- Aşgabat: “Kitap”, 1992, sah. 6-8.

68. ЦГА Туркменистана.- ф.2, оп. 1, д. 237, л. 312-313.

69. Данилов А.А. Косулина Л.Г. История России, XX век: Учебник для 9 кл. общеобразовательных учреждений.- М.: Просвещение, 2000, стр. 60-61.

70. История Туркменской ССР.- Ашхабад: Изд-во АН ТССР, 1957.- Т.1.- Кн.2., стр. 377-378.

71 Газета «Ашгабат». – 20 декабря 1914.- №316.

72. РГВИА, ф. 3639, он.1, д.6, л.3, 3 оборот, 4,4 оборот.

73. Там же, д. 3, л. 1-1-4 (с оборотами); д.6, л. 3-5 (с оборотами).

74. Там же, д.6, л.5.

75. Там же, д. 8, л. 17.

76. Там же, д. 3, л. 1-4 (с оборотами); д.17, л.17, 17 (оборот).

77. Там же, д. 10, л. 11 ( оборот).

78. Газета «Асхабад». – 23 ноября 1914.- №289.

79. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия…, стр.19.

80. РГВИА, ф. 3639, он.1, д.6, л. 142-142 (оборот).

81. Газета «Асхабад». – 30 ноября 1914.- №296.

82. Газета «Асхабад». – 14 декабря 1914.- №310.

83. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия…, стр.21.

83. РГВИА, ф. 3639, оп.1, д.13, л.7-7 (оборот).

84. Там же, л. 38.

85. Газета «Асхабад». – 21 февраля 1915.- № 50.

86. Газета «Асхабад». – 20 декабря 1914.- №316.

87. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия.., стр. 18.

88. Газета «Асхабад». – 25 октября 1914.- № 260.

89. Газета «Асхабад». – 17 февраля 1915.- №34.

90. Газета «Асхабад». – 12 февраля 1916.- № 40.

91. Газета «Асхабад». – 3 июня 1915.- №146.

92. Закаспийская туземная газета. – 23 января 1915.

93. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия…, стр. 23.

94. Газета «Асхабад». – 4 февраля 1915 .- №33.

95. Газета «Асхабад». – 3 августа 1915.- № 206.

96. Газета «Асхабад». – 5 февраля 1915.- № 34.

97. Газета «Асхабад». – 2 мая 1915.- № 115.

98. Газета «Асхабад». – 8 августа 1915.- № 210.

99. РГВИА, ф. 3639, он.1, д.18, л.17-25 (с оборотами); д. 22, л. 202.

100. Там же, д.23, л.3.

101. Там же, л. 7.

102. Там же, д.23, л.8: д. 29, л. 27.

103. Залесский К.А. Первая мировая война. Биографический словарь.- М., 2000, стр. 483.

104. ЦГА Туркменистана, ф.2, он.1, д.237, л. 313.

105. Гундогдыев О. и др. Указ раб., стр. 16-17.

106. Газета «Асхабад». - 25 июля 1925.- № 168.

107. Информатор Бахар Машаева, г. Ашхабад.

108. Информатор Гандым Аманджаев, с. Гарадашаяк, Ахалский велаят.

109. Gündogdyýew Ö. we başg. Teke atly polky..., sah. 36-37.

110. Чуриев А. Хаджимурад // Туркменская искра.- 3.02.1994.

111. Soltanow A. Zakaspi türkmenleriniň rus goşunyndaky gahrymançylygy..., sah. 30, 45-46.

112. Там же, стр. 15-17.

113. Газета «Асхабад». - 30 июля 1916.- № 187.

114. Газета «Асхабад». - 3 января 1916.- № 2.

115. Gündogdyýew Ö. we başg. Teke atly polky..., sah. 28.

116. Гундогдыев О.А., Шеремет В.И. Текинский конный полк в боях первой мировой войны (новые архивные сведения) // Восточный архив.- М., 2000.-№ 4-5, стр. 36.

117. Газета «Асхабад». - 31 мая 1916.- № 135.

118. Гундогдыев О., и др. Слава и трагедия…, стр.27-28.

119. Гуйджиев А. Дикая дивизия.- Рукопись, 1975, л. 3-4.

120. Хаджиев Х. Великий Бояр.- Белград, 1929, стр. 20-21.

121. Гундогдыев О.А., Шеремет В.И. Указ. статья, стр. 36.

122. История России. XX век: Учеб. пособие // Под ред. В.И.Меньковского и О.А.Яновского.- Минск, 2005, стр. 33.

123. Данилов А.А., Косулина Л.Г. Указ. раб, стр. 66-67.

124. Газета «Асхабад». - 31 августа 1916.- № 213.

125. Революционное движение в Туркмении в 1908-1917гг. Сборник документов.- Ашхабад, Москва, 1946, стр. 108-109.

126. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 5.06.1992.- № 111.

127. Х.Хаджиев. Великий Бояр.., стр. 11-12.

128. Там же, стр. 15-25.

129. Ломакин А. Обычное право туркмен (Адат).- Ашхабад, 1994, стр. 90.

130. Х.Хаджиев. Великий Бояр.., стр. 42-44.

131. Там же, стр. 46.

132. Там же, стр. 53-54.

133. Там же., стр. 55.

134. Шапошников Б.М. Воспоминания. – М., 1982, стр. 92.

135. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия.., стр. 35-36.

136. Базанов С. Ради спасения родимой земли.- Б.м. и Б.г., стр. 2.

137. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия…, стр. 35.

138. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 72.

139. Там же, стр. 77.

140. Абдиров М. «Я, генерал Корнилов…» // Простор.- Б.м. и Б.г., стр. 3.

141. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 86.

142. Брешко-Брешковский Н.Н. Дикая дивизия.- М.: Московская правда, 1991, стр. 36.

143. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 92.

144. Иванов Н.Я. Контрреволюция в России в 1917 году и ее разгром.- М.: Мысль, 1977, стр.91.

145. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 104-105.

146. Там же, стр. 105.

147. Там же, стр. 107.

148. Там же, стр. 110-111.

149. Семанов С. Генерал Брусилов.- М.: Воен. издател. 1988, стр. 278.

150. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия…, стр.37-38.

151. Залесский К.А. Указ. раб., стр. 139.

152. Брешко-Брешковский Н.Н. Указ. раб., стр. 139.

153. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 5.06.1992.- №111.
154. Брешко-Брешковский Н.Н. Указ.раб., стр. 7.

155. Гундогдыев О. и др. Слава и трагедия…, стр.38.

156. Капустин М.И. Заговор генералов (из истории корниловщины и ее разгром).- М.: Мысль, 1968, стр. 197.

157. История гражданской войны в СССР.- М.: ОГИЗ, 1935, т.1, стр. 199.

158. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 5.06.1992.

159. Шамбаров В.Е. Белогвардейщина.- М., 2002.- http: // militera. Lib. ru / researh/ shambarow 1/indeh/ html.- S.33.

160. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 5.06.1992.

161. Армеев Р. Пролог Октября: факты, события, люди // Так мы начинали.- М.: Известия, 1988, стр. 57.

162. Там же, стр. 57.

163. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 129.

164. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 5.06.1992.
165. Там же.

166. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 140.

167. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка...// Вечерний Ашхабад - 5.06.1992.

168. Там же.

169. Донская волна.- 7 апреля 1919.- №15.

170. Х. Хаджиев. Великий Бояр… , стр. 146.

171. Там же, стр. 147.

172. Лехович Д. Б. Белые против красных // http: // XX.13. ru / belie/ lehovich- dv/ 13. Html., стр. 2.

173. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 10.06.1992.

174. Деникин А. И. Очерки русской смуты // Октябрь.- М.: Правда, 1991.- №10, стр. 150.

175. Там же, стр. 150.

176. Х. Хаджиев. Атчапар. Сан-Франциско, 1962, стр. 16-18: в журнале «Вестник первопроходника».- 1962.-№ 13-15.
177. Шамбаров В.Е. Указ. раб., с.53.

178. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 163.
179. Там же, стр. 163. Деникин А.И. Указ. раб., стр. 150.

180. Базанов С. Указ. раб., стр. 10.

181. Волков С. Трагедия русского офицерства.- М., 1999, стр. 48.

182. Будберг А.П. Дневник белогвардейца // militera. Lib. Ru/ docs/ 1917-20/ db/ budberg/ index. Html., стр. 141.
183. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 168.

184. Там же, стр. 171.

185. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка… Вечерний Ашхабад - 10 июня 1992.

186. Анфертьев И.А. В лихолетье // От первого лица.- М.: Патриот, 1990.- Стр. 476.

187. Шолохов М. Тихий Дон // http: // lib. Ru. / PROZA/ SHOLOHOW/ tihij don 12 tht- Piece 40.25., gl. XX. Х.Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 172.

188. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 179.

189. Деникин А.И. Указ. раб., стр. 151.

190. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка Вечерний Ашхабад - 10 июня1992.

191. История гражданской войны в СССР. – М.: ОГИЗ, 1942, стр. 296.

192. Октябрьская революция и армия (сб. документов) / Под ред. Л.С.Гапоненко.- М.: Наука, 1973, стр. 147.

193. Деникин А.И. Указ. раб., стр. 154.

194. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 72.

195. Там же, стр. 204-206.

196. Gündogdyýew Ö. we başg. Teke atly polky.- Aşgabat: Ruh, 1992, sah. 54-56.

197. Газета «Асхабад». – 18 мая 1915.- № 130.

198. Гундогдыев О. Трагедия Текинского полка // Вечерний Ашхабад.- 11июня 1992.

199. Там же.

200. Там же.

201. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 209-212.

202. Там же, стр. 220.

203. Там же, стр. 223.

204. Там же, стр. 254-255.

205. Там же, стр. 255.

206. Гуль Р. Ледяной поход (с Корниловым).- М.: Либрис, 1991, стр. 47.

207. Там же, стр.48.

208. Х. Хаджиев. Великий Бояр…, стр. 380-392.

209. Доброволец. – 2004. №2., стр. 23.

210. Иоффе Г.З. «Белое дело». Генерал Корнилов.- М.: Наука, 1999, стр. 223.

211. Там же.

212. Начало революционного движения в Туркмении в 1908-1917 гг.

(сб. док.) / сост. А.Г. Соловьев.- Ашхабад-Москва, 1946, стр. 137.

213. Там же, стр. 152.

214 Там же, стр. 173.

215. Там же, стр. 189.

216. Штейнберг Е.Л. Очерки истории Туркмении.- М.- Л., 1934, стр. 71-72.

217. Ташлиев Ш. Гражданская война и английская интервенция в Туркменистане.- Ашхабад: Туркменистан, 1974, т.1, стр. 69.
218. Филиппов С.Т. Боевые действия на Закаспийском фронте (1918-1920гг.).- Туркмен-Истпарт, 1928, стр. 12.

219. За Советский Туркменистан. Вспоминания участников революции в гражданской войне.- Ашхабад, 1963, стр. 221-222.

220. Ташлиев Ш. Указ. раб., стр. 179-180.

221. Там же, стр. 256.

222. Soltanow A. Kesearkaçyň Öwez baýy.- Aşgabat: Kitap, 1992, sah. 11-12.

223. Soltanow A. Zakaspi türkmenleriniň rus goşunyndaky gahrymançylygy,. sah. 73-75; Soltanow A. Kesearkaçyň Öwez baýy., sah. 22-23.

## TEKE ATLY POLKUNYŇ KOMANDIRLERI
### (düzüji Ö. A. Gündogdyýew)

**Kalitin Pýotr Petrowiç** – 1853-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Smolensk guberniýasynda doguldy, Nižegorodyň kadet korpusynda okady; Hywa (1873 ý.), Kokand (1876 ý.), II ahalteke (1881 ý.) ýörişlerine gatnaşdy. Gökdepe söweşinde ýaralanýar. 1885-nji ýylda kapitan harby derejesinde Kawkaz harby okrugynyň goşunlarynda gulluk etmäge iberilýär hem-de Türkmen atly milisiýasynyň müdiri (1890-njy ýylda podpolkownik derejesini alýar); 1892-nji ýylda türkmen atly diwizionynyň serkerdesi wezipesine bellenilýär (1895-nji ýylda polkownik deresine eýe bolýar). 1899-njy ýylyň 10-njy iýunynda diwiziondan Tersk kazak goşunlarynyň 1-nji Wolga polkuna geçirilýär, 2-nji birleşen kazak diwiziýasynyň serkerdesi bolup gulluk edýär, Zabaýkalýe kazak we Günbatar – Sibir kazak brigadasynyň serkerdesi wezipesinde gulluk edýär. Birinji jahan urşunda atly goşunlaryň generaly harby derejesinde 1-nji Kawkaz goşun korpusyna serkerdelik edýär. Raýat urşy döwründe A. I. Denikiniň we baron Wrangeliň goşunlarynda gulluk etdi. 1927-nji ýylyň 6-njy iýunynda Parižde aradan çykdy. Keramatly Stanislaw ordenleriniň 2-nji we 3-nji derejeleri, gylyçlar bilen bile, Keramatly Anna ordeniniň 4-nji we 3-nji derejeleri, gylyçlar bilen, Keramatly Georgiý ordeniniň 3-nji we 4-nji derejeleri bilen, göwher gaşly we «Edermenligi üçin» diýen ýazgyly Georgiý ýaragy bilen sylaglanýar.

**Marganiýa Malahiý Klawdiýewiç** – II ahalteke ýörişine gatnaşyjy (ýönekeý esgerlikde); 1881-nji – 1885-nji ýyllarda urýadnik, wahmistr, praporşik derejelerinde wagtlaýyn Ahalteke atly milisiýasynyň başlygy, 1884-nji ýylda ahalteke atly milisiýasyna serkerdelik edip, Guşgynyň etegindäki söweşlerde serkerde derejesini alýar; 1899-njy ýyldan XX asyryň başlaryna çenli polkownik derejesinde Türkmen atly diwizionynyň serkerdesi bolýar.

**Drozdowskiý Nikolaý** (?) – doglan senesi belli däl, 1914-nji ýylyň tomsundan (öňräk bolmagy hem mümkin) 1915-nji ýylyň 9-njy iýulyna çenli Türkmen atly

polkunyň serkerdesi wezipesinde gulluk edýär; polkownik, general. Käbir maglumatlara görä, Astrabad oblastynda wepat bolýar, başga bir maglumatlara görä, 1919-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Stawropol oblastynda wepat bolýar.

**Zykow Sergeý Petrowiç** – 1873-nji ýylda dogulýar, 1895-nji ýylda Tweriň ýunkerler atly goşun uçilişesini tamamlaýar, 1904–1905-nji ýyllarda rus-ýapon urşuna gatnaşýar, Serkerdelik atly goşun mekdebini tapawutlanan derejede tamamlaýar.

1915-nji ýylyň 9-njy iýulyndan 1917-nji ýylyň 18-nji apreli aralygynda polkownik harby derejesinde Teke atly polkunyň serkerdesi wezipesinde gulluk edýär; «Aklar» hereketine gatnaşyjy. Ýanynyň gylyjy bilen Keramatly Stanislaw ordeniniň 3-nji derejesi, Keramatly Georgiý ordeniniň 4-nji we 3-nji derejeleri, Keramatly Anna ordeniniň 4-nji we 3-nji derejeleri, ýanynyň gylyçlary bilen we bant Keramatly Anna ordeniniň 4-nji we 3-nji derejeleri, şeýle hem Altyn ýarag bilen sylaglanan.

**Kýugelgen Nikolaý Pawlowiç fon Kýugelgen** – 1914-nji ýyldan başlap, podpolkownik derejesinde Türkmen atly polkunda gulluk edýär; 1917-nji ýylyň 18-nji aprelinden 1918-nji ýylyň ýanwaryna çenli (Kiýewde polk dargadylýança) polkownik harby derejesinde Teke atly polkuna serkerdelik edýär.

## TEKE ATLY POLKUNYŇ SERKERDELERI
### (düzüji Ö. A. Gündogdyýew)

**Aron** – 1917-nji ýylda rotmister harby derejesinde 4-nji eskadronyň serkerdesiniň kömekçisi bolýar, 1918-nji ýylyň ýanwaryndan 18-nji marta çenli general L. Kornilowyň Tekelerden düzülen gorag gullugyna ýolbaşçylyk edýär. Daşary ýurtda aradan çykýar.

**Bek – Uzarow** – 1914–1916--njy ýyllarda poruçik, polkuň serkerdesiniň adýutanty, 1917-nji ýylda – 3-nji eskadronyň serkerdesi.

**Browderejeskiý** – 1917-nji ýylda – poruçik, 2-nji eskadronyň serkerdesi.

**Grigorýew Wladimir Dmitriýewiç** – 1873-nji ýylda dogulýar, 1894-nji ýylda Nikolaýew atly goşun uçilişesini tamamlaýar, 1904 – 1905-nji ýyllarda rus-ýapon urşuna gatnaşýar; 1914–1917-nji ýyllarda ştab–rotmistr, rotmistr, polkownik derejelerinde 2-nji we 3-nji eskadronlara serkerdelik edýär, polkuň serkerdesiniň kömekçisi, polkuň atly arabalarynyň başlygy, ýönekeý serkerde wezipelerinde gulluk edýär, soňra bolsa (1918-nji ýylyň 18–31-nji marty aralygynda) general L. Kornilowyň gorag gullugynyň başlygy bolýar.

**Zaharow** – 1917-nji ýylda 1-nji eskadronyň serkerdesi, poruçik.

**Kankow** – poruçik, 1-nji eskadronyň serkerdesi; 1917-nji ýylyň noýabrynda bolşewikleriň tarapyna geçýär, soňra gyzyl gwardiýaçylar toparyny döredýär we 1918-nji ýylda öz topary bilen Meýletinçiler goşunynyň tarapyna geçýär. Buzly ýöriş mahalynda wepat bolýar.

**Medinskiý Alekseý Wiktorowiç** – 1914–1915-nji ýyllarda ştab-rotmistr, 3-nji eskadronyň serkerdesi, 1916-njy ýyldan soň ol hakda maglumat ýok.

**Mistulow Gennadiý** – praporşik, 1917-nji ýylda – poruçik, 3-nji eskadronyň serkerdesi. Ýanwardan 31-nji marta çenli general L. Kornilowyň Tekelerden düzülen gorag gullugynyň serkerdesi.

**Natenzon Georgiý** – 1915-nji ýylda poruçik derejesinde ýanynyň gylyjy bilen Keramatly Stanislaw ordeni bilen sylaglanýar, 1917-nji ýylda rotmister harby derejesinde 2-nji ekskadronyň serkerdesi.

**Neýgardt** – poruçik, 1917-nji ýylda polkuň serkerdesiniň adýutanty.

**Öwezbaýew Seýitmyrat** – 1889-njy ýylyň 10-njy maýynda Ahal welaýatynyň Yzgant obasynda dogulýar. Köşi obasyndaky Türkmen diwizionynyň ýanyndaky ýerli rus mekdebini tamamlaýar. 1889-njy ýylda Zakaspi oblastynyň gubernatory A. N. Kuropatkiniň ýardam bermeginde Orenburgyň kadet korpusyna okuwa ugradylýar, soňra Ýelizawetgradyň harby uçilişşesini tamamlaýar; 1909-njy ýylda kiçi serkerde derejesinde Stawropolyň harby bölüminde gulluk edýär. 1910–1914-nji ýyllarda Türkmen atly diwizionynda gulluk edip, onuň düzüminde poruçik we ştab-rotmistr harby derejelerinde fronta gidýär.

1916-njy ýylda ýaralanýar we gullukdan boşadylýar. 1917-nji ýylda Kokand awtonom respublikasynyň harby ministri wezipesine bellenilýär, 1918-nji ýylda Zakaspi oblastynyň Musulman komitetinde işleýär. Sowet häkimiýeti ýyllarynda hojalyk pudagynda dürli wezipelerde işleýär. 1937-nji ýylda repressiýanyň pidasy bolýar. Ýanynyň gylyjy bilen Keramatly Stanislaw, Keramatly Anna, Keramatly Georgiý ordenleriniň 3-nji derejesi bilen sylaglanýar.

**Oraz serdar** (Orazberdi Öwezmyradow, Oraz serdar Dykma Serdaryň ogly) – Ahal welaýatynyň Börme obasynda dogulýar. 1881-nji ýylda Aleksandr III-niň Sankt-Peterburgda türkmen wekiliýetiniň hormatyna guran kabul edişliginden soň ýetginjek ýigit Orazberdi Russiýanyň paýtagtyndaky pažes korpusyna okuwa kabul edilýär. Harby uçilişäni tamamlaýar we Türk-

men atly diwizionyna ugradylýar.

1914–1917-nji ýyllarda ilki 1-nji, soňra Teke atly polkunyň 4-nji eskadronyna serkerdelik edýär. Patyşa goşunynyň polkownigi derejesinde Aşgabada gaýdyp gelýär. 1918–1920-nji ýyllarda aklar» hereketiniň tarapynda çykyş edip, general-maýor derejesinde Zakaspi oblastynyň goşunlarynyň baş serkerdesi bolýar. 1920-nji ýylda Eýrana gaçyp gitmäge mejbur bolýar. 1922-nji ýylyň sentýabr aýynda Bužnurt şäherinde aradan çykýar. Köp sanly sylaglara we medallara, şol sanda Keramatly Georgiý ordenine hem mynasyp bolýar.

**Ş. A. Parpetow** – poruçik.

**Popow (?)** – kapitan.

**Raýewskiý** (?) – poruçik, 4-nji eskadronyň wzwod serkerdesi; 1917-nji ýylyň noýabrynda polk Dona tarap barýarka wepat bolýar.

**Ranenkampf** (Otto Edler fon Ranenkampf) – 1915-nji ýylyň maýynda polkuň düzüminde bolan döwründe praporşik gylyç we bant bilen bilelikde Keramatly Stanislaw ordeniniň üçünji derejesi bilen, sylaglanýar; 1917-nji ýylda poruçik polkuň pulemýotçylar toparynyň serkerdesi bolýar.

**Salazkin** (?) – 1917-nji ýylda poruçik, 1-nji eskadronyň serkerdesi.

**Serdarow Sylap** – Merwde doglan, Georgiý hajynyň eýesi, Orenburgdaky kadetler korpusyny tamamlady; urşuň ilkinji günlerinden başlap unter-serkerdäniň harby derejesinde polkda gulluk etdi. 1916-njy ýylda söweşde görkezen edermenligi üçin praporşiklige geçirildi. Polk dargadylandan soňra, 1918-nji ýylyň mart aýynyň ahyryna çenli general Kornilowyň Teke saklawynyň serkerdesi bolup, kornet harby derejesinde gulluk etdi. Merwe gaýdyp gelip, 1919-njy ýylda Ýusup hanyň otrýadynda söweşde wepat boldy.

**Tolstow** (?) – 1917-nji ýylda ştab-rotmistri.

**Truşkowskiý** (?) – ştab-rotmistr, 1914–1915-nji ýyllarda 4-nji eskadronyň serkerdesi. 1916-njy ýyldan soň, ol barada agzalmaýar.

**Uhtomowskiý** (?) – knýaz, poruçik, 3-nji eskadronyň serkerdesi.

**Faworskiý** (?) – 1917-nji ýylda ştab-rotmistr, 1-nji eskadronyň serkerdesi.

**Hajyýew Rezabek** (Beknazar Baýdaran) – 1895-nji ýylyň 22-nji iýulynda Nowo-Aleksandrowskiý şäherinde (häzirki Dörtgülde) doguldy. Hywa türkmenleriniň han gatlagynyň wekili. Tiresi ýomut (baýramşaly taýpasyndan); Moskwadaky Imperator Aleksandr II-niň Üçünji kadetler korpusyny

we Tweriň atly goşun uçilişşesini tamamlady. Soňra 1916-njy ýylda goşun starşinasy baron P. N. Wrangeliň baştutanlygyndaky Nerçinsk kazak polkuna iberildi. 1917-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, 1918-nji ýylyň ýanwar aýynda polkuň dagydylan döwrüne çenli Teke atly polkunda bolýar. Ilki bilen pulemýotçylar toparynyň serkerdesiniň korneti harby derejesinde, soňra belent serkerdebaşynyň teke gorag gullugynyň başlyklygynda, general L. Kornilowyň ynanylan adamy we adýutanty hökmünde gulluk edýär.

1-nji Kuban («Buzly») ýörişi tamamlanansoň we generalyň wepat bolmagy bilen Meýletinçiler goşunyndan çykýar. 1918-nji ýylyň sentýabrynda polkownik knýaz Tundukowyň ýolbaşçylygyndaky Astrahan kazak goşunynyň Teke ýüzlüginde poruçik harby derejesinde serkerdelik edýär. 824 belgili «Birinji Kuban ýörişi üçin» diýen nyşana eýe bolýar. 1918-nji ýylyň gyşynyň başynda Türkmenistana gelýär we Oraz serdaryň goşunyna girýär. 1920-nji ýylda Eýranyň we Hindistanyň üsti bilen Wladiwostoga 20-nji ýyllaryň ortalarynda Ýaponiýanyň üsti bilen Meksika aralaşýar we 1966-njy ýylyň 20-nji maýynda Mehiko şäherinde aradan çykýar. «Beýik Boýar» (Belgrad, 1929), «Atçapar» (San-Fransisko, 1962 ý.) we başga-da birnäçe makalalaryň awtory. Onuň ýanýoldaşy we çagalary hakynda hiç hili maglumat ýok. Meksikada onuň agtygy Anna Eleonora Guld (Kaýzer) ýaşapdyr.

**Çengera (?)** – 1915-nji ýylda poruçik.

**Çernow (?)** – podpolkownik, polkuň serkerdesiniň kömekçisi, 1916-njy ýyldan soň hiç ýerde ady agzalmaýar.

**Ergard (?)** – urşa ştab-rotmistriň derejesinde 1-nji eskadronyň serkerdesi bolup başlady. 1917-nji ýylda polkownik harby derejesinde Byhow şäheriniň komendanty boldy.

## TEKE ATÇYLYK POLKUNYŇ KIÇI SERKERDELERI WE ATLYLARY
**(Düzüji Ö. A. Gündogdyýew)**

**Abaýew Gurbanmuhammet** – Garadaşaýak obasynda doglan (Ahal welaýaty), wahmistr, 1915-nji ýylda ýaralandy. Keramatly Georgiý ordeniniň ikisiniň eýesi.

**Abduzahidow (?)** – 1914-nji ýylda kornet.

**Abdyllaýew Allaberdi** – Gagşal obasynda doglan (Ahal welaýaty), 1915-nji ýylda 4-nji eskadronyň wahmistri. Keramatly Georgiý ordeni we «Edermenligi üçin» diýen medal bilen sylaglanan.

**Agajykowlar** – Ahal welaýatyndan gulluga çagyrylan iki dogan. Olar fronta 1917-nji ýylyň tomsunda geldiler. Kornilowyň Dona bolan ýörişine gatnaşdylar. 1917-nji ýylyň noýabrynda Gyzyl Goşunyň tarapyna geçdiler. W. I. Çapaýewiň ady rowaýata öwrülen diwiziýasynda gulluk etdiler.

**Agamow Tokgy** – Köşi obasynda doglan (Ahal welaýaty).

**Aýtdaýew Annaly** – Büzmeýinde doglan.

**Aýjaýew Myratly** – Büzmeýinde doglan.

**Aýja Batyr (?)** – 1917-nji ýylda polkuň pulemýotçylar toparynyň uly unter-serkerdesi.

**Akmämmedow Annamyrat (Annamämmet)** – Köşi obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Albaýew Saparly** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Alwanow Seýitgeldi** – Büzmeýinde doglan.

**Allaberdiýew Mommy** – Aşgabatda doglan, 1915-nji ýylda ýaralanan, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Allanazarow (?)** – Aşgabatda doglan.

**Allaýar han (?)** – Daşoguz welaýatynyň Porsy raýonynda doglan, Türkmen atly diwizionynyň ýanyndaky rus-alys ýerli mekdebini tamamlan. Polkda 1914-nji ýyldan başap gulluk edýär. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Altybaýew Orazberdi** – Büzmeýinde doglan.

**Amangeldiýew Orazgeldi** – 3-nji eskadronyň atlysy.

**Amanmuhammedow Çary** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Amansähedow Öweznyýaz** – Mirewe obasynda doglan (Ahal welaýaty), 1915-nji ýylda «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Annaberdiýew Çerkez** – Aşgabatda doglan, 2-nji eskadronyň wahmistri, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Annageldiýew Kakabaý (Gazakbaý)** – Köşüde doglan. «Edermenligi üçin» medal bilen sylaglanan.

**Annagylyjow Durdy** – Gökje obasynda doglan (Ahal welaýaty). 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Annamämmedow Aksakgal (?)** – Büzmeýinde doglan.

**Annamyradow Halmyrat** – polkuň atlysy.

**Annaorazow Hojamuhammet** – Gökdepede doglan. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Artykow Allaberdi** – Köşi obasynda doglan, 1917-nji ýylda wahmistr – Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan. 1919-njy ýylda Gyzyl Goşunyň Aýratyn

ekspedisiýa otrýadynyň wzwod serkerdesi bolan.

**Artykow Anna** – Büzmeýinde doglan.

**Artykow Daňatar** – Gypjak obasynda doglan, diwizionyň ýanyndaky Köşüdäki rus ýerli mekdebi tamamlan. Soňra sapýor batalýonynynda telegraf kursuny gutaran; Teke atly polkunyň düzüminde urşa ýunker harby derejesinde gidýär. 1914-nji ýyldan 1917-nji ýyla çenli polkda gulluk edýär. Gullugy praporşik harby derejesinde tamamlap, raýatlyk urşy ýyllarynda polkownik harby derejesinde Gyzyl Goşunyň polkuna ýolbaşçylyk edýär. Georgiý haçlarynyň doly eýesi, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Atabaýew Agabaý** – Gypjak obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Atajanow Allanur** – Herrikgala obasynda doglan. 1-nji eskadronyň atlysy.

**Ataýew Myrat** – Herrikgala obasynda doglan, 1915-nji ýylda ýaralanýar.

**Atamämmedow Amanja** – Garadaşaýak obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordenleriniň ikisiniň eýesi, 1915-nji ýylda ýaralanan.

**Atanyýazow Oraznyýaz** (Oraznepes) – Büzmeýinde doglan. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Ataşew Bagym** – Büzmeýinde doglan.

**Ataşew Orazly** – Büzmeýinde doglan.

**Babaýew Sähet** – 1895-nji ýylda Aşgabatda doglan, polka 1917-nji ýylyň tomsunda geldi.

**Baýnazarow Silli** – Köşi obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Baýramgulyýew Oraz** – Köşi obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Baýramow Çüri** – Büzmeýinde doglan.

**Baýramsähedow Ybraýym** – Büzmeýinde doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Baýramsähedow Çüri** – Büzmeýinde doglan, 1915-nji ýylda 2-nji eskadronyň unter-serkerdesi; «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Baýramsähedow Hajy** – 1915-nji ýylda 4-nji eskadronyň unter-serkerdesi.

**Begenjow Garanazar** – polkuň atlysy.

**Begenjow Nyýazgylyç** – Artyk obasynda doglan (Ahal welaýaty), 1915-nji ýylda polkuň uly unter-serkerdesi; «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Begenjow Nurmuhammet** – 1915-nji ýylda 4-nji eskadronyň unter-serkerdesi.

**Begenjow Tüňňi** – Büzmeýinde doglan.

**Bekiýew Rejep** – Büzmeýinde doglan.

**Bekmyradow Şamyrat** (Şaberdi) – Aşgabatda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Bölek Batyr** (?) – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Böwenow Annamämmet** – Köşi obasynda doglan.

**Bugraýew Akmämmet** – Büzmeýinde doglan.

**Burunow Öwez** – Büzmeýinde doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Garabelliýew Meleş** – Büzmeýinde doglan.

**Garrykulyýew Möwlam** – Büzmeýinde doglan.

**Gapurow Orazguly** – Şorgala obasynda doglan (Ahal welaýaty), «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Geldiýew Anna** – Köşi obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Geldiýew Rejep** – polkuň pulemýotçylar toparynyň unter-serkerdesi.

**Geldimyrat**... – 2-nji eskadronyň unter-serkerdesi.

**Gönibek (?)** – 4-nji eskadronyň atlysy.

**Gujalow Güjük** – Köşi obasynda doglan.

**Güjükow Şaguly** – Nowa obasynda doglan (Ahal welaýaty), praporşik 1915-nji ýylda «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Gulnyýazow Gurbanguly** – 1915-nji ýylda 1-nji eskadronyň ýunkeri Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Gutlyýew Gurbangylyç** – Gypjak obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Gowşakow Ýaran** – Büzmeýinde doglan.

**Gotur (?)** – Büzmeýinde doglan, Serdarlar tiresinden.

**Goşabaýew Nury** – Büzmeýinde doglan.

**Jümmiýew Hojanepes** – 1917-nji ýylda polkuň komitetiniň agzalygyna saýlanan.

**Döwletmyradow Orazmyrat** – Büzmeýinde doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Durdyýew Aman** – polkuň atlysy.

**Durdyýew Jeň Pälwan** – 1872-nji ýylda Köşi obasynda doglan. 1903–1905-nji ýyllarda Türkmen diwizionunda gulluk etdi. 1914–1917-nji ýyllarda bolsa Teke atly polkunda söweşdi. Georgiý hajynyň ikisi we birnäçe medallar bilen sylaglanan.

**Durdyýew Ýegre** – Büzmeýinde doglan.

**Diwanaýew Oraznyýaz** (1893–1944 ý.) – Gökdepäniň Tilki obasynda doglan. Batyrlygy üçin ýörite ýarag bilen sylaglanan.

**Dälihanow Pudak** – Mirewe obasynda doglan. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Ýegräýew Şamyrat** – 4-nji eskadronyň atlysy.

**Ilmyradow Nurmyrat** – Bäherdende (Baharly) doglan, 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Ymamgulyýew Gotur** – Büzmeýinde doglan.

**Inakow Annamyrat** – Gökje obasynda doglan. Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Işangulyýew Atabaý (Agabaý)** – Büzmeýinde doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Gajarow Seýitberdi** – polkuň atlysy.

**Kazyýew Gyşyk han** – Büzmeýinde doglan, praporşik.

**Kazyýew Şalar** – Büzmeýinde doglan.

**Kakabaýew Halmyrat** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Garajaýew Gurban** – Gökdepede doglan, 1915-nji ýylda Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Garaýew Gutly** – Köşi obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Garaýew Kyýas** – Büzmeýinde doglan.

**Garaýyew Kowus** – Büzmeýinde doglan, 1-nji eskadron.

**Garaýew Nyýazmyrat** – Büzmeýinde doglan.

**Garaýew Sähet** – Büzmeýinde doglan.

**Kelow Hally** – Köşi obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Gowşudow Halmuhammet** – Köşi obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Kössekow Baýgeldi** – 4-nji eskadronyň atlysy.

**Gylyçdurdyýew Agajyk** – Büzmeýinde doglan.

**Gylyjow Saparnyýaz** – Büzmeýinde doglan.

**Guwanlyýew Oraz** – Büzmeýinde doglan.

**Kuwwatow (?)** – Büzmeýinde doglan.

**Kulyýew Daňatar** – Gökje obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Kulyýew Haşar** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Kulyýew Myrat** – Büzmeýinde doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Kulyýew Hojamuhammet** – Büzmeýinde doglan.

**Gulnyýazow Gurbanguly** – Büzmeýinde doglan.

**Gurbanow Annamyrat** – Merwde doglan, Orenburgdaky kadetler korpusyny tamamlan, polkuň praporşigi.

**Gurbanow Baba** – Büzmeýinde doglan.

**Gurdow Bäşim** – 4-nji eskadronyň unter-serkerdesi, 1916-njy ýylda praporşik.

**Gurdow Welmyrat** – 4-nji eskadronyň atlysy.

**Gurbanow Çary** – Änewde doglan, 1-nji eskadronyň atlysy.

**Lalow Öwez** – Büzmeýinde doglan.

**Mämmetsähedow Öwezdurdy** – Büzmeýinde doglan.

**Mämmetsähedow Halsähet** – Büzmeýinde doglan.

**Mämmetseýidow Atabaý** – Büzmeýinde doglan.

**Mämmedow Nurly** – Börme obasynda doglan. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Mämmedow Han** – Gökdepede doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Maksudow G.** – 1-nji eskadronyň atlysy, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Mamyşow Amanak** – Büzmeýinde doglan.

**Mäter Sibardy** (Şaberdi) – Büzmeýinde doglan.

**Meňliýew Gurbangeldi** – Gorjawda doglan. (Ahal welaýaty) 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Meňlihanow Babahan** – abraýly salyr hanynyň ogly, Sarahs pristawynyň kömekçisi, ýunker, soňra 4-nji eskadronyň praporşigi, Georgiý hajynyň doly derejeli eýesi. 1918-nji ýylda Tejen sebitindäki Goşatoraňňy diýen ýerde raýatlyk urşunyň gazaply günlerinde wepat bolan.

**Mergenow Annamyrat** – Durunda doglan. Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Meredalyýew Ýusupaly** – Gökdepede doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan. 1918-nji ýylda W. I. Çapaýewiň diwiziýasynda pulemýotçylar wzwodynyň serkerdesi.

**Meret Tatar (?)** – Büzmeýinde doglan.

**Meret Agsak (?)** – Köşi obasynda doglan.

**Möwlamberdiýew Öwezberdi** (Öwezdurdy) – Gökdepede doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Mollaýew Annagurt** – Büzmeýinde doglan.

**Mollaýew Alladurdy** – Gökdepede doglan, praporşik.

**Mollaýew Gündogdy** – Büzmeýinde doglan.

**Mollaýew Döwlet** – Gypjak obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Müllikow Ýaran** – polkuň atlysy.

**Mylyýew Ata** – Büzmeýinde doglan.

**Myradow Allaberdi** – Herrikgalada doglan, Keramatly Georgiý ordeni we «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Myradow Ata** – polkuň atlysy.

**Myradow Geldi** – 2-nji eskadronyň uly unter-serkerdesi.

**Myradow Mawy** – Börme obasynda doglan, 1-nji eskadronyň uly unter-serkerdesi, 1915-nji ýylda «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Myradow Nursähet** – Büzmeýinde doglan.

**Myradow Öwez** – Büzmeýinde doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Myradow Sapar** (Sapar Kellesiz) – Büzmeýinde doglan.

**Muhadow Şyh** – Ýasmansalyk obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Muhat aga** – Bagyr obasynda doglan, polkuň at seýisi.

**Muhammet Baý** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Muhammedow Maşat (Maşow)** – Artyk obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Muhammedow Han** – polkuň atlysy.

**Nazarow Garyp** – Köşi obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi, 1919-njy ýylda Zakaspi frontunyň Rewolýusion harby geňeşiniň syýasy bölüminiň agzasy.

**Nepesow Baýramguly** – Ýaňgala obasynda doglan. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Nepesow Goçguly** – 1893-nji ýylda Gorjaw obasynda doguldy, Tejendäki rus-türkmen mekdebini we Daşkentdäki seminarini tamamlady. 1918–1920-nji ýyllarda Türkmenistanda «aklar» hereketiniň işjeň guramaçysy boldy. Eýrana geçdi. 1924-nji ýylda Watanyna dolandy.

**Nyýazberdiýew Nepes** – Büzmeýinde doglan.

**Nyýazberdiýew Nurak** – Büzmeýinde doglan.

**Nyýazberdiýew Suhan** – Büzmeýinde doglan, wepat bolan.

**Nyýazgylyjow Sapar** – Büzmeýinde doglan.

**Nyýazmyradow Berdi** – Büzmeýinde doglan.

**Nyýazow Gurbanguly** – 1915-nji ýylda ýunker.

**Nyýazow Molla** – 1915-nji ýylda 1-nji eskadronyň ýunkeri, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Nowjaýew Beki** – Gökdepede doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Nursähedow Mämmetdurdy** – Gorjaw obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan

**Nurymow Myrat** – Gypjak obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Öwezjanow** (Öwezhan ogly) **Suhan** – Köşüde doglan. 1-nji eskadronyň uly unter-serkerdesi, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Öwezgeldiýew Oraz** – Köşi obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Öweznyýazow Allanur** – Merw uýezdiniň Garaýap obasynda doglan. 4-nji eskadronyň atlysy; 1917-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Öweznepes han (?)** – Büzmeýinde doglan.

**Öwezgylyjow Tahyr** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Öwezow Berdimyrat** – Mürçe obasynda doglan (Ahal welaýaty). 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Öwezow Gurtaw** – Gypjak obasynda doglan. 1915-nji ýylda dereksiz ýitdi.

**Öwezow Gowşut** – Büzmeýinde doglan, Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Oraýew Amansähet** – 3-nji eskadronyň atlysy.

**Orazmämmedow Samed** – Gorjaw obasynda doglan, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Orazmyradow Ata** – Büzmeýinde doglan, 1914-nji ýylda uly unter-serkerde, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Pakişew Gara** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Pälwanow Injik** – Büzmeýinde doglan.

**Patdaýew Sapar** – Kakada doglan. 1917-nji ýylda esger deputatlary geňeşiniň agzasy.

**Paşşyýew Annamämmet** – Ýaňgala obasynda doglan. 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Pelenow Gulamaly** – 1885-nji ýylda Garadamak obasynda doglan. 1910-njy ýylda Zakaspi otrýadynyň serhet goragynda gulluk etdi. 1914–1917-nji ýyllarda Teke atly polkunda gulluk etdi, Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Pirgulyýew Bekmyrat** – Nohur obasynda doglan (Balkan welaýaty), «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Rüstemow Ärnyýaz** – Ýarajy obasynda doglan. (Ahal welaýaty). 1915-nji ýylda Georgiý hajy bilen sylaglanan.

**Saryýew Ata** – Gökdepede doglan. 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Saryýew Annamyrat Potra** – polkda gulluk etdi we Wagşy diwiziýanyň serkerdesi – beýik knýaz Mihailiň goragynda durdy.

**Saryk (?)** – bu jigidiň ady H.Hajyýewiň işlerinde gabat gelýär.

**Saparmämmedow Gulberdi** – Ýasmansalyk obasynda doglan. Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Saparnyýazow Ata** – Büzmeýinde doglan.

**Saparnyýazow Öweznyýaz** – Büzmeýinde doglan.

**Sähetmyradow Baba** – Büzmeýinde doglan.

**Seýitnyýazow Goçaman** – Gagşal obasynda doglan (Ahal

welaýaty). «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Söýünow (?)** – Gorjaw obasynda doglan. 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Tagandurdyýew Nyýazgylyç** – 4-nji eskadronyň atlysy.

**Tahyrow Ata** – 1-nji eskadronyň atlysy.

**Täçmyradow Haýdar** – Büzmeýinde doglan.

**Tutlykhanow Guwjy** – Köşi obasynda doglan.

**Tylla (?)** – polkuň habarçysy.

**Tyrryýew Agajyk** – Büzmeýinde doglan.

**Tzehanow Gowşut** – Gökje obasynda doglan. «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Üwdiýew Ata** – Gorjaw obasynda doglan. 1915-nji ýylda ýaralanan.

**Hakberdiýew Şaberdi** – Büzmeýinde doglan. Keramatly Georgiý ordeniniň eýesi.

**Halydow Hally** – pulemýotçylar toparynyň uly – serkerdesi.

**Halmyradow Maşow** – Aşgabatda doglan, Keramatly Georgiý ordeniniň ikisi bilen sylaglanan.

**Hallygurbanow Baýramhandurdy** – Änewde doglan. 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Hanow Gurbannazar** – Ýasmansalyk obasynda doglan.

**Hanow Orazmyrat** – Büzmeýinde doglan.

**Hojamämmedow Annaoraz** – Köşi obasynda doglan. 1915-nji ýylda ýaralanan, Georgiý hajynyň eýesi.

**Hojamämmedow Orazberdi** – Büzmeýinde doglan.

**Hojamämmedow Hojagurban** – Büzmeýinde doglan

**Hojamämmedow Hojamberdi** – Büzmeýinde doglan, Georgiý hajynyň dördüsiniň eýesi, 1959-njy ýylda aradan çykan.

**Hommadow Annamyrat** – Gökje obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Hosarow Müňbaşy** – Bamy obasynda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Hudaýberdiýew Nyýazmämmet** – Köşi obasynda doglan. Georgiý hajynyň eýesi.

**Hudaýberdiýew Suhanberdi** – Büzmeýinde doglan, 1915-nji ýylda dereksiz ýiten.

**Hudaýkulyýew Kömek** – Gökje obasynda doglan. Georgiý hajy bilen sylaglandy.

**Çaryýew Ata** – 1895-nji ýylda Köşi obasynda doglan. 1913-nji ýylda Türkmen diwizionynda gulluk eden. 1914–1916-njy ýyllarda polkda kiçi serkerde harby derejesinde gulluk eden. 1916-njy ýylda ýaralanan. Georgiý hajynyň ikisiniň eýesi.

**Çaryýew Baýrammyrat** – Büzmeýinde doglan.

**Çaryýew Gurbangeldi** – Büzmeýinde doglan.

**Çaryýarow Annagylyç** – Büzmeýinde doglan.

**Çaryýarow Ýarsähet** – Büzmeýinde doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Çaryýar Kuly** – Büzmeýinde doglan.

**Çerkezow Annanazar** – Büzmeýinde doglan.

**Çerkez...** – 2-nji eskadronyň wahmistri.

**Şagulyýew (?)** – Köşi obasynda doglan.

**Şamyradow Şalar** – Aşgabatda doglan, «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Şamyrat han (?)** – patyşa Nikolaý II-niň dogany beýik knýaz Mihailiň goragynda gulluk eden.

**Şanazarow Kadyr** – Aşgabatda doglan, 1915-nji ýylda «Edermenligi üçin» medaly bilen sylaglanan.

**Şanazarow Sarygul** – Büzmeýinde doglan.

**Şyhlyýew Gulhan** – Büzmeýinde doglan.

**Şyhow Geldimyrat** – Büzmeýinde doglan.

**Şyhşahow Annanepes** – Gypjak obasynda doglan. 1915--nji ýylda dereksiz ýiten.

**Esenow Söýün** – 4-nji eskadronyň atlysy.

**Ýüzbaşyýew Ibragim** – Büzmeýinde doglan.

**Ýüzbaşyýew Nazar** – Ýaňgala obasynda doglan. 1917-nji ýylda ýaralanan. Keramatly Georgiý ordeni bilen sylaglanan.

**Ýusupow Allanyýaz** – Büzmeýinde doglan, «Keramatly Georgiý» ordeni bilen sylaglanan.

**Ýusupow Hydyrguly** – polkuň atlysy.

**Ýazyýew Rejep** – Köşi obasynda doglan, «Keramatly Georgiý» ordeni bilen sylaglanan

**Ýalkabow Gapbar** – Büzmeýinde doglan.

**Ýaranow Ballar** – Büzmeýinde doglan, 4-nji eskadronyň uly unter-serkerdesi.

**Ýaranow Gara** – Büzmeýinde doglan.

**Awtoryň belligi:** Bu sanaw Teke atly polkunyň atlylarynyň familiýalarynyň we atlarynyň çärýek sanyny hem beýan etmeýär. Üç ýylyň dowamynda (1914–1917-nji ýyllarda) bolan söweşlerde polkuň düzümi birnäçe gezek üýtgedi we esgerleriň ýaralanmagy, wepat bolmagy, gulluk möhletleriniň tamamlanmagy bilen onuň üsti ýetirilip duruldy. Ýöne häzirki günde munuň özi polkuň serkerdeleriniň we atly jigitleriniň ýeke-täk doly sanawy. Bu işiň dowam etdirilmegi zerurdyr. Gahrymanlaryň biri-de unudylmaly däldir.

## TÜRKMEN ATLY DIWIZIÝASYNYŇ 1895-NJI ÝYLYŇ NUSGASYNDAKY GYLYJY

Ujy egri, bir almazly, tekiz polatdan edilen gylyç. Onuň gyny agaçdan bolup, oňa gaýyş örtülendir. Gynyň aşaky bölegi iki gat gaýyşly bolup, onuň daş tarapy dürli çyzgylar bilen bezelipdir. Gynyň aşak başynda birnäçe gaýyş gyýyndylaryndan edilen gotaz bar. Gynyň ýokarky bölegine demir aýmançajyklary bilen bezegli gaýyş tutulypdyr. Şeýle hem gynda guşaga dakmak üçin niýetlenen halkaly gadymy görnüşdäki iki sany nurbat bar.

Hanjaryň (gylyjyň) özüniň egremçeli we üsti-üstüne geçýän haç görnüşli tutawajy bar. Onuň tutawajy hanjaryň (gylyjyň) aşak tarapyna birikdirilen iki sany süňk ýaňajyklary bar. Onuň daşky tarapynda üç sany biri-biriniň üstünden geçýän gaýyş bar. Tutawajyň ýokarsy demirden bolup, onuň aşaky tarapy hanjaryň (gylyjyň) almazyna tarap öwrülendir. Onuň ýokarky tarapy tutawajyň ýüzünde haç şekilli bolup, aşak tarapy gynyň boýuna tarap uzap gidýär. Ol ýaraga dakylmak üçin ulanylýar. Haç şekiller tutawajyň soňky bölegi demir ilik görnüşindedir. Ol ýörite şekiller bilen bezelendir. Bu ýaragyň bezegleri kiçi harby derejeli serkerdeler üçin erkin ýerine ýetirilýär.

Onuň umumy uzynlygy 900 millimetr bolup, hanjaryň (gylyjyň) uzynlygy 830 millimetre barabardyr. Hanjaryň (gylyjyň) ini 30 millimetr. Onuň ortaça egremçeligi 123/350 millimetr, agramy 1350 grama barabar. Bu ýarag Türkmen atly diwizionynyň (1916-njy ýyldan başlap Teke atly polkunyň) serkerdelerinde we aşaky harby derejeli ýolbaşçylarda öwrenilýän döwrüň ahyryna çenli bolupdyr.

## RUSSIÝANYŇ DÖWLET HARBY-TARYHY ARHIWI (RDHTA)

3639-njy gazna, 1-nji ýazuw «Teke atly polky» (1897–1899, 1914–1915-nji ýyllar, 29-njy iş (2346 sahap ýa-da 4692 sahypa).

### Polkuň düzülen döwürleri

(Resmi maglumatlar)

Türkmen atly milisiýasy. 1885-nji ýylyň 24-nji fewraly — 1892-nji ýylyň 7-nji noýabry.

Türkmen atly-regulýar diwiziony 1892-nji ýylyň 7-nji noýabry — 1911-nji ýylyň 30-njy noýabry.

Türkmen atly diwiziony. 1911-nji ýylyň 30-njy ýanwary — 1914-nji ýylyň 29-njy iýuly.

Türkmen atly polky. 1914-nji ýylyň 29-njy iýuly –1916-njy ýylyň 31-nji marty.

Teke atly polky. 1916-njy ýylyň 31-nji marty —1918-nji ýylyň 26-njy ýanwary.

| № | Iş önümçilik belgisi | Işiň ady | Başlanan we tamamlanan wagty | Sahaplaryň mukdary |
|---|---|---|---|---|
| 1. | 29 | Polkuň ştaby 1897-nji ýyl: Türkmen atly-regulýar diwizionynyň atlysy Askar Usenbaýewiň gyrgyz Çankiýewiň gyzyna öýlenmegi hakyndaky iş. | 1897-nji ýylyň 29-njy noýabry-1899-njy ýylyň 16-njy ýanwary | 10 |
| 2. | 1 | 1914-nji ýyl. Gyssagly materiallar: polkuň ştabynyň gyssagly buýruklary we tabşyryklary: bölüm serkerdeleriniň polkuň ştabyna iberen habarlary | | 368 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | we bölüm serkerdeleriniň atly otrýadyň baştutanyna Mlawa we Zeldau sebitlerinde duşmanyň ýerleşişi hakyndaky aňtaw netijeleri baradaky habarlary. 26-njy Don kazak polkunyň bölüm baştutanlarynyň Kremp obasynyň golaýynda geçiren aňtawlarynyň netijeleri hakyndaky maglumatlary. | | |
| 3. | 2 | Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň 1914-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Gruşka obasynyň ýanyndaky geçelgede we 1914-nji ýylyň 15-inden 16-njy noýabryna geçilýän gijede Duplise Duže obasynyň ýanyndaky söweşler hakynda maglumaty. | | 36 |
| 4. | 6 | Polkuň serkerdesi Drozdowskiniň meýdan depderçesi. | | 4 |
| 5. | 25 | Polkuň serkerdesi Drozdowskiniň we polkuň adýutanty poruçik Bek Urazowyň şonuň ýaly depderçeleri. | | 37 |
| 6. | 3 | Şonuň ýaly depderçeler. | | 40 |
| 7. | 8 | Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň, polkuň serkerdebaşysy Çernowyň we polkuň adýutanty Bek Urazowyň şonuň ýaly depderçeleri. | | 45 |
| 8. | 28 | Şonuň ýaly depderçeler. | | 40 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 9. | 7 | Şonuň ýaly depderçeler. | | 48 |
| 10. | 26 | Şonuň ýaly depderçeler. | | 41 |
| 11. | 21 | Şonuň ýaly depderçeler. | | 46 |
| 12. | 4 | Polkuň serkerdesi Drozdowskiniň we polkuň adýutanty Bek Uzarowyň meýdan depderçeleri. | | 46 |
| 13. | 11 | Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň we polkuň serkerdebaşysy rotmistr Grigorýewiň şonuň ýaly depderçeleri. | | 41 |
| 14. | 10 | Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň şonuň ýaly depderçeleri. | | 46 |
| 15. | 22 | 2-nji Türküstan atyjylyk brigadasynyň ştaby bilen aragatnaşyk serkedesi ştab-rotmistr Medinskiniň we 1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Oraz Berdiniň şonuň ýaly depderçeleri. | | |
| 16. | 12 | 2-nji Türküstan atyjylyk brigadasynyň ştaby bilen aragatnaşyk serkerdesi ştab-rotmistr Medinskiniň meýdan depderçesi. | | |
| 17. | 19 | 4-nji eskadronyň serkerdesi ştab-rotmistr Truşkowskiniň we 1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Oraz Berdiniň şonuň ýaly depderçeleri. | | |
| 18. | 18 | 4-nji eskadronyň serkerdesi ştab-rotmistr Truşkowskiniň şonuň ýaly depderçesi. | | |
| 19. | 5 | 4-nji eskadronyň 1-nji wzwodynyň serkerdesi poruçik Öwezbaýewiň we 3-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Grigorýewiň şonuň ýaly depderçeleri. | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 20. | 9 | Bölümiň baştutany praporşik Uhtomisiniň we 3-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Grigorýewiň şonuň ýaly meýdan depderçeleri. | |
| 21. | 27 | Bölümiň baştutany praporşik Uhtomiskiniň şonuň ýaly meýdan depderçesi. | |
| 22. | 24 | 1915-nji ýyl, gyssagly materiallar, gyssagly buýruklar we polkuň ştabynyň tabşyryklary; bölüm serkerdeleriniň polkuň ştabyna maglumatlary; 32-nji goşun korpusynyň serkerdesi Sankauskä bölüm serkerdeleriniň ýerli ähmiýeti bolan söweş hereketleri, aňtawyň maglumatlary, goşunyň hereketi hakyndaky hasabatlary. | |
| 23. | 13 | Sankausk we Nowoselisk otrýadlary boýunça gyssagly buýruklar we tabşyryklar. | |
| 24. | 14 | Polkuň ştabynyň gyssagly buýruklary we tabşyryklary; bölüm serkerdeleriniň polkuň ştabyna aňtawyň netijeleri, goşunyň Şubranes we Zadobrowka obalarynyň golaýyndaky hereketleri baradaky maglumatlary. | |
| 25. | 15 | Kawkaz alys ýerli atly diwiziýasynyň we polkunyň gyssagly buýruklary we tabşyryklary; polkuň serkerdeleriniň diwiziýanyň ştabyna maglumatlary: frontuň ýagdaýy, 2-nji atly korpusyň düzümindäki polkuň bölümleriniň hereketleri we Kawkaz alys ýerli diwiziýasy bilen hereketi utgaşdyrmak hakyndaky maglumatlar. | |
| 26. | 20 | Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň meýdan depderçesi. | |
| 27. | 23 | Sankusk ortýadynyň serkerdebaşysy polkownik Drozdowskiniň meýdan depderçesi. | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 28. | 16 | Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň polkuň serkerdebaşysy polkownik Kýugelgeniň hem-de 4-nji eskadronyň 1-nji wzwodynyň serkerdesi poruçik Öwezbaýewiň meýdan depderçeleri. | |
| 29. | 17 | 1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Oraz Berdiniň meýdan depderçesi. | |

**Iş 2.** «Polkuň ştabynyň gyssagly buýruklary we tabşyryklary; polkuň ştabynyň tabşyryklary; bölümleriň serkerdeleriniň polkuň ştabyna we birikmeleriň serkerdelerine maglumatlary. Duşmanyň Mlawa we Zaldau etraplarynda ýerleşen ýerleri baradaky aňtawyň netijeleri hakynda atly otrýadyň serkerdesine. 26-njy Don kazaklary polkunyň demir ýol menzilleriniň ýolbaşçylarynyň Krempa obasynyň çäklerinde geçiren aňtawynyň netijeleri hakyndaky maglumatlary». 1914-nji ýylyň 2-nji oktýabry – 20-nji dekabry (368 sahap)

**Sahap arka tarapy bilen 142 dönüm. Polkownik Drozdowskä. 1914 ý. 17-nji noýabr. Sagat 5.**

Edil ýaňja 7-nji polkuň (Türküstan) Unter-ofiserinden sorag edildi. Ol Kostelnodan gaýdyp gelýärkä Duplise-Duže obasyna sowlupdyr. Biz ol ýerden gaýdanymyzdan obany nemesler eýeläpdirler. Unter-ofiser obanyň gyrasy bilen gidip, onuň daşyndan aýlanyp, köprüniň üstünden geçipdir. Ol ýerde siziň türkmenleriňiz (nemeslere) örän gazaply darapdyrlar diýýär. Onuň sözlerine görä, ýaralananlar hem-de wepat bolanlar örän köp. Özleriniň hut türkmenleriň hüjümi netijesinde ol ýerden aman sypandygyny aýdýar.

Kapitan №

**Sahap 147.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine, 1914-nji ýylyň 17-nji noýabry, 8 sagat 45 minut. Ýamno obasyndan.

Siziň tabşyrygyňyza laýyklykda, gije sagat 1-de Lowiç

köçesine gözegçilik etmek üçin Gužnýa obasynda nobatçy goýlan 4-nji eskadronyň wzwodyny beýleki eskadronyň wzwody bilen çalşyrmaga rugsat bermegiňizi soraýaryn. Adamlar iki gije--gündiz bäri ne ýatýarlar, ne-de dynç alýarlar.

*Ştab-rodmistr Truşkowskiý*

**Sahap 180.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine. 1914-nji ýylyň 26-njy noýabry. Ýamno obasyndan.

Atly esger Çüri Baýramsähedowy ýefreýtorlyga geçirmek, hakynda haýyş edýärin.

*Ştab-rodmistriň ikinji eskadronynyň serkerdesi /goly/ Grigoryýew.*

**Sahap 208 arka tarapy bilen, sahap 209 arka tarapy bilen.**

Polkuň serkerdesine. 1914-nji ýylyň 20-nji dekabry, sagat 5.

Ýunker Daňatar Artykowy milisiýanyň praporşikligine geçirmek hakynda haýyş edýärin. Ýunker özüniň ahlak sypatlary, gullugy bilýändigi, ak ýürekliligi, esasanam, söweşjeň häsiýeti bilen şeýle sylaga mynasypdyr. Kiçi unter-ofiser Sylap Serdarowy milisiýanyň ýunkerligine önümçilik hakynda haýyş edýärin. Sylap Serdarow garry ene-atasynyň ýeke-täk ogly bolmak bilen, ol özüniň gowy ýaşaýyş şertlerinden we durmuşyň eşretlerinden peýdalanyp bilerdi, ýöne dogabitdi söweşijiniň ruhy ony gapdalda galyp, perwaýsyz bolmaga ýol bermedi. Ol kornet Abdyzahydow bilen Merwde ähli tagallasyny adamlary ýygnamaga sarp etdi. Ol adamlary geýindirmekde özüniň bilimi we yhlasy bilen ägirt uly hyzmaty ýerine ýetirdi. Ol söweş hereketlerinde ýokary derejede bolmak bilen, hemişe hoşniýetlilik, çeýelik we bilim babatda tapawutlandy. Sylap Serdarow kadetler korpusynyň alty synpyny tamamlady. Ol ýerde biziň belli serkerdelerimiz Öwezbaýewe, Bekuzarowa batyr, hoşgylaw ýoldaş we halal adam hökmünde özüni tanatdy. Ol oduň astynda bolsa-da, özüni sowukganly,

hem-de batyr alyp barýar. Men ony dördünji derejeli Georgiý hajyna hödürleýärin. Mundan başga-da, bu sylag ähli merwlileri höweslendirer, çünki ol merw türkmenleriniň ylymly we sypaýy toparynyň wekili bolup durýar.

*2-nji eskadronyň serkerdesi*
*ştab-rodmistr Grigorýew.*

**Iş 3.** «1914-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Gruşka obasynyň ýanyndaky derýanyň geçelgesinde bolan söweş hakynda maglumat».

**Sahap 1-4 arka tarapy bilen.**

28-nji oktýabrda 74 belgi bilen korpus babatdaky buýruk esasynda Türkmen atly polky polkownik Weýliň otrýadynyň düzümine girizildi. Polkownik Weýliň çep ganatynda 2 batalýon pyýada goşundan, dag batareýasyndan, sapýorlardan 4 eskadrondan ybarat ynanylan ýüz atly otrýaddan ybarat düzüme şeýle wezipe goýuldy: Irden sagat 7-de Mlawadan çykmaly we Wulka, Lewidereje, Krempa, Kençewo, Nowowes, Nehlonin we Gruşka tarap gidýän ýola düşmeli. Zoldau derýasyndan geçip, demir ýoly hem-de Genrildorf stansiýasyny weýran etmeli. Şondan soň Soldau şäherine hüjüm etmeli. Şonda atly polk Soldaudan demirgazyk-günbatara Deýç Eýlau tarapa gidýän demir ýoly weýran etmek üçin hüjüme geçmeli.

Atly otrýad aýyň 28-ine agşam sagat 5-lerde öňde goýlan wezipäni ýerine ýetirmek üçin Nehlonin obasyna geldi. Men korpusyň çep ganatyny goramak we onuň hereketini ýapmak üçin Dlutowa we Niske obalaryna atlylar toparyny ugratdym. Ol obalarda duşmanyň pyýada goşun batalýony we atly eskadrony bardy. Netda we Drýadluwka derýalaryndaky köprüler we paýapyllar atly otrýadyň serkerdeleriniň gatnaşmagynda ýumruldy. Indi ol ýerlerden pyýada geçmek mümkinçiligi hem ýok. Gruşka derýasy gaty çuň bolmasa-da, derýanyň kenarlarynda uzak aralygy tutýan batgalyk ondan geçmegi

kynlaşdyrýar. Suwuň emeli ýol bilen çişirilmegi netijesinde ol ýerdäki paýapyllar has-da sandan çykypdyr, duşmanlaryň tikenekli simleri we gazan garymlary bu ýerden geçmek mümkinçiligini aradan aýyrýar. Toparyň Nehlonin obasyna gelmegi bilen, 7-nji Türküstan atyjylyk polkunyň podporuçigi Kostisin bu ýerden geçelge gözläp, hatda derýanyň aňyr tarapyna-da aýlanypdyr. Ol aýyň 29-na öldürildi. Güzere ýetmek üçin örän köp düzedişler gerek boldy. Hataryň baştutany gije batalýona geçelgä tarap süýşmäge we güzeri düzetmäge buýruk berdi. Şeýlelikde, atly otrýadyň öňünde ilkinji mümkinçilik ýüze çykan pursadynda derýadan geçmek we duşmana garşy hereket etmek tabşyryldy. Men bir minuty hem elden gidermezlik maksady bilen ştabyň kapitany bilen Gruşka obasynyň ýanyndaky geçelgä tarap ýola düşdüm. Ol ýere irden sagat 5-de geldik. Gruşka obasyna gelip, men pyýada goşunyň derýanyň geçelgesinden geçişine we onuň atly toparlary geçirmek üçin taýýarlyk işlerine gözegçilik etmäge galdym. Eskadronlar taýýar ýagdaýda Nehlonin obasynda galdy. Meniň ýanymda üç serkerde bölekleri bolup, olar derýadan ilkinjiler bolup geçmelidiler hem-de ol ýerleri öwrenmelidiler. Partladyjy serişdeler bilen taýyn bolan toparlar porutçik sapýor bilen bilelikde hereket etmäge taýyndylar. Olar demir ýoly partlatmalydylar. Men derýanyň geçelgesine hereket başlamanka gelip, söweşiň ahyryna çenli boldum. Goşun bölümleriniň hemmesi Gruşka obasyndan çykanlarynda, meniň üçin örän agyr we şöhratly söweşiň netijelerine syn etmäge mümkinçilik döredi. Bu söweşi aýyň 29-na polkownik Weýliň ýolbaşçylygyndaky çep hatar alyp bardy. Derýanyň geçelgesiniň aňyrsynda tikenekli sim bolandygy üçin, polkownik Weýl derýadan daňdana çenli geçip başlamagy buýruk berdi. Olar ümsümlikde, duşmany gapyllykda basmak üçin güzerden geçip başladylar. Podpolkownik Masterkowyň öňdäki batalýonynyň iki rotasy Gruşko obasyna gelip, jülgäniň bäri ýanyndaky ýoluň ýakasyndaky baýyrlykda garym gazmak işlerine girişdiler. Podporutçikden derýadan geçmäge başlamak barada maglumat alnanda, garym gazan iki rota serkerdesiniň batalýonynyň ýolbaşçylygynda güzere tarap hereket etdiler.

Şol bir wagtyň özünde atyjylyk rotasynyň birinden Gruşko obasyndan maglumat geldi. Onda sapýorlaryň gazylan ýerleri we basgylanan künjekleri ýapandygy aýdylýar. Atyjylar güzere geldiler. Bu ýerde suw dyzyňa çykýardy. Olar derýadan geçip ýaýradylar. Şonda nemesler ot açyp başladylar. Biziň atyjylarymyz «Ura!» sesleri bilen tikenekli simlerden geçip, ştik-naýzalary bilen öňe okduryldylar. Nemesler yza çekildiler, atyjylar olaryň orunlaryny eýelediler we ot açyp başladylar. Garymlar Grothen obasynyň günorta künjünden uzalýandygy sebäpli, atyjylarymyz ony eýeläp, polkuň serkerdesiniň görkezmesi boýunça öz ugurlaryny üýtgetdiler. Olar buýruk boýunça Zwerinese hüjüm etdiler. Haçanda yza çekilip, barýan duşmanlar Zwerinesden ot açyp başlanlarynda, rotalar öz hatarlaryny giňeltdiler we ganatlary iki tarapdan gysdylar. Zwerinesiň günbatar künjegine ýakynlaşan goşun oba kürsäp girdi. Olar deslapky beýikligi eýelediler. Iki rotanyň yzysüre derýadan ýene ikisi geçdi. Jahan ýagtylyp başlady. Şeýlelikde, derýadan atlary geçirmäge synanyşyk edildi. Ýöne olar batga batdylar, olary esgerler çekip almaly boldular. Daň atmazyndan ozal ýoluň günbataryndaky depäniň günortasyndaky orna biziň batareýamyz çykdy we ir sagat 7-de Grothen hem-de Zwerines obalaryna ot açyp başladylar. Polkownik Weýliň hut özi batareýanyň serkerdesine haýsy tarapdaky hüjümi güýçlendirmek barada buýruk berdi we hüjüme geçýän rotalara hem-de derýanyň kenaryndaky orunlaryny pugtalandyrmak üçin galan goşunlara toplary goramak üçin zerur künjekleri eýelemek barada görkezme berdi. Iki werstlik kartadaky kiçijik zolak uly görünmeýär. Ýöne ony berk goramak üçin dört batalýonly polk ýa-da pyýada goşun brigadasy gerek boldy. Grothen obasyndaky jaýlary ýakan batareýanyň goldaw bermeginde biziň rotalarymyz bu oba tarap ýeňil hereket edip başladylar. Göräýmäge ýagdaý biziň üçin has-da gowulanan ýalydy. Ýöne derýanyň geçelgesiniň taýýar däldigi bu ugurdaky aladany ýeňletmedi. Ol atly kawaleriýanyň hem-de tutuş otrýadyň öňde goýlan wezipäni ýerine ýetirmek üçin derýadan geçmegine kynçylyk döretdi. Käbir atlary derýanyň o tarapyna geçirmek has-da kyn boldy.

5-nji Sibir kazak polkunyň 5-nji ýüzlüginiň wahmistriniň atyny batgalykdan çykarmak üçin 25 minutdan gowrak wagt gerek boldy. Zwerinesiň garşysyndaky dürli ösümlikli baýryň üstündäki aňtow nokadynda durup, men Türkmen polkunyň serkerdeleri bilen söweşiň gidişine syn etdim we polkownik Weýliň şöhratly ok atyjylarynyň derýanyň kyn geçelgesinden başarjaňlykly geçişlerine haýran galdym. Atyjylaryň okgunly çozuşlary, derýanyň geçelgesinden geçmek mümkin däl diýip hasaplan nemesleriň aljyraňňylygy biziňkilere üstünlik getirdi. Olaryň köp bolmadyk güýçleri we topçulary yza çekildiler. Duýdansyzlygyň ähli şertleri doly derejede ulanyldy. Sagat 10-larda nemeslere goşmaça güýç gelip gowuşdy. Soldaudan pyýada goşunly iki düzümli otly geldi we bir batalýony şol ýere çekdiler. Polen-Zakraudan duşman üç tarapdan hüjüme geçdi, olaryň ot açmasy barha güýçlendi. 11 sagat 30 minutda olarda dört sany uzaga atýan top peýda boldy. Toplar Lautenburgdan getirilipdir, şeýle hem Soldaudan meýdan batareýasy geldi. Obanyň demirgazyk günbataryndaky 154-nji belentlikde orun tutan agyr toplar Gruşka obasynyň ýakasyndaky goşunlarymyza tarap top oklaryny ýagdyryp başladylar. Ilkinji snarýadlar meniň Türkmen polkunyň serkerdeleri bilen duran syn ediş nokadymyza düşdi. Depäniň ýokarsyndaky syn ediş nokady we silkme telpekli esgerler nemesleriň synlaýjylaryna dessine görnen bolarly. Soňra olar Gruşka obasyna, biziň batareýamyza tarap ot açyp başladylar. Biziňkiler Zwerinesiň demirgazygyndaky tekizlikde ýerleşen duşmanyň ýeňil topçulary bilen gazaply söweşe girişdiler. Duşmanyň toplarynyň ýakynlaşmagy bilen söweşiň ýagdaýy üýtgedi. Duşmanyň artykmaçlygy ýiti duýlup başlandy. Derýanyň geçelgesinden geçmek mümkin bolmady. Duşmanyň toplary yzygiderli atylansoň, derýanyň geçelgesine dürli serişdeleri getirýän esgerler olary goýup, garymlarda gizlenmeli boldular. Duşmanyň ýeňil toplary bilen ýaraglanan goşunlary bilen söweşýän biziň esgerlerimiz sagdan we göni tyla urýan top oklaryna hötde gelip bilmediler. Atly goşunyň birnäçe atlary ýaralandy we öldürildi. Indi derýadan geçmek hakynda däl-de, onuň aňyrsynda, ot astynda galan rotalara kömek etmek

hakynda oýlanmaly boldy. Polkownik Weýl otrýadyň agyr ýagdaýyny nazara alyp, rotalara Zwerinesdäki beýleki rotalara goşulmak barada buýruk berdi. Ot astynda bolsalar-da, olaryň ýagdaýy ganymatdy. Soňra gelip gowşan sibirlileriň üç rotasynyň biri topçularyň çep tarapyna ugradyldy. Ikisi bolsa depäniň raýyşy bilen ýoluň sag tarapyna, jülgäniň çykalgasyna tarap ugradyldy. Duşmanyň hüjümini serpikdiren rotalar Zwerinesden çykyp başladylar we derýadan geçip, batgalyga bardylar. Ol ýerde ädiklerini çykaryp, guşaklygyna çenli suwuň içi bilen beýleki kenara tarap geçip ugradylar. Birnäçe esgerler ýaralananlara kömek etseler, beýlekileri tüpeňleri göterdiler. Pulemýotlaryň aýaklaryny we topuň sandan çykaran iki pulemýotyny çykardylar. Şeýle agyr şertlerde yza çekilýän goşuny we duşmanyň ot açyşyny görüp, men biziň esgerlerimiziň gaýratyna, çydamlylygyna we gaýduwsyzlygyna haýran galdym. Şol bir wagtyň özünde polkownik Weýl bärki kenardan aňyrky kenara yza çekilýän goşunlary goldamak barada buýruk berdi. Olary toplaryň oklary we kapitan Ponkratewiň rotasy goldady. Soňra toplar batareýalardan aýrylyp, ýarym batareýalara geçirildi. Munuň özi arkaýyn ýagdaýda duşmanyň güýçli ot açyşyna seretmezden netijeli boldy. Dört top ok atmagyny dowam etdi. Şeýlelikde, ýeke-ýekeden goldaýan toplar aýryldy. Biline çenli ezilen we palçyga çümen atyjylar öz batalýon serkerdelerini örän aýawly we alada bilen göterip getirdiler. Şeýle üznüksiz ýagýan okuň astynda olaryň suwuň hem-de batgalygyň iderejeden öz serkerdelerini nädip getirenleri akylyňa sygar ýaly däldi. Beýik Biribar ýaralanan gahrymany we onuň gaýduwsyz esgerlerini penalapdyr. Podpolkownik Poplawskiniň yzysüre ştab-kapitany hem getirdiler. Guramaçy hem gaýduwsyz bu ýaş serkerde ilkinji rota bilen derýadan geçip, öňe okdurylypdy. Ol agyr söweşe ýolbaşçylyk edip, ýaraly yzyna öwrüldi. Şeýle-de bolsa ol özüni şadyýan, rahat alyp barýardy. Onuň ýüzünde ýylgyryş emele geldi. Biz dört topy ýerinden üýtgetdik. Alty rota Petrikowy ugry boýunça Gunosinki tarapdan topar bolup, aňyrky kenardan bärik geçdiler we duşman okundan halas boldular. Polkownik Weýl telefon bekedini

aýryp, polkuň ştaby bilen bilelikde Gruşka obasynyň demirgazyk tarapyna, soňra bolsa Nehlonin obasyna geçdi. Soňra yza çekilýän otrýadlary Petrikowy ugrukdyryp hem-de Kençowo obasynda düşledi. Men aýyň 29-yna irden Gruşki obasyndan türkmenleriň iki eskadronynyň birine Nehlonin obasyna gitmek barada buýruk berdim we ol ýerde olaryň derýadan geçmäge taýýar bolmagyny aýtdym. Iki rota aňyrky kenara geçende, men Türkmen polkunyň üç serkerde toparyndan geçelge taýýar boldugy derýadan geçmek üçin esgerler bilen taýyn bolmagyny ündedim. Linskden Dlutowa we Nehlonine gidýän ýol kazak otrýadlary tarapyndan hemişe goralýardy. Hatda söweş mahalynda hem birnäçe toparlary syn etmek üçin zolagyň aňyrsyna ibermeli bolupdy. Sagat 12-de Dlutowa obasyna tarap duşman leşgeriniň gelýändigi barada maglumat alyndy. Şonda iki serkerde bölekleri bu maglumatyň näderejede dürsdügini we hüjüm edýän duşmanlaryň sanyny kesgitlemek, iň esasy bolsa, duşman leşgeriniň yzyndan beýleki goşunyň gelýändigini ýa-da gelmeýändigini bilmek üçin iberildi. Bu aňtawy geçirmek Gruşka obasynyň ýanynda boljak söweşiň netije berjekdigini anyklamak üçin zerurdy. Şol bölekleriň yzysüre türkmenleriň iki eskadrony we sibir ýüzlükleriniň biriniň ýarysy podpolkownik Çernowyň ýolbaşçylygynda iberildi. Olara serkerde böleklerine goldaw bermek we nemesleriň agdyklyk edýän güýji bilen Gruşki obasynyň golaýynda söweşýän polkownik Weýliň goşunyna tarap barýan duşmany saklamak tabşyryldy. Maňa wepaly atly bölümleriň Nehlonine gelmegi maksatsyz ýaly bolup göründi. Çünki aňyrky kenara geçmek barada hatda pikir ederlik hem iş ýokdy. Podpolkownik Çernow Dlutowa obasyna ýakyn gelip, gerek maglumatlary aldy, ýagny bu obadan biziň goşunlarymyzy gysyp çykaran nemesleriň rotasy we eskadrony ýarym sagat mundan ozal Niske obasyna tarap ugrapdyr. Sibir kazaklary olary yzarlap barýardy. Şonda podpolkownik Çernow türkmenleriň dördünji eskadronyna yza çekilýän duşmanyň yzyndan eňmegi buýruk beripdir. Atlaryny ýorgaladyp barýan dördünji eskadron Dlutowa obasyndan geçip, Ninsk obasynyň ýanynda kazak bölümlerine golaýlady. Eskadronyň serkerdesi

duşmanyň obanyň aňyrsyndadygyny aňladýan kazaklaryň yşaratlaryny gördi.

Eskadronyň serkerdesi ştabs-rotmistr Truşkowskiý eskadrony ýaýbaň görnüşde hüjüme galdyrdy. Nemes rotasy eskadrony görüp, yzygiderli ot açyp başlady. Ýöne ol türkmenleriň duşmanyň ýüz ädim golaýyna gelen hüjümini serpikdirip bilmedi. Duşman yzygiderli we güýçli ok atyp başlady, şonda eskadrony yzyna öwürmek we ýakyndaky gurnama geçirmek gerek boldy. Eskadron şol ýerden bölekleýin ýagdaýda Dlutowa obasyna çekildi. Eskadronyň soňky hüjümi şeýle bir okgunly boldy welin, bukuda ýatan duşmanlara has golaýdan atmaga mümkinçilik döredi. Çünki atlylar duşmana elli ädim galanda yza öwrülmeli boldular. Duşmanlaryň tertipsiz ok ýagdyrmagy netijesinde uly bir ýitgi çekilmedi, diňe eskadronyň serkerdesi ştabs-rotmistr Truşkowskiniň aty ýaralandy. Hüjüm döwründe päsgelçilige uçran dört atyň üstünde oturan esgerler ýykyldylar. Olary beýleki esgerler derrew at üstüne aldylar we güýçli ýagýan okuň astyndan aman-sag alyp çykdylar. Ol büdrän atlary hem tutup, yzyna getirdiler. Hüjümiň öňüsyrasynda poruçik Öwezbaýewiň ýolbaşçylygyndaky 1-nji eskadronyň wzwody 4-nji eskadrona goşuldy. Şol wzwod hüjüm mahalynda has-da edermenlik görkezdi.

7-nji Türküstan atyjylyk polkunyň bölümleri Gruşki obasynyň arkasyna çekilenlerinde men Türkmen polkunyň birnäçe serkerdeleri bilen olaryň yzyna düşdüm. Biz howlukman, edil okuw geçýän mysaly yza çekilýärdik. Duşmanyň toplary bolsa birsyhly top okuna tutýardy. Batareýanyň ýanyna gelip, men aňyrda kimiň galandygy barada soradym we türkmenlere kömek gerekmi diýip gyzyklandym. Görüp otursak, hiç bir zat söweş meýdanynda galmandyr. Diňe batareýanyň serkerdesi toplary ugradyp, özi syn ediş nokadynda galypdyr. Top oklary yza çekilýän bölümleriň ýanynda ýarylýardy.

Polkownik Weýl polky Nehlonin obasyndan Konçewo obasyndaky düşelgä geçirdi. Men atly otrýada goşunyň yza çekilýän pursadynda ony goramagy tabşyrdym. Nehloninde 5-nji Sibir kazaklar polkunyň 5-nji ýüzlügi galdyryldy. Serkerde

örän işjeň hem-de guramaçylykly hereket edip, ýaralanan we has gaty ýadaw esgerlere  kömek etdi. Eskadronlar Dlutowa obasynda diňe bir gije galdylar we goşunyň düşelgä geçmegi bilen, olar Nowowesi obasyna tarap süýşdüler. Ir bilen bölümler ýene-de duşman birikmesine golaýlaşdylar. Şeýlelikde, söweşe çenli hem duşmana golaýlaşmak yzygiderli dowam etdi. 30-njy oktýabrda Lautenburg tarapdan goşunyň çep ganatyny goldamak boýunça täze buýrugy ýerine ýetirmäge girişildi. 30-yna Gruşki we Nehlonin obalaryny eýelän polkownik Weýliň otrýady bilen aragatnaşyk doly ýola goýuldy. Türküstan korpusynyň serkerdesinden buýruk alan polkownik Weýl Dlutowa obasyna tarap  pyýada goşuny ugratdy. Olar meniň atly otrýadymyň Lautenberg we Zelma tarapyndan korpusyň çep ganatynyň goragyny ýerine ýetirdiler. Soňra duşman özüniň hüjümini şu ugurdan Nowowesi obasyna hem-de general-maýor Raspopyň otrýadyna tarap geçirdi.

*Polkuň serkerdesi, polkownik Drozdowskiý*

**Iş 5.** «Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň we polkuň adýutanty poruçik Bek Uzarowyň meýdan kitapçalary». 1914-nji ýylyň 8–14-nji oktýabry (37 sahap). 9-njy goşunyň işi.

**Sahap 12.** 2-nji eskadronyň serkerdesine.
1914-nji ýylyň, 8-nji oktýabry, sagat 5.00.

Polkuň serkerdesi rus dilini gowy bilýän üç atly esgeri 1-nji eskadronda çalyşmak üçin ordinares hökmünde korpusyň ştabyna gyssagly ibermegi  buýruk berýär.

*Polkuň adýutanty poruçik Bek Uzarow /goly/*

**Sahap 14.** Alekseý Wiktorowiçe. Ştab-rodmistr Mediniskä. 1914-nji ýylyň, 9-njy oktýabry, agşam sagat 8.00.

Mähriban, Turka!

Hudaýyň haky üçin maňa Orazberdi Aman Geldiýewi çapar hökmünde iber. Ol siziň eskadronyňyza degişli we bu işden oňat baş çykarýar. Ol maňa her gün gündiz sagat 12-ä çenli gerek. Çuňňur minnetdar bolardym.

/Bek Uzarowyň goly/

**Sahap 20.** 4-nji eskadronyň serkerdesine.
1914-nji ýylyň 10-njy oktýabry, sagat 10.00.

Polk Rožana — korpusyň ştabyna tarap ugrar. Size polka goşulmak zerurdyr. Munuň üçin bolsa sizi wagtynda duýdurar ýaly bir atlyny goýuň.

Polkuň adýutanty poruçik /Bek Uzarowyň goly/

**Sahap 22.** 1-nji Türküstan korpusynyň ştabynyň başlygyna.
1914-nji ýylyň 10-njy oktýabry, sagat 7.00, Peržanowodan

Ýoluň arabalar üçin örän agyr bolandygy sebäpli, Peržanowo obasynda polky sakladym. Ertir Prasnyş obasyna irräk barmak maksady bilen, ir sagat 6-da çykýaryn. Görkezmeler üçin iki atlyny iberýärin. Peržanowo obasyndan geçemsoň, ilki bilen gyssagly çapar ugradaryn.

*Türkmen atly polkunyň serkerdesi,*
*polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 23.** 15-nji Kawkaz diwiziýasynyň ikinji brigadasynyň serkerdesine. 1914-nji ýylyň 13-nji oktýabry, gije sagat 2.15, Prasnyş obasyndan.

Goldaw berendigiňiz üçin çuňňur minnetdyrlyk bildirýärin. Eskadron sagat 9-da bolar. Men hem olar bilen bararyn.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 24.** Geçilmeli ýoluň ugurlary:

Prasnyş, Rastkowo, Toki, Pehy, Starowes, Konçinek, Lipa, Şulmerus, Trusiýanka, Regimin, Lekowa we Pnewo. Şulmerusidäki uly düşelge.

**Sahap 27.** 3-nji eskadronyň serkerdesine.
1914-nji ýylyň 13-nji oktýabry, sagat 10.30.

Polkuň serkerdesi iýmit serişdeler bilen üpjün edilen, doly ýükli üç göreldeli atlyny korpusyň ştabyna maglumat ibermek üçin kesgitlemegi buýruk berýär, sebäbi ol atlylar ştabda galdyrylar.

*Polkuň adýutanty poruçik Bek Uzarow.*

**Sahap 35-35 arka ýüzi bilen.** 5-nji Sibir polkunyň ýüzlüginiň serkerdesine.

Size degişli ýüzlükden Stunska tarap gidýän ýoly goramak üçin üç sany meýdan garawulyny we olary goldamak üçin siziň ýüzlügiňizden bir ýa-da iki bölegi goýmagyňyza görkezme berýärin. Türkmenler size gulak asmaýarlar, olar diňe meniň wzwodyň komandirine berýän buýrugym esasynda aňtawa gidýärler. Garawullary goýuň. Hasabat bermek üçin meniň ýanyma gelmeli.

*Öň hatardaky atly otrýadyň serkerdesi*
*polkownik Drozdowskiý.*

**Iş 6.** “Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň we polkuň adýutanty poruçik Bek Uzarowyň meýdan kitapçalary”
1914-nji ýylyň 11–14-nji oktýabry (40 sahap).

**Sahap 3-3 arka ýüzi bilen.**

Buýruk

48 belgili buýruk esasynda maňa degişli polk 5-nji Sibir kazak polky bilen atly korpusy emele getirýär. Ol Türkmen polkunyň dört eskadronynyň we 5-nji Sibir kazak polkunyň üç ýüzlügi bilen

bilelikde Prasnyş obasyna gelmeli, 15-nji kawaleriýa diwiziýasy we Ostralenka-Kadzidlo ulgamynda ýerleşýän bölümler bilen aragatnaşykda bolmak arkaly Koržele-Kuklin frontundaky ýagdaýa gözegçilik etmeli. Munuň üçin 5-nji Sibir polkuna Prasnyşdan geçip, bir ýüzlügi Krasnoselsyda goýmagy tabşyrýaryn we ol ýerden Ostralenka-Kadzidlo ulgamynda ýerleşýän bölümler bilen aragatnaşyga girmegi hem-de Honželde aňtawçylyk geçirmegi buýruk berýärin. Prasnyşdaky goragy Horžele, Lapenta obasynyň ýanyna geçirmegi, ol ýerden hem demirgazyga gözegçilik etmegi tabşyrýaryn. Türkmen atly polky bolsa 15-nji atly dwiziýasy bilen aragatnaşyga girmeli hem-de Kuklina-Grabowo ulgamynda aňtawçylyk geçirmeli.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 4-4 arka ýüzi bilen, 5-5 arka ýüzi bilen.** 15-nji atly diwiziýanyň 2-nji brigadasynyň serkerdesine. 1914-nji ýylyň, 2-nji oktýabry ir sagat 9.45, №1801, Prasnyş obasyndan.

1-nji Türküstan Goşun korpusy boýunça buýruga laýyklykda, meniň düýn 11-nji oktýabrda 5-nji Sibir kazak polkunyň üç ýüzlügi we Türkmen atly polkunyň dört eskadrony bilen Prasnyşa gelendigimi habar berýärin.

12-nji oktýabrda 1-nji Türküstan goşun korpusynyň Sehanowda jemlenýändigini, 15-nji atly diwiziýasyna ýakyn 41-nji Sibir atyjylyk polkunyň bölüminiň ýerleşýändigini, onuň şu gün Prasnyşa geljekdigini habar berýärin. Korpus demirgazykdan biziň goşunlarymyzyň sag ganatynyň hüjümlerini goldar. Korpusyň geljekki mümkin bolan hereketi günorta-günbatar ugur diýlip görkezilýär.

Korpus kawaleriýasyna Horžele-Kuklin frontuna gözegçilik etmek wezipesi ýüklenildi.

Maňa tabşyrylan wezipäni ýerine ýetirmäge girişmezden öň, 15-nji atly diwiziýasynyň bölümlerine gelmek we olar bilen aragatnaşyga girmek bilen baglanyşykly habary ýetirmegi öz borjum hasaplaýaryn. Siziň alyhezretiňiz 15-nji atly diwiziýanyň bölümlerini ýerleşdirmek hakyndaky meseleler babatda bolşy ýaly, 15-nji atly diwiziýanyň gündogaryndaky künjegi hakynda ugur almak baradaky meýillerime garşy bolmarsyňyz diýip umyt edýärin. Şol ýere günortanlar 5-nji Sibir kazak polkunyň ýüzlügi iberildi. Ol Krasnoselsde ýerleşdi.

Meniň serkerdelik edýän atly otrýadymyň ugramak mümkinçiliklerini nazara almak bilen, Horžele-Kuklin frontunda aňtaw geçirmek üçin birnäçe bölümleri ibermek mümkinçiliklerinden mahrum boldum. Mundan başga-da, men siziň alyhezretiňiziň buýrugy bolmasa, bu aňtawy guramagy oňlamaýaryn. Çünki bu frontda 15-nji atly diwiziýanyň bölümleri aňtaw geçirýärler. Hut şonuň üçinem siz haýsy ugur boýunça meniň brigadamyň bölümleriniň gözegçiligini güýçlendirmegimi makul hasaplasaňyz şony ýerine ýetirer. Siziň alyhezretiňiziň tabşyryklaryna garaşýaryn. Türkmen atly polky rus atlylarynyň bölümleri bilen bilelikde ilkinji gezek hereket ederler. Bu olaryň ilkinji söweşjeň wezipesidir.

Düýnden bäri korpusyň serkerdesinden hiç hili görkezme alman we onuň görkezmesine garaşyp, men hut özümiň siziň alyhezretiňiziň ýanyna barmak we brigadanyň gelendigi barada habar bermek hem-de buýruklaryňyza garaşmak mümkinçiliginden mahrum boldum.

*1-nji Türküstan Goşun korpusynyň atlylarynyň serkerdesi,*
*Polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 23.** 5-nji Sibir kazak polkunyň 5-nji ýarym ýüzlüginiň serkerdesine. 1914-nji ýylyň 14-nji oktýabry. Ir sagat 10.15. Konopki obasyndan.

Konopkide meniň bilen aragatnaşygy alyp baryň. Ilki bilen, siziň frontuňyzda kimiň işleýändigini, ol ýerde 3-nji Ural kazak polkunyň bardygyny we düýn, 13-nji oktýabrda Çernise Borowda saklanan 15-nji atly diwiziýanyň (3-nji kazak polky we 15-nji Gusar polky) bardygyny habar beriň. Hmelýowo-Mlawa frontunda söweşýän Türkmen eskadrony bilen bilelikde hereket ediň.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 29.**

Telefonogramma

1-nji Türküstan goşun korpusynyň Ştabynyň başlygyna

1914-nji ýylyň 14-nji oktýabry. Agşam sagat 7.50, Konopki obasyndan.

Türkmen atly polky serkerdesi bilen şu gün 14-nji oktýabrda ir bilen Konopki obasyna geldi.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 33.** 3-nji eskadronyň serkerdesine.

1914-nji ýylyň 15-nji oktýabry. Ir sagat 8.35. Konopki obasyndan.

2-nji eskadronyň Pýaskiý Konopkä gelmegi bilen, 2-nji eskadrona ştandarty bermegi, olaryň özüne bolsa naharlanmaga rugsat etmegi, 4-nji eskadrony çalyşmak üçin Grudusk obasyna ugramagy tabşyrýaryn. Grudusk obasyna gelmek bilen, 4-nji eskadronyň wezipesini öz üstüňe almagy, has takygy, 15-nji atly diwiziýanyň bölümleri bien bilelikde hereket etmek arkaly ony ýerine ýetirmegi tabşyrýaryn. 4-nji eskadronyň serkerdesine buýrukly bukjany tabşyrmagy buýurýaryn. Ol ýere baryp, Konopkidäki polkuň ştabyna aragatnaşyk üçin 4 atlyny iberiň.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 38.**

Telefonogramma

1-nji Türküstan goşun korpusynyň ştabynyň başlygyna.

1914-nji ýylyň, 14-nji oktýabry, gündiz sagat 11.55, Konopkiden.

1-nji Türküstan goşun korpusynyň ştabynyň başlygynyň 1846 belgili kabul eden telefonogrammasyna laýyklykda, häzir korpusyň ştabyna ugraýaryn. Otrýadyň serkerdeligini Türkmen atly polkunyň podpolkownigi Çernowyň üstüne ýükleýärin.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Iş 7.** “Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň, polka ýolbaşçylyk edýän podpolkownik Çernowyň we polkuň adýutanty Bek Uzarowyň meýdan kitapçalary”.

1914-nji ýylyň 15–20-nji oktýabry (45 sahap).

**Sahap 4.**
Telefonogramma
gizlin
polkownik Drozdowskä
1914-nji ýylyň, 15-nji oktýabry, agşam sagat 6.05, №26 Konopkiden

Jenap polkownik
Gündiz sagat 4-de 2-nji eskadron bilen podpolkownik Çernow geldi. 2-nji eskadron Pýaskiý Konopkide saklandy. Stružalkowada hiç kim ýok. Çünki Sibir polkunyň 1-nji we 3-nji ýüzlügi Stužkada. Stružalkowoda nähili tabşyryklary berersiňiz? Bu ganatyň örän açyk görünýänligi bilen baglanyşykly.
Polkuň adýutanty poruçik Bek-Uzarow.

**Sahap 5.** 5-nji Sibir kazak polkunyň 1-nji we 3-nji ýüzlükleriniň serkerdelerine. 1914-nji ýylyň 15-nji oktýabry. Agşam sagat 17.15. № 27 Konopkiden.

Türkmen polkunyň eskadronynyň ikiden bir bölegi ol ýere gelmegi çak edilýän Sibir kazak polkunyň 5-nji ýüzlügini çalyşmak üçin Stružalkowa iberildi. Türkmen eskadronlary bilen aragatnaşygy ýola goýuň.
Öň hatardaky atly otrýadyň wagtlaýyn baştutany podpolkownik Çernow.

**Iş 8. «**Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň, polkuň ýolbaşçysy podpolkownik Çernowyň we polkuň adýutanty poruçik Bek Uzarowyň meýdan kitapçalary» 1914-nji ýylyň 15–21-nji oktýabry (40 sahap).

**Sahap 17.** 1-nji Türküstan Goşun korpusynyň ştabynyň başlygyna. 1914-nji ýylyň, 16-njy oktýabry.

Onuň alyhezretine Türkmenleriň adyndan baýramçylyk mynasybetli iberen gutlagy üçin çuňňur hoşallyk we tüýs ýürekden minnetdarlyk aýtmaga rugsat ediň. Türkmenler serkerdeleriň

ynamyny ödemek we Russiýanyň şöhratly goşunynyň hatarynda hormatly orun eýelemek ugrunda öz güýçlerini we janlaryny gaýgyrmazlar. Olar ilkinji gezek 1-nji Türküstan Goşun korpusynyň düzüminde onuň alyhezretiniň ýolbaşçylygynda söweşerler.

5-nji Sibir kazak polkunyň ýüzlügini Stupskiden Pýaskiý Knopkä geçirmäge ygtyýar ediň.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Iş 9.** «Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň meýdan kitapçasy» 1914-nji ýylyň 20-28-nji oktýabry (48 sahap).

**Sahap 11-11 arka ýüzi bilen.**

Telegramma

1-nji Türküstan Goşun korpusynyň ştabynyň başlygyna. 1914-nji ýylyň 24-nji oktýabry, gündiz sagat 5.15.

Naržim-Polnyş-Zakau frontlarynda atly otrýadyň bölümleri duşman bilen doly çaknyşyga girdiler. Türkmen atly bölümleri nemesleriň üç pyýada rotasynyň we dört topçularynyň yza çekilýändigini synlaýarlar...

Býalitten-Naržim frontlarynda türkmen atly polkunyň iki eskadronynyň bölümleri söweşýärler. Olardan maglumatlara garaşýaryn. Şunlukda, atly otrýadyň agşamlyk düşelgede ýerleşiş düzüminiň çyzgysyny düzýärin.

**Sahap 13.**

Telegramma

Mlawadan Pawlowo obasyna

1-nji Türküstan goşun korpusynyň ştabynyň başlygyna

1914-nji ýylyň 25-nji oktýabry, ir sagat 6.00.

Geçen gijäniň dowamynda duşmanlaryň ýerleşýän ýerinde hiç hili üýtgeşiklik bolmady. Naýdenburg, Zoldau frontlarynda aňtaw işini dowam edýärin. 4-nji Don diwiziýasy we 6-njy atly goşun bilen aragatnaşygy alyp barýaryn.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Iş 10.** “Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň we polkuň adýutanty poruçik Bek Uzarowyň meýdan kitapçasy”. 1914-nji ýylyň 21–24-nji oktýabry (41 sahap).

**Sahap 11-11 arka ýüzi bilen.**

Telegramma

1-nji Türküstan goşun korpusynyň ştabynyň baştutanyna

1914-nji ýylyň 21-nji oktýabry, ir sagat 6.10. Çernise Borowo obasyndan.

Duşman tarapynda uly özgerişlikler bolmady. Birnäçe ýaşaýjylaryň aýtmagyna görä, nemesler Mlawany goýup gidýärler. Ýöne muny anyk hasaplamaýaryn, şeýle-de bolsa habar berýärin. Grudskä telegraf arkaly tabşyryk ibermegiňizi soraýaryn.

Meniň polkumda gylyçlylaryň sany 627 bolup, 4 eskadron, ştab-serkerdeleriň 2-si, ober-serkerdeleriň 15-si bar.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 35.**

Telegramma

Türkmen atly polkunyň 2-nji eskadronynyň serkerdesine

1914-nji ýylyň 23-nji oktýabry. Dombrowo obasyndan Gruduskä.

Hataryň sag ganatynda general Moržiskiniň goşuny hereket edýär. Rotmistr Grigorýewe 6-njy Türküstan polkunyň sag ganatynda Don kazak diwiziýasy bilen aragatnaşykda hereket etmäge buýruk beriň.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Iş 12.** “Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň we polkuň adýutanty Bek Uzarowyň meýdan kitapçasy” 1914-nji ýylyň 3–18-nji noýabry.

**Sahap 1-1 arka ýüzi bilen.** 26-njy kazak polkunyň serkerdesine
1914-nji ýylyň, 4-nji noýabry.

Ertir 5-nji noýabrda polky jemläp, Kremni, Kençewo, Nowowes ýoluna çykmagy we demir ýoly almaga, Gruşka, Kuçbor obalaryndaky fronta aňtaw etmäge taýýarlyk görýän Türkmen atly polkunyň eskadronlarynyň gitmegi bilen, şu ugur boýunça Zalsk, Dlutowo, Neske we Hoýnowo, Gossişki, Bagenis-Straşewo, Zelýun ugurlaryna geçmegi tabşyrýaryn. Ertir duşman bilen çaknyşyga girip, 3-nji noýabra Zelýundan Nehlonine we Nowowese hüjüm eden otrýadyň nirä gidenini anyklamaly.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Iş 18.** «4-nji eskadronyň serkerdesi ştab-rotmistr Truşkowskiniň meýdan kitapçasy», 1915-nji ýylyň 14-nji marty (28 sahap).

**Sahap 1-1 arka ýüzi bilen.**
Türkmen atly polkunyň wagtlaýyn serkerdesine
1914-ji ýylyň 5-nji dekabry, gündiz sagat 2.45.
№22. Pawlowise obasyndan.

Şu gün korpusyň ştabynyň yzysüre, eskadron bilen Pawlowise geçdim. General Rihteriň 16-njy pyýada diwiziýasy we general Melýantyň goşunlary bilen aragatnaşygy saklaýaryn. Polka goşulmak hakyndaky buýrugy almadym. Gyssagly çapar ibermekden başga-da, eskadron aňtaw gullugyny alyp barýar. Bukulmaly ýerler we garawullaryň durmaly orunlary anyklanýar. Adamlaryň hemmesi diýen ýaly gaty ýadady.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý.*

**Sahap 2.** 4-nji pyýada diwiziýanyň ştabyna
1914-nji ýylyň 6-njy dekabry.
№23, Pawlowise obasyndan.

Korpusyň ştabynyň başlygy gyssagly poçtanyň ähli nokatlaryny

aýyrmagy we maňa degişli eskadrony polka birikdirmegi buýruk berdi. Şu nukdaýnazardan diwiziýanyň ştabynda ýerleşýän nokadyň Pawlowise obasyndaky eskadrona goşulmagyna ygtyýar bermegiňizi soraýaryn.

*Türkmen atly polkunyň 4-nji eskadronynyň*
*Ştab-rotmistri Truşkowskiý.*

**Sahap. 7. Praporşik Raýewskä.**
1914-nji ýylyň 19-njy dekabry, ir sagat 10.00.
№27, Plohosing obasyndan.

Warşawa ugramak bilen, size meniň ýok wagtymda eskadrona wagtlaýyn serkerdelik etmegi we eskadronyň tertip-düzgünini berk gözegçilikde saklamagy teklip edýärin.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý.*

**Sahap 13.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine.
1915-nji ýylyň 26-njy ýanwary, ir sagat 8.00.
№32, Radaus şäherinden.

Gije parahat geçdi. Solko obasy tarapyndan duşmanlaryň hereketi ýüze çykarylmady. Öňde yzygiderli garawullary goýmak bilen oba barýan ýoly barlaýaryn.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý.*

**Sahap 17-17 arka ýüzi bilen.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine, 1915-nji ýylyň 14-nji fewraly, ir sagat 10.15.
№36, Toporusdan.

Toporus obasy duşmanlardan azat. Toporusyň bäri ýanyndan çepe göni Sadagora tarapa ýol gidýär. Bu ýoluň kartada ýok bolmagy we onuň toplary äkitmek üçin ýaramly bolmagy mümkin. Ýerli ýaşaýjylaryň aýtmagyna görä, hut şu ýoldan günortanlar Toporusa Awstriýa atlylarynyň 40-a golaýy gelipdir we şol ýoldan öýlän sagat 4–5-lerde yzlaryna geçipdirler.

Şu ýolda syn ediş nokadyny goýmak bilen, eger mümkin bolsa bu ugry has-da güýçlendirmegi üpjün etmegi soraýaryn.

Bu ýol ýerli ýaşaýjylaryň aýtmagyna görä, Stuzankanyň üstünden geçmän, Sadagora çenli tekiz gidýär. Çernawka tarap hereket edýärin.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý.*

**Sahap 21-21 arka ýüzi bilen.** 18-nji Don kazak batareýasynyň serkerdesine,

1915-nji ýylyň 4-nji marty, ir sagat 10.45. 40 belgili. Kuçurmik obasyndan.

Polkownik Drozdowskiniň otrýady Zastawna obasyna hüjümi alyp barýar. Ol obany düýn duşmanlaryň iki rotasy eýeledi.

Guçurmik obasynda siz bilen aragatnaşyk üçin nokady goýdum. Siziň kazaklaryňyz meniň adamlarym bilen bilelikde. Men eskadronyň sag ganatyndaky otrýad bilen Zastawna tarap hereket edýärin.

*Türkmen atly polkunyň 4-nji eskadronynyň serkerdesi*
*Ştab-rotmistr Truşkowskiý.*

**Sahap 25.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine.

1915-nji ýylyň 5-nji marty.

№42, Zastawna obasyndan.

Werençonko obasynyň ýanynda meniň eskadronymyň bölüminiň hatarynda atly Allanur Öweznyýazow ýaralandy we onuň aty öldi. Duşmanyň güýçli okunyň astynda ýaralanany almak başartmady. Ady tutulan atly — Merw uýezdiniň Garaýap obasyndan, dul.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý.*

**Iş 19.** «4-nji eskadronyň 1-nji wzwodynyň serkerdesi poruçik Öwezbaýewiň we 3-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Grigorýewiň meýdan kitapçalary».

1914-nji ýylyň 15-nji oktýabry—7-nji dekabry (29 sahap).

**Sahap. 9.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine.
1914-nji ýylyň, 15-nji oktýabry ir sagat 8.35.
№1, Stupskiden.

Geçen gijäniň dowamynda hiç hili waka bolmady. 42-nji Sibir polkunyň pyýada rotasy Stružalkowa obasyndan geldi.

*Poruçik Öwezbaýew.*

**Sahap 10.** 19-njy Don kazak polkunyň ýüzbaşysy Çerkezowa.
1914-nji ýylyň 25-nji oktýabry.

Dil haty
Men türkmen atly polkunyň eskadronynyň ikiden bir bölegi üçin ady getirilen serkerdeden bir göle aldym.

*Poruçik Öwezbaýew.*

**Sahap 14.** Polkownik Drozdowskä,
1914-nji ýylyň 30-njy oktýabry, sagat 6.45.

Polkownik Weýl kazaklaryň ýüzlügininiň ikiden bir bölegini Nowosesden geçip, Krokaua barýan batareýany goramak üçin bellenmegini soraýar.

*Poruçik Öwezbaýew*

**Sahap 23.** 55-nji Sibir atyjylyk polkunyň serkerdesine.
1914-nji ýylyň 14-nji noýabry, sagat 12.30.

7-nji Türküstan atyjylyk polkunyň serkerdesi onuň polkunyň brigadanyň ştabynyň buýrugyna laýyklykda, Stelizowodan Dublis-Duže tarap gidendigini Size habar bermegi buýurdy.

*Türkmen atly polkunyň poruçigi Öwezbaýew.*

**Sahap. 29.** Ştab-rotmistr Medinskä
1914-nji ýylyň 2-nji dekabry, sagat 9.00.
№15, Ýamnodan.

Brigadanyň baştutanyna biziň ozalky düşelgämiz bolan Ýamnonyň 7-nji atly diwiziýanyň öňdäki saklanyş punkty tarapyndan eýelenendigini habar berýärin. Olarda o ýerde saklanmak baradaky hat üsti buýruk ýok. Men öňki düşelgämde galýaryn.

*Rotmistr Grigorýew.*

**Sahap. 36.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine.
1914-nji ýylyň 18-nji noýabry.
№22, Ýamnodan.

Türkmen atly polkunyň aragatnaşyk toparynyň esgeri Çikowany Platon duşmanyň hüjümi wagtynda awçy hökmünde duşmanyň ýerleşýän ýerine aralaşdy we maňa olaryň pyýada goşunynyň has golaý gelendigini we arabalary gorap alyp çykmagyň mümkin däldigini, şeýle hem ýük daşalýan wagty başagaý bolan duşman bölüminden bir eskadronyň öňe çykandygyny habar berdi. Şeýlelikde, Çikowany duşmanlaryň pyýada goşunlarynyň, topçularynyň ýerleşen ýerini we öňdäki goşunyň sanyny anyk habar berdi.

*Toparyň başlygy poruçik Öwezbaýew.*

**Iş 20.** «Bölümiň başlygy praporşik Uhtomskiniň we 3-nji eskadronyň serkedesi rotmistr Grigorýewiň meýdan kitapçalary»
1914-nji ýylyň 14-nji oktýabry–20-nji noýabry (36 sahap).

**Sahap 22.** Aragatnaşygyň başlygyna.
1914-nji ýylyň 2-nji noýabry, sagat 9.00.
№5 Safronkenden.

Häzirki döwürde ýagdaýyň näderejedigini we nähili teklipleriň bardygyny habar bermegiňizi soraýaryn.
Praporşik Kn. Uhtomskiý (öňdäki aňtaw otrýady).

**Iş 22.** «Polkuň ştabynyň gyssagly buýruklary we tabşyryklary;
bölüm serkerdeleriniň polkuň ştabyna maglumatlary;
32-nji Goşun korpusynyň bölümleriniň serkerdeleriniň

serkerde Sankowskä otrýadyň ýerli söweş hereketleri, aňtaw işleri, goşunyň hereketi baradaky maglumatlary».

1915-nji ýylyň 20-nji ýanwary—30-njy marty (477 sahap).

**Sahap 5.** Telegramma

Türkmen polkunyň serkerdesine.

Otrýadyň baştutany Glyboka obasyna güýçli bölümi ibermegi buýruk berdi. Çünki aragatnaşykçylar Glybokanyň ýanynda duşmanlaryň 40-a golaý adamdan ybarat bölüminiň görnendigini habar berdiler.

Atly çapary telefon bekediniň ýanynda saklamaly.

*Kapitan Musiýenko.*

**Sahap 7.** Telegramma

Polkownik Drozdowskä

Gyzylýar-Grebenskiý kazak polkunyň adýutanty Strožens-den şu zatlary habar berdi: häzirki döwürde Strožensiň ýanynda söweş gidýär we ýesir düşenleriň görkezmelerine görä, duşmanlar olaryň garşysyna toply pyýada polkuny herekete girizipdir, duşman biziň garşymyza bolsa bir batalýon bilen 2-3 pyýada rotasyny gönükdirdi.

*Poruçik Bek Uzarow*

**Sahap 9-9 arka ýüzi bilen.** Telegramma

Jenap polkownik, ştab-rotmistr Ergardt haçan çalşyryl-jakdygyny soraýar; eger şu gün bolsa, Glyboka obasyna 2-nji eskadrona iýmit, çörek ibermek we arabany ugratmak zerurmy?

*Poruçik Bek Uzarow.*

Ştab-rotmistr Ergardt şu günem, ertirem çalşylmaz.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 14-14 arka ýüzi bilen.**

Telegramma

Jenap polkownik!

Ştab-rotmistr Ergardt duşmanyň zor salan pursadynda nirä yza çekilmelidigini we haýsy ýol bilen gitmelidigini soraýar. Duşmanyň hüjümi häzirlikçe saklandy. Olaryň hereketiniň ugruny kesgitlemek üçin bölüm ugradyldy.

*Poruçik Bek Uzarow*

Glyboka obasyna

Ştab-rotmistr Ergardta

Berlines obasyndan aňtaw we Kamenkadan Glyboka obasyna hüjüm edýän goşuna garşy hereket etmek üçin bir ýarym rota urşujy iberildi. Öz bölümiňiz bilen ony garşylamaga çykyň. Bilelikde hereket ediň. Duşmanyň hüjümi artykmaç bolan ýagdaýynda gyssagly habar beriň we ýuwaş-ýuwaş yza çekiliň, şol bir wagtyň özünde nirede mümkin bolsa duşmany saklamaga çalşyň. Dymkanyň üsti bilen Tereşnä telefony gyssagly ýola goýuň.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 30.** Çernowsi

71-nji pyýada diwiziýanyň ştabynyň başlygy kapitan Musiýenka

Bir sagat mundan ozal, polk Radausa şäheri tarapdan duşmanlaryň bir ýarym rotasynyň pyýada goşunynyň güýji bilen gysyldy. Polk Seredskiý ýoluna tarap yza çekildi we şol ýerde duşmany saklar.

*Polkownik Drozdowskiý.*

Ir sagat 4.35, 28.01.15 ýyl. Gadikfanfa obasy.

**Sahap 46.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine.

1915-nji ýylyň 29-njy ýanwary, sagat 3.00, Çernowsiden.

Adýutantyň buýrugy boýunça 28-nji ýanwarda men arabaly Tereşeni obasyndan geçdim we gije düşelgede ýerleşdim. Ýöne gündiz sagat 3-de 1-nji eskadronyň atlysy Baýramaly Nepesowyň üsti bilen, Çernowsi şäherine geçmek baradaky ikinji buýrugy aldym we ony ýerine ýetirdim.

Polka barýan nyzam kanselýariýasy hem ýüki bilen Çernowsa

geldi. Ýokarda aýdylanlaryň üstüni ýetirýärin we geljekki buýruga garaşýaryn. Şeýle hem bir guty kakao iberýärin.

*2-nji eskadronyň ýunkeri Daňatar Artykow.*

**Sahap 71.** Polkownik Drozdowskä
1915-nji ýylyň 26-njy ýanwary, gündiz sagat 12.45.
№698, Fidausdan.

Otrýadyň başlygy korpusyň serkerdesiniň size duşman bilen çaknyşyga çenli barmagy baradaky buýrugy aýtmagy tabşyrdy we Çernowsydaky otrýadyň baştutanyna şu gün agşam sagat 7-ä çenli duşman baradaky maglumatlary ýetirmegi aýtdy.

*Ştabs-kapitan Ýanson*
1915-nji ýylyň 26-njy ýanwary.

**Sahap 74.** Polkownik Drozdowskä

Korpusyň serkerdesi taby gaçan duşmana garşy işjeň hereket edip, olaryň bölümlerine tarap hüjüme geçmegi berk talap edýär we duşmana zarba urmagy tabşyrýar. Duşmanyň size garşy jemlenen güýjüniň hasabyny aýdyň we hüjümiň depginini ýokarlandyrmak üçin näme kömek etmelidigini habar beriň. Şeýle hem haýsy tarapdan hüjüm edilse, siz üçin-ä bähbitli, duşman üçinem howply boljak. Öz pikiriňizi serkerdäni çagyryp, telefon arkaly habar beriň.

*General Lawrentew*
1915-nji ýylyň 31-nji ýanwary, gündiz sagat 4.50.

**Sahap 86.** Telegramma

1915-nji ýylyň 10-njy ýanwary, ir sagat 9.00, şäheriň komendantyna

Türkmen atly polkunyň şähere baranyny ýa barmanyny habar beriň we eger gelen bolsa, onda polkuň serkerdesine otrýadyň baştutanynyň güýçli depginde Kimpolung şäherine ýöremelidigi baradaky buýrugyny gowşuryň.

*Kapitan Musiýenko.*

**Sahap 111-111 arky ýüzi bilen.** Telegramma

Polkownik Drozdowskä

Greben polkuna gyssagly Zaleşiki obasyna gitmegi, korpusyň serkerdesi Tersk diwiziýasyna Nižniýewde goşulmagy buýurýar. Siziň polkuňyza bolsa üç eskadron we ştaby bilen duşmana gözegçilik etmek hem-de Sadaguryda, Budyda we Çernowside aňtaýyş geçirmek üçin Raraça obasynda syn ediş nokadyny döretmek üçin Greben polkunda ýerleşmegi tabşyrýar. Bir eskadrony Çernýabka we Zaleşike obalaryna gözegçilik etmek üçin Toporowside goýuň. Çünki häzirki döwürde Zaleşikde ýerleşen duşman Tersewe tarap yza çekilende, Nowoselisä ugrukmagy mümkin. Buýrugyň ýerine ýetirilişi barada habar beriň. Gitmeli wagtyny polkownik Sehinden anyklaň.

*General Lawrentýew*

**Sahap 139.** Türkmen polkunyň serkerdesine.
1915-nji ýylyň 18-nji fewraly, sagat 10.40.

Men Sadagoranyň günbatar tarapyndan duşmanyň eskadronynyň Şerewidsa barýanyny gördüm.

*Bölümiň baştutany*
*Wahmistr Allaberdi Artykow*

**Sahap 140.** Türkmen atly polkunyň serkedesine.
1915-nji ýylyň 18-nji fewraly, gije sagat 1.00.

Siziň alyhezretiňiz, Sadagurskide hiç hili duşman görnenok. Men obanyň gyrasynda durdum.

*Bölümiň baştutany, baş unter-serkerde*
*Çerkez Annaberdiýew.*

**Sahap 141.** Türkmen polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 18-nji fewraly, sagat 3.00, Moşkodan.

Sagat 10.11-de günbatar ugurdan gelýän ýarym eskadron barada birinji belgili habary iberipdik. Olar ýene-de Çernawka köprüsiniň üsti bilen yzyna dolandylar. Biz olara tarap ot açdyk we birnäçe tüpeňden ok ýagdyrdyk. Birini öldürdik. Ikisini ýaraladyk, iki aty urduk.

*Postuň baştutany wahmistr Allaberdi Artykow.*

**Sahap 150.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 11-nji fewraly, gündiz sagat 1.00.
№35-nji, Çernawki obasynyň golaýy.

Çernawki obasyna tarap we ondan aňryk Sadagora çenli duşman ýok. Çernawki obasynyň ýakynyndaky 289-njy belentlikden syn edýärin. Bu ýerden Sadagora gidýän ýoluň köp bölegi hem-de daş-töwerek gowy görünýär.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 173.**
Telegramma
1915-nji ýylyň 24-nji fewraly, agşam sagat 9.20.
Polkownik Drozdowskä

Ýagdaý öňki ýaly. Siz häzirlikçe Çernawkide galyň we aňtaýýş geçiriň. Ertir, 25-nji fewralda general Kitçenkodan buýruk alarsyňyz. Biz ertir, 25-nji fewralda gidýäris. Size üstünlik arzuw edýärin. Janyňyz sag bolsun.

*Kapitan Musiýenko.*

**Sahap 176.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 23-nji fewraly. Rarançe obasyndan.

Taşlanan atlaryň yzyndan iberilen kiçi unter-serkerde Mawy Myradow: Seýitberdi Gajarowyň atynyň tapylmandygyny, ýöne arabanyň ýanyna gelende, oňa weterinar lukmany bedewi polkuň ýarag ussasynyň ýygnandygyny we onuň yzyndan weterinar feldşeriň iberilýändigini aýdandygyny habar berýär.

Kiçi unter-serkerde Mawy Myradowyň öz aty bolsa Nowoselisi obasynyň ýanynda taşlanan saraýyň golaýyndan tapylypdyr. At doňuzlar tarapyndan ýaralanypdyr. Onuň gurbaty gaçyp ölüpdir.

*Rotmistr Oraz Berdi.*

**Sahap 202.** Polkownik Drozdowskä
18-nji Don kazak batareýasynyň serkerdesinden.
1915-nji ýylyň 4-nji marty, agşam sagat 7.05.
№15. Walawadan.

Sizi uly üstünlik bilen gutlamaga hem-de özara goldaw berendigiňiz üçin minnetdarlyk bildirmäge rugsat ediň.

*Goşun starşinasy* /goly/

**Sahap. 273.** Nowoselis otrýadynyň baştutanyna.
(Nowoselisdäki korpusyň ştaby).
1915-nji ýylyň 18-nji marty. №16. Ringaç obasy.

Häzirki döwürde otrýadyň ýagdaýy şeýleräk: polkownik Drozdowskiý düýn agşam družinanyň dört rotasy we türkmenleriň bir eskadrony bilen Kalinkousy obasyny eýeledi. 18-nji marta geçilýän gijede sagat 12-de polkownik öz topary bilen, has takygy, 6 rota, iki pulemýot bilen Kalinkousyny eýeländigini habar berýär. Ol ýerde Drozdowskiniň goşunynyň toparlary, şeýle hem 7-nji Don kazak polky bar eken.

*Rakitinskiý otrýadynyň naçalnigi general-maýor*
*Konstantinowyň goly bilen tassyklanan.*

**Sahap 281.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 15-nji marty.

(bu ýerde gürrüň ýunker Gurban Gulnyýazowyň serkerdeligindäki bölümiň duşman okuna gabat gelendigi, aňtawjy toparyň atlarynyň ýykylandygy we ýunkeriň olara kömege topulandygy, ýöne ýaralanandygy hem-de atynyň ölendigi barada barýar. Şonda olara Mollanyýazow hem-de ... kömege

barýarlar ýöne maglumat ýok. Kagyzyň ýokarsynda polkownik Drozdowskiniň “atlyny ýunkerlige hödürleýärin” diýen ýazgysy bar. Ýöne onuň kimi ýunkerlige hödürländigi belli däl, çünki sahap ýyrtylypdyr, ýöne, megerem, ol Mollanyýazowy hödürländir – O.G.).

**Sahap 404.** Türkmen polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 8-nji marty.
№61, Çernawka obasyndan.

Atly Gurban Garajaýewiň bedewi bir hepde mundan ozal syrkawlapdyr we onuň düýn, 7-nji martda ýykylandygyny habar berýärin.

*3-nji eskadronyň serkerdebaşysy,*
*ştab-rotmistr Medinskiý.*

**Sahap. 455.** 649-njy družinanyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 30-njy marty, gündiz sagat 1.20.
№453. Sankausdan.

Maňa häziriň özünde sizde sapýorlaryň işleýärmi we garymlary hem-de simli germewleri gutarmak üçin näme etmelidigini habar beriň. Bu buýrugy öz maglumatyňyz bilen yzyna ugradyň.

*Polkownik Drozdowskiý.*

**Sahap 148-148 arka ýüzi bilen.** Otrýadyň baştutany
General-maýor Konstantinowa
1915-nji ýylyň 16-njy marty. №49.

Duşman tarapdan hiç hili hereket ýok. Diňe on atlysy bolan bir bölüm Rarançadan Rakitno tarap barýan ýoldan hereket edýär. Ol bölüm gysylyp çykaryldy.

Kalinkowsynyň ýaşaýjysy soňky iki günüň dowamynda (14-i we 15-i) obanyň üsti bilen Grozinsy we Malinsy obalaryna tarap köp sanly pyýada goşunyň hem-de atly goşunyň geçendigini habar berýär. Şol goşun bölekleriniň bir topary yzyna Toporsa tarap gaýdyp geldi. Bu habar meniň 14-nji martda duşmanyň

Kalinkowsa bolan hereketine eden gözegçiligime we poruçik Öwezbaýewiň duşmanyň iki rotasynyň hem-de iki eskadronynyň yzyna geçendigi baradaky maglumatyna gabat gelýär.

Rarançi tarapdan dört hatar bolup batalýon möçberdäki duşman bölümleri göründi. Olar öňe Rakinto tarap hereket edýärler. Olaryň hüjüm etmek meýliniň bardygy duýulýar.

*Gözegçiligi dowam edýärin,*
*ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 460-461 arka ýüzi bilen.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine

1915-nj ýylyň 20-nji marty, ir sagat 9.25.

№100, Kalinkausyň günorta-günbataryndaky tokaýlykdan.

Bu ýerde geçelgäniň bardygyny, ýöne onuň örän ýaramazdygyny habar berýärin. Ir sagat 7-de Kalinkaus tarapdan seýrek atyşyklar eşidildi. Sagat 9.20-de duşman Kalinkausa tarap ot açdy.

Sag tarapdaky gözegçi atly G.Mahsudow ýunkeriň kyn ýagdaýa düşendigini duýup, oňa tarap at çapdy we daş üýşmeklerinden geçip, ýunkere öz atyny berdi, özi bolsa Mollanyýazow bilen pyýada yza süýşmegini dowam etdi. Olary duşmanyň 18 pyýada goşun esgeri we 6 atlysy yzarladylar. Duşmanlar türkmenlere ýesir düşmegi teklip etdiler. Ýunker we türkmen atlylar bu teklibe ot açmak bilen jogap berdiler. Şol güni ýunker aýak üstünde geçirdi we ýaralanandygyna garamazdan, biz bilen aňtaýşa gitdi. Ýunker Gurban Gulnyýazowy, esgerler Mollanyýazowy hem-de Mahsudowy Georgiý hajy bilen sylaglamagy soraýaryn.

*Rotmistr Orazberdi.*

**Iş 17.** «4-nji eskadronyň serkerdesi ştab-rotmistr Truşkowkiniň we 1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdiniň meýdan kitapçasy» (1914-nji ýylyň 14-nji oktýabry–14-nji dekabry, 29 sahap).

**Sahap 17-17 arka ýüzi bilen.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine

1914-nji ýylyň 30-njy oktýabry.

№14 belgili. Nowowes obasyndan.

Düýn, 29-njy oktýabrda, gündiz sagat 1-lerde, meniň ýolbaşçylyk edýän eskadronym we ýene iki eskadron Nehlonin obasyndakak siziň iki eskadron bolup, Dlutowa obasyna hüjüme geçmek, ol ýerden duşmany gysyp çykarmak ýa-da onuň hereketini togtatmak baradaky buýrugyňyzy aldyk.

Podpolkownik Çernowyň umumy ýolbaşçylygynda 2-nji we 4-nji eskadronlar Dlutowa obasyna ýöriş etdiler we ony söweşsiz eýelediler. Ýerli ilatyň aýtmagyna görä, duşmanlar Dlutowadan biziň eskadronlarymyzyň gelmeginiň ýarym ýa-da bir sagat öňünden çykypdyrlar. Biz ýaňy bir Dlutowany eýelänimizde, podpolkownik Çernow meniň eskadronyma 5-nji Sibir kazak polkunyň 6-njy ýüzlüginiň 20 töweregi kazaklarynyň yzyndan gitmegi we duşmany yzarlamagy tabşyrdy. Dlutowadan çykan eskadronyň atlylary atlaryny ýorgaladyp Nisk obasyna gidýän ýola düşdüler. Kazaklaryň duşmanyň obanyň eteginde bardygy hakyndaky alamatlaryna düşünip, men eskadrony ýaýbaňlandyrdym we hüjüme geçdim. Şol wagt duşman ot açyp başlady. Kazaklar saga we çepe bölündiler. Eskadron bolsa dynuwsyz ýagýan duşman okunyň astynda hüjümini dowam etdirdi we duşmanyň alkymynda beýik daşdan edilen haýata gabat geldi. Biz güýçli ot astynda hüjümi sakladyk we sagdaky buky ýere tarap geçdik, soňra bölek-bölek bolup, Dlutowa tarap yza çekildik.

Adamlar hüjüme gaýduwsyzlyk bilen topuldylar, olaryň gaýduwsyzlygy barada habar bermegi özüm üçin hormat hasaplaýaryn. Eskadronyň 4 atlysy päsgelçilige gabat gelip, atdan ýykyldy, atlar badyny saklap bilmän öňe çapyp gitdiler, şeýle-de bolsa olary saklamak başartdy. Atdan ýykylan esgerler bolsa duşman okunyň astyndan çykaryldy hem-de olar şu aşakdaky kiçi derejeleri bolan eskadrona ugradyldy:

**Sahap 18.** 1) wahmistr Alladurdy Abdyllaýew, atly Şamyrat

Ýegräýew hem-de ot astynda atyň tutulan ýerinde bolan unter-serkerde Nurmuhammet Begenjäýew;

2) uly unter-serkerde Babahan Meňlihanow, atly Welmyrat Gurdow

3) ýefreýtor Bäşim Gurdow, unter-serkerde Nurmuhammet Begenjow

4) atly Baýgeldi Köstekow, onuň wzwod unter-serkerdesi Hajybaýram Sähedow.

Atlary agzalan dört derejedäki adamy, öz garamagyňyza görä, sylaglamagy haýyş edýärin. Dlutowadan öň, 4-nji eskadrona poruçik Öwezbaýew 1-nji eskadronyň wzwody bilen goşuldy hem-de hüjüme gatnaşmak bilen kiçi serkerdesiz galan 4-nji eskadrona goldaw berdi we edermenligiň nusgasyny görkezdi. 1-nji eskadronyň unter-serkerdesi Mawy-Myrat 4-nji eskadronyň uly unter-serkerdesi Babahan Meňlihanowa ata münmäge we oňa oduň astyndan çykmaga kömek etdi.

Eskadronda ýitgileriň bolmazlygyny bagtly tötänlik diýip atlandyrmak bolar, diňe meniň atym çala ýaralandy.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 22-22 arka ýüzi bilen.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine

1914-nji ýylyň 5-nji noýabry.

№ 15 Mlawa şäherinden

Meniň 14-nji oktýabrdaky 1-nji belgili 30-njy oktýabrdaky 14-nji belgili maglumatnamalaryma goşmaça, 13-nji we 29-njy oktýabrda görkezen edermenlikleri üçin maňa ynanylan eskadronyň aşakda ady agzalan harbylaryny:

Uly unter-serkerde Babahan Meňlihanowo – Georgiý hajy;

Wahmistr Alladurdy Abdyllaýewi – Georgiý medaly bilen sylaglamagy;

Ýefreýtorlar Nyýazgylyç Begenjowy we Bäşim Gurdowy unter-serkerdelige geçirmegi we atly Baýgeldi Köstekowy ýefreýtorlyga geçirmegi haýyş edýärin.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 24.** 2-nji Türküstan brigadasynyň ştabynyň başlygyna
1914-nji ýylyň 14-nji noýabry,
№ 17 Karşnise obasy.

Polkuň serkerdesiniň buýrugy bilen iki atly: 2-nji Türküstan brigadasyna gulluk etmäge ugradylan Söýün Esenow we Gurbangeldi Meňliýew ýollanylýar.

Türkmen atly polkunyň 4-nji eskadronynyň serkerdesi
*Ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 26.** 5-nji Türküstan atyjylyk polkunyň serkerdesine
1914-nji ýylyň 19-njy noýabry, irden 10.40.
№ 19 Ýamno obasy.

Türkmen atly polkunyň serkerdesiniň buýrugy bilen size ynanylan polkuň ýanynda gulluk etmek üçin 14-nji noýabrda iberilen Söýün Esenowy we Gurbangeldi Meňliýewi atlylar polkuna yzyna ugratmagy haýyş edýärin.

Türkmen atly polkunyň 4-nji eskadronynyň serkerdesi
*Ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 27.** 5-nji Türküstan atyjylyk polkunyň serkerdesine
1914-nji ýylyň 19-njy noýabry

Polkuň serkerdesiniň buýrugy bilen atly Çary Annamuhammedow size ynanylan polkuň ýanynda gulluk etmek üçin ugradylýar.

Türkmen atly polkunyň
1-nji eskadronynyň serkerdesi
*rotmistr Orazberdi*

**Sahap 29.** Uly inter-serkerdesi Babahan Meňlihanowa, Onuň Alyhezreti Graf Rostowsewe 1914-nji ýylyň 21-nji dekabry, irden sagat 1.
№21 Neboraw obasyndan

Şu haty alan badyňa Kremna obasyndan haýal etmän çykyp, Neborowa alyp barýan ýol bilen ýöremeli, göçme poçtanyň ähli nokatlaryny aýyrmaly we olary eskadrona ibermeli, özüň bolsa öz bölümiň bilen Bobrowniki obasynda saklanarsyň, ol ýerde gen.Rihteri tapmaly we oňa şu hatyň ýanyna goşulan iki bukjany gowşurmaly.

Bobrowniki obasy Ata Orazmyradowyň postundan aňyrda, eskadrona alyp barýan ýoluň ugrunda, arpa degirmeniniň golaýynda ýerleşýär.

Bobrowniki obasynda buýruga çenli saklan we ol ýerde gen. Rihteri tapanlygyňy ýa-da tapmanlygyňy maňa habar ber.

*Ştab-rotmistr Truşkowskiý*

**Iş. 13.** «Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň we polkuň serkerdebaşysy rotmistr Grigorýewiň meýdan depderçeleri».

1914-nji ýylyň 19-njy noýabry –16-njy dekabry (41 sahap).

**Sahap 4.** Lowiç stan. komendantyna

1914-nji ýylyň 19-njy noýabry.

№219 Ýamnodan

Talapnama

Maňa ynanylan polk üçin arpanyň ýa-da süläniň kyrk putuny goýbermegiňizi haýyş edýärin.

Türkmen atly polkunyň serkerdesi
*polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 7-7 arka ýüzi bilen.** Onuň Alyhezreti Graf Rostowsewe

1914-nji ýylyň 21-nji noýabry, irden 9. 30.

№222 Lowiçden

Maňa ynanylan polk Onuň alyhezreti Hökümdar Imperator Aleksandra Fedorownanyň adyny göterýän ammaryň ikinji otlusyndan derman we sargy serişdelerini aldy.

Bu zatlar Lowiç şäheriniň ýanynda bolan söweş mahaly alyndy. Türkmen polkunyň hajatlaryna berýän uly ünsi üçin men türkmenleriň adyndan onuň alyhezreti Imperatora çäksiz minnetdarlyk bildirmegi haýyş edýärin.

Patyşa we mukaddes Watan üçin başlaryny goýmaga taýýar bolan Türkmen atly polkunyň ähli derejelerindäkiler onuň alyhezreti Imperatoryň aýaklaryna ýykylyp, wepalylyk duýgusyny beýan edip bilseler, polk örän bagtly bolardy.

Türkmen atly polkunyň serkerdesi
*Polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 38.** Ştab-rotmistr Ergardta
1914-nji ýylyň 13-nji dekabry.

...Peterburgdan, siziň eskadronyňyzyň 1-nji wzwodynyň atlysy, aýyň 15-ine uruşda 6 gezek ýaralanan Mommy Allaberdiden tolgundyryjy hat aldym. Ol Sarskoýe Selo obasynda hassahanada ýatyr.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Iş 14.** «Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň meýdan depderçesi» 1914-nji ýylyň 18-nji dekabry –1915-nji ýylyň 9-njy fewraly (46 sahap)

**Sahap 1.** Ştab-rotmistr Medinskä
1914-nji ýylyň 18-nji dekabry.

Şu haty alan badyňyza Warşawa şäherine polkuň ýükli ulaglaryna ugramagy, hem-de ol ýerde iberilen atlylaryň goşlaryny polka ugratmak barada görkezme bermegi buýurýaryn.

Türkmen atly polkunyň serkerdesi
*polkownik Drozdowskiý*

**Sahap 19.Rotmistr Orazberdä**
1915-nji ýylyň 26-njy ýanwary

Serdar, ýanyňyzda 231 rub.55 k. puluňyz bar bolsa, Ştabs-kapitan Ýansonga gowşurmagy haýyş edýärin, ol Radauskiý

hassahanasynda aşaky derejelerden bolan hassalaryň bejergi almagy üçin pul tölemeli. Diwiziýanyň karargähiniň başlygy şol puly tölemegi buýurdy: pul bize iberiler, eger eglense, men Size öz pulumdan tölärin. Beýle boljagyny bilmezden, men Pedçenkiden bary-ýogy ýüz rubl aldym.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Iş 15.** «2-nji Türküstan atyjylyk brigadasynyň aragatnaşyk serkerdesi, ştab-rotmistr Medinskiniň we 1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdiniň meýdan depderçeleri». 1914--nji ýylyň 15-nji oktýabry–1915-nji ýylyň 23-nji fewraly (23 sahypa).

**Sahap 6.** Türkmen atly polkunyň adýutantyna
1914-nji ýylyň 30-njy oktýabry, agşam 5 sagat 10 min.
№6 Mlawa şäherinden

Korpusyň karargähinden alnan bukjalary ibermek üçin wzwodyň adamlaryny ugratmaly bolýaryn. Meniň iberen adamlarym gaýdyp gelmedi. Täze bukjalaryň gelmegi bilen, men ýene-de wzwoddan adam ugratmaly bolýan, bu bolsa ştandartyň goragynyň gowşamagyna getirýär. Polkuň serkerdesine habar bermegi we indiki buýruk hakynda habarly etmegi soraýaryn.

*Ştabs-rotmistr Medinskiý*

**Iş. 16.** «2-nji Türküstan atyjylyk brigadasynyň karargähi bilen aragatnaşyk serkerdesi, ştab-rotmistr Medinskiniň meýdan depderçesi» 1914-nji ýylyň 21-nji noýabry–26-njy dekabry (30 sahap).

**Sahap 17-17 arka ýüzi bilen.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine. 1914-nji ýylyň 27-nji noýabry, gündiz 1 sagat 20 min.
№ 27 Ýastržembe obasyndan
2-nji Türküstan atyjylyk brigadasynyň serkerdebaşysynyň 31 belgili buýrugynyň göçürmesi.

gyssagly

Brigadanyň serkerdebaşysy 1-nji goşunyň we 1-nji Türküstan goşun korpusynyň düzüminde bolan wagty aşaky derejeleri Georgiý haçlaryna we medallaryna tiz hödürlemegi buýurdy.

Polk üçin 50 haçdan we 25 medaldan hem-de artilleriýa diwiziony (4 batareýa) üçin 40 haçdan we 20 medaldan hem-de türkmenlere 8 haçdan we 4 medaldan hasapladym.

*Göçürip alan ştabs-rotmistr Medinskiý*

**Iş. 23.** “Sankauskiý we Nowoseliskiý otrýadlary boýunça operatiw buýruklar we görkezmeler” 1915-nji ýylyň 25-nji marty–2-nji apreli (8 sahap).

**Sahap 3-3 arka ýüzi bilen.** 1915-nji ýylyň 25-nji marty.
№ 2.

Görkezme

Sankauskiý otrýadynyň bölümlerine
Sankausy
§1.Karta 1 (75000)

Nowoseliskiý otrýadynyň garşysynda ýerleşen duşman Toporisy obasynyň frontunda 368, 297, 253, 248, 232, 256 we 231 Rarançe, Mahala, Ostrisa belentlikleriniň gerşi boýunça berk orun eýeleýär. Sag tarapymyzda 3-nji atly korpus, çep tarapymyzda esasy ugruň sag gapdalyny eýeleýän General maýor Munteniň otrýady hereket edýär.

Onuň sag gapdaly berkitmesi bilen biziň eýeleýän ornumyzyň çep gyrasyna ýanaşýar.

Maňa ynanylan

| | |
|---|---|
| 169-njy družina | 4 rotadan |
| 174-nji družina | 4 rotadan |
| 649-njy družina | 2 rotadan |
| Pulemýot toparynyň 1 bölümi | 4 pulemýotdan |
| 36-njy meýletin batareýa | 4 topdan |
| Türkmen atly polky | 4 eskadrondan |

Jemi 10 rota, 4 pulemýot, 4 top, 4 eskadrondan ybarat otrýada

Zabototinsk çäginiň 253-nji belentliginde berkidilen orny atly korpus bilen sazlaşykda saklamak hakynda buýruk berildi.

Kalinkausy we Toporisy ugurlarda frontuň ýerleşişi.

Ugurlary eýelemeli: sag ganaty – 649-njy družina, 4 top, 4 pulemýot, orta bölegi – 169-njy družina, çep ganaty we ikinji hatary – 174-nji družina. Türkmen polky atly korpusyň golaýdaky bölümlerine baglylykda sag tarapda hereket edýär.

Eýelenen ýerlerde gazylan garymlary seňňerler we telärler bilen güýçlendirmeli. Gatnaw ugurlaryny döretmeli.

250-nji belentlikde, tokaýyň gündogarragynda taýýar bolmaly, korpusyň inženeriniň görkezmesi boýunça we sapýorlaryň ýolbaşçylygynda lýunet gurnamaly (hatyň dowamy ýyrtylypdyr).

Söweş mahaly men tokaýyň ortasynda bolaryn. Otrýad Rakitnoda Esasy pozisiýa bilen we atly korpusyň Karargähi bilen birleşendir. Ok-däriler Ryngaçyň gündogarragyndaky ýoluň ugrunda ýerleşen 71-nji göçme brigadanyň ammaryndan eltiler.

Sargy nokatlary Kalinkausa barýan ýoluň ugrundaky hajyň ýanynda, tokaýyň günortasynda ýerleşer. Zat daşamagyň eltmeleriň kynlygy sebäpli, bir geçelgeden artyk bolmadyk aralykda družinalar öz arabalaryndan peýdalanmaly.

Asyl nusga gol çeken Sankauskiý otrýadynyň başlygy polkownik Drozdowskiý

Asyl nusga bilen hakyky:

Polk adýutantynyň ýerine Poruçik Öwezbaýew

**Sahap 7.**

Buýruk № 1.

Eskadronlaryň serkerdelerine

Nowoselsk otrýadynyň başlygynyň buýrugy boýunça, maňa ynanylan polk ertir dynç almak üçin Mamalyga menziline tarap ugramaly. Men şu gün gündiz sagat 2-de ugraýan we agşam Nowoselse menzilinde ýataryn, zerur halatynda şol ýere telefon arkaly habar beriň. Ertir aýyň 3-ine polk Rotmistr Orazberdiniň ýolbaşçylygynda Nowoseli menziline ugrar, wagtyny onuň özi

kesgitlär; eskadronlar bile ýöremeli. Arabalar şu gün ugradylsa hem bolar.

Men podpolkownik Grigorýewe ertir aýyň 3-ine Nowoselisde polk üçin ot-iým taýýarlamagy buýurdym. Taýýarlaýjylar hem iberilse has gowy bolar, olar podpolkownik Grigorýewiň ýanyna barsynlar. Meniň bilen poruçik Trubnikow gidýär, ol Nowoselisde ýerleşýän eskadronlaryň her haýsyndan 3 atlyny alar, poruçik Trubnikow şol atlylar bilen Mamalygada düşelgeleri paýlar.

Grozinsylarda 3-nji atly korpusyň karargähinde bolýan atlylary yzyna ugratmak hakynda buýrugy ýerine ýetirdim.

Asyl nusga gol çeken polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiý.

1915-nji ýylyň 2-nji apreli. Sankaus. gündiz sagat 11.

Eskadronlaryň serkerdeleri görkezmä gol çekmeli we ony rotmistr Orazberdä gaýtarmaly, ol görkezmäni özünde saklamaly.

Asyl nusga bilen dogry:
*Polkuň adýutanty Bek Uzarow*

**Sahap 8.**

Buýruk
Sankausk otrýady boýunça
№ 2 Sankausy 1915-nji ýylyň 2-nji apreli

Nowoselisk otrýadynyň Başlygynyň buýrugy bilen maňa otrýadyň bölümlerine başlyklyk etmegi 169-njy družinanyň serkerdesi polkownik Podpolkownikowa tabşyrmak we Türkmen atly polky bilen Mamalyga stansiýasyna ugramak hakynda görkezme berildi.

Otrýad bilen hoşlaşmak bilen, aýry-aýry bölümleriň başlyklarynyň we otrýadyň serkerdeleriniň adyndan minnetdarlyk bildirmegi öz borjum hasaplaýaryn. Aşaky derejelere sagbolsun aýdýaryn. Alla Size kömek etsin.

Otrýadyň başlygy
*polkownik Drozdowskiý*

**Iş. 24.** «Polkuň karargähiniň operatiw görkezmeleri we buýruklary; bölümleriň serkerdeleriniň Şubranes we Zadobrowki obalarynyň töwereginde geçirilen aňtaw işleri, goşunlaryň öňe hereket etmegi hakynda polkuň karargähine maglumatlar”

1915-nji ýylyň 10-njy apreli–13-nji iýuny.(165 sahap)

**Sahap 41.** Türkmen atly polkuň serkerdesine

1915-nji ýylyň 26-njy maýy, gündiz 9 sagat 25 min.

Gözegçilik nokady

Duşmanyň toplary biziň nokadymyzy oka tutýarlar, top oklary, takmynan, 200 ädim aralyga gelip düşýär, nokat sag-salamat dur, biz görünmeýäris, diňe ýanymyzda garymlary gazýarlar, biz olary görýäris.

Nokadyň başlygy uly unter-serkerde
*Babahan Meňlihanow*

**Sahap 55.** (1915-nji ýylyň 27-nji maýynda Drozdowskiý öz hatynda praporşik Artykowy görkezýär)

**Sahap 119.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine

1915-nji ýylyň 2-nji iýuny

№ 4. Wançinisi obasyndan.

Duşmanyň eskadron polklary pytradylar, üstümize çozmakçy boldular. Biz 3 gezek top atdyk, şondan soň olar Tarasaus obasyna tarap çekildiler. Häzir atdan düşdüler we Wançinisi obasyndan bize tarap ok atýarlar. Razýezd asuda.

Razýezdiň başlygy uly unter-serkerde
*Babahan Meňlihanow*

**Sahap 120.** Türkmen polkunyň serkerdesine

1915-nji ýylyň 2-nji iýuly

№ 4. Wançinisi obasyndan

Duşmanyň eskadron polklary bildirmän rumyn serhedinden geçdiler. Marminisa obasyna aňtawa giden adamy yzyna gaýtaryp

ýetişdik. Olaryň garawullaryny topa tutduk. Birini öldürdik, olar Wanderejeiwse obasyna çekildiler. Razýezd asuda.

Razýezdiň başlygy uly unter-serkerde
*Babahan Meňlihanow*

**Sahap 121.**Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 3-nji iýuny, gije sagat 1.
№ 1.
10-njy brigadanyň bölümleri yza çekilip başladylar.
Eskadron bilen Nowoselisy-Wanderejeiwsä çekilýärin.
*Rotmistr Truşkowskiy*

**Sahap 124.** Türkmen atly polkuň serkerdesine
1915-nji ýylyň 3-nji iýuny 9 sagat 30 minut.
№ 17 Gogoleny obasyndan (g.b.okr.)

59-njy družinanyň serkerdesiniň garamagyna geldim we onuň görkezmesi bilen Preztu d. sakçy gorag goýdum. (?) öňe süýşmek bilen.

*Rotmistr Truşkowskiy*

**Sahap 125.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 3-nji iýuny, 12 sagat 30 minut.
№ 16 Stroinsy obasyndan
2-nji eskadron edil ýaňy Slobodzeýu obasyna tarap ugrady. Görkezmelere garaşýaryn.
*Rotmistr Truşkowskiý*

**Sahap 127.** ähli j. serkerdelere
1915-nji ýylyň 1-nji iýuny 5 s. 20 min.
№ 109 Wanderejeiwsiden
2-nji iýunda
Polkuň serkerdesi yglan etmegi buýurdy:
Polk boýunça nobatçy praporşşik Kn.Uhtomskiý
Nobatçy eskadron – 3-nji
Razýezdlere praporşşik Ranenkampf – praporşşik Kn.Uh-

tomskiniň wezipesi bilen iberiler. Poruçik Çengera – poruçik Natenzonyň wezipesi bilen ugradylar.

1-nji eskadron nobatçy serkerdäniň görkezmesi boýunça obalara gije aýlanmak üçin 7 atlydan ybarat barlag toparyny bellemeli.

4-nji, 2-nji we 3-nji eskadronlar oba tarapda (demirgazyk-günbatar) meýdan garawullaryny goýmaly.

Howsala ýagdaýynda: a) eskadronlar ugramaga taýýar bolmaly we ýerlerde görkezmelere garaşmaly; b) eskadron boýunça nobatçy görkezmelere garaşman, duşmana tarap öňe süýşmeli.

*Poruçik Öwezbaýew*

**Sahap 131.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 3-nji iýuny, 6 sagat 40 minut.
№ 177 Wançinisi obasyndan

Köpriniň gurluşygy tamamlandy. Men eskadron bilen Wanderejeiwsi obasyna ugradym.

*Rotmistr Orazberdi*

**Sahap 156.** Polkownik Drozdowskä

Siziň Alyjenabyňyz!

Brigadanyň başlygy biziň Türkmen polkumyzyň ähli eskadronyna atlary haýal etmän eýerlemegi we ýöremäge taýýar bolmagy buýurdy. Birnäçe minutdan onuň görkezmesini ibererin, ol buýruk gaýtadan ýazylýança, tutuş polk atlary eýerlemegi üçin öňe tarap adam ibermegi buýurdy.

Meýletin gulluk edýän Goçguly Nepesow
*5-nji iýun. Ir sagat 2.12 min. Boýan obasy*

**Sahap 159.** Türkmen atly polkuň serkerdesine
1915-nji ýylyň 8-nji iýuny sagat 9.
№ 196 Gogulena obasyndan

Agşam sagat 5.30-da üçünji eskadrony çalyşdym. Teuton Lehuçeng (?) obasynyň günbatar çetinde we ýolda iki zastawa goýdum. 10-njy brigadanyň karargähi bilen aragatnaşyga çykmak üçin unter-serkerdäni üç atly bilen ugratdym.

*1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdi*

**Sahap 160.** Polkownik Drozdowskä
1915-nji ýylyň 11-nji iýuny
№ 1 Gogulenden

Size ynanylan polkuň Gogulena obasynyň gündogar çetindäki meýdançada düşländigini habar berýärin.

*Polkownik Fon Kýugelgen*

**Iş 25.** «Ýerli Kawkaz atçylyk diwiziýasynyň we polkunyň karargähleriniň operatiw görkezmeleri we buýruklary; polkuň serkerdesiniň diwiziýanyň karargähine, bölümleriň serkerdeleriniň polkuň karargähine goşunlaryň ýerleşişi, uruşdaky ýagdaý, 2-nji atçylyk korpusynyň düzüminde polkuň bölümleriniň hereketleri we ýerli Kawkaz diwiziýasy bilen hereketleriň utgaşdyrylmagy hakyndaky maglumatlar».

1915-nji ýylyň 31-nji iýuly–2-nji sentýabry (105 sahap)

**Sahap 3.** Polkuň wagtlaýyn serkerdebaşysy şu aýyň 12-ine irden sagat 8 ½-de onuň düşelgesiniň ýanynda nyzama durmagy, wzwoda 8-de 1-nji eskadrondan ştandarty kabul etmegi buýurdy. Şondan soň polk Ryngaç obasyna goşun serkerdebaşysynyň gözden geçirmegine ugrar; adamlaryň birmeňzeş we arassa geýinmegine gözegçilik etmeli. Iki tigirli paýtunlar we aşhanalar ýerinde galýar.

Praporşşik /Goly/
Eskadronlaryň serkerdeleriniň gollary

**Sahap 14.** Türkmen atly polkunyň 1-nji eskadronynyň serkerdesine
Ruhotin obasy, 15–19-njy awgust

Gündiz sagat 2. (?)min № 36 Melnisa atly ýerden

Ýerli Kawkaz diwiziýasynyň başlygy General Knýaz Bagration awstriýa ätiýaçlyklarynyň yza çekilmegi üçin 32-nji korpusyň karargähinden top oklaryny Mitki we Brodok ugurlaryna gönükdirmegi soraýar, çünki duşman öz güýjüni jemleýär hem-de şu gün irden Kolodrubka we Mosoruwka obalaryny top okuna tutmaga häzirlenip, olara çozmaga taýýarlanýar.

*Praporşşik Raýewskiý*

**Iş 26.** (Gözden geçirildi, möhüm däl)

**Iş 27.** «Sankausk otrýadynyň serkerdebaşysy polkownik Drozdowskiniň meýdan depderçesi».

1915-nji ýylyň 22-nji marty–1-nji apreli.(41 sahap)

**Sahap 5.** (Drozdowskiý 3-nji Kawkaz korpusynyň Nowoselis otrýadynyň topar serkerdeligine bellenildi).

**Sahap 24.** 649-njy družinanyň serkerdesine

1915-nji ýylyň 27-nji marty, gündiz sagat 2.

№ 442 Sankausdan

Düýn garymlary gözden geçirmek bilen, men gije guýynyň ýanyndaky leňňeri aýyrmagy buýurdym, ol biziň batareýamyz bilen Kalinkous obasynyň arasynda ýerleşýärdi. Näme üçin podpraporşşik (atly) buýrugy ýerine ýetirmedi. Şu gün gije ýerine ýetirmeli we meniň buýruklarymyň näme üçin berjaý edilmeýändigini habar bermeli.

*Polkownik Drozdowskiý*

**Iş 28.** «Polkuň serkerdesi polkownik Drozdowskiniň hem-de polkuň serkerdebaşysy polkownik Kýugelgeniň we 4-nji eskadronyň 1-nji wzwodynyň serkerdesi poruçik Öwezbaýewiň meýdan depderçeleri».

1915-nji ýylyň 3-nji maýy–29-njy maýy (79 sahap)

**Sahaplar 1-7.** (polkuň 3-nji atly korpusa girendigi görkezilýär, – Ö.G.)

**Sahap 57.** Poruçik Natenzona
1915-nji ýylyň 27-nji maýy, sagat 10.
№ 57 Zadobrowkiden

Polkuň serkerdesi size şulary habar bermegi buýurdy:

13-nji Don Kazak polkunyň Şubransdan yza çekilip başlamagy bilen siz haýal etmän Zadobrowkä barmaly. Eger ol ýerde polk bolmasa, Toporsä we ondan aňryk – Awstriýanyň Nowoselisine gitmeli.

*Poruçik Öwezbaýew*

**Sahap 5.** Eskadronlaryň serkerdelerine
1915-nji ýylyň 27-nji maýy, sagat 10.
№ 57 Zadobrowkiden

Polkuň serkerdesi şeýle buýruk berdi:

Ýükli arabalary (hemmesi tigirli) unter-serkerde Ballar Ýaranowyň ýolbaşçylygynda gije sagat 12-de Şansen obasyna ugratmaly. Ýaranowa gözükdirme berler. Şu buýrugy örän gizlin saklamaly.

*Poruçik Öwezbaýew*

**Sahap 6.** 2-nji eskadronyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 28-nji maýy, irden sagat 9.
№ 57 Zadobrowkiden

Polkuň serkerdesi size 225-nji belentlige gelmegi we ony goranyş nokady hökmünde kesgitlemegi buýurdy. Gaýdyp geleniňizden soň:

Belentligiň dowamlylygy (3 eskadron üçin ýeterlik derejede) oka tutulmagy;

Şubrans tarapdan barylýan ýollar;

attutarlaryň ýeri barada habar bermeli.

Mundan başga-da, eskadron meýdançalary üçin ýerleri takmynan bölmeli.

*Poruçik Öwezbaýew*

**Sahap 72.** 1-nji diwiziýanyň başlygyna
1915-nji ýylyň 28-nji maýy, sagat 10.
№ 73 Şansenden

Şansene geldim we polk bilen saklandym. Diwiziýanyň karargähinde aragatnaşyk üçin 5 atly goýuldy; 258-nji belentlige 3 atlyny iberdim.

*Polkownik fon Kýugelgen*

**Sahap 29.** «1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdiniň meýdan depderçesi». 1915-nji ýylyň 14-nji apreli–10-njy maýy (40 sahap).

**Sahap 18.** Türkmen atly polkunyň hojalyk bölüminiň başlygyna
1915-nji ýylyň 23-nji apreli.
№ 120 Mamalygadan

Atlylar Ata Tahyrowyň we Çary Atagurdowyň näsag atlaryny ýollaýaryn. Bu barada habar berýärin.

*Eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdi*

**Sahaplar 10, 11, 24.** (1915-nji ýylda 1-nji eskadronyň atlylary Hara Pakişew, Kaşir Kulyýew, Hal Myrat Gurbanow, Sapar Aly Albaýew, Alla Nur Atajaýew, Muhammet Baý (?), Tahyr Öwezgylyjow – O.G.)

**Sahap 27.** Türkmen atly polkuň serkerdesine
1915-nji ýylyň 1-nji maýy.
№ 130 Sadagurdan

Razýezd bilen ýaragly ýesirleriň 18-sini ele saldyk.

*Rotmistr Orazberdi*

**Sahap 32.** 3-nji eskadronyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 2-nji maýy.
№ 136 Nowoselisiden

4-nji eskadronyň atlysy Amansaat Öräýew 357 belgi bilen 3-nji eskadrona geçirildi, 1914-nji ýylyň 21-nji dekabrynda

*1-nji eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdi*

**Sahap 38.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 7-nji maýy.
№ 141 Zadubrowkadan

Nähoşlan mahaly komendantlara ýaraglaryny tabşyran atlylaryň sanawyny iberýärin:

Kiçi unter-serkerde Suhan Öwezjanow 53004 belgili tüpeňini komendant Berdiýew;

Garanazar Begenjow 20640 belgili tüpeňini komendant Çernowise;

Hojamuhammet Kulyýew 21568 belgili tüpeňini komendant Galiçe tabşyrdy.

*Eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdi*

**Sahap 40.** Türkmen atly polkunyň serkerdesine
1915-nji ýylyň 10-njy maýy.
№ 143 Zadobrowkiden

Maňa ynanylan eskadronyň atlysy Kouz Karanow 10 ýyl gulluk etdi, oňa salgytlardan boşadylýanlygy hakynda şahadatnamanyň berilmegini towakga edýärin.

*Eskadronyň serkerdesi rotmistr Orazberdi*

## Ashabad uýezdiniň türkmenleriniň 1917-nji ýylyň 16-njy iýulyndaky Karary

Durun raýonynyň ýerine ýetiriji komitetiniň we Ashabad uýezdiniň Gündogar raýonynyň birleşen mejlisi Daşkendiň ýerine ýetiriji komitetinden we Türküstan ülkesiniň goşun serkerdebaşysyndan Teke atly polkuň polkownigi Orazberdiniň demokratik durmuşyň täze başlangyçlarynda Ashabad uýezdiniň tutuş türkmen ilatyna ýolbaşçylyk etmek üçin wagtlaýyn iş saparyna iberilmegini biragyzdan towakga etmegi karar etdi.

(1908–1917-nji ýyllarda Türkmenistanda rewolýusion hereketiň başlanmagy (resminamalaryň ýygyndysy). / Düzen A.G.Solowýow. – Aşgabat–Moskwa, 1946. – 152-nji sah.)

## Stawkadan telegramma (1917-nji ýylyň oktýabry)

Ashabad, Zakaspi oblastynyň Wagtlaýyn hökümetiniň serkerdesine. Metbugatda Teke atly polkunyň soňky syýasy wakalarda eýeleýän ornunyň nädogry beýan edilmeginiň Zakaspi oblastynyň ilatynda nägilelik döredip biljekdigini göz öňünde tutmak bilen, habarly bolmaklary üçin Siziň ilatyň ýolbaşçylaryna Teke atly polkunyň howsalaly döwürde stawkanyň arkaýyn işlemegini üpjün edip bilýän polklaryň biri hökmünde çagyrylandygyny düşündirmegiňizi zerur hasaplaýarys. Rewolýusiýa garşy hiç hili çykyşlar bolmady, polk başlyklarynyň ähli görkezmesini gürrüňsiz ýerine ýetirmek bilen, gullugyny oňat alyp barýar. Wagtlaýyn hökümetiň buýrugy bilen Teke atly polkunyň bölümi beýleki goşunlar bilen bilelikde häzir general Kornilowyň we beýleki tussag edilen adamlaryň saklawyna bellenildi. Allanyň geljekde hem öz edermen teke ogullaryna Watanyň we Wagtlaýyn hökümetiň olaryň üstüne ýüklän jogapkärli gullugynda hemmetaraplaýyn goldaw berjekdigine umyt edýäris.

Teke atly polkunyň eýýäm dördünji ýyl urşuň kynçylyklaryny sessiz-üýnsüz we ygrarly çekip, diňe özüni däl-de, eýsem, ähli teke halkyny baky şöhrata besleýändigini düşündiriň.

*Belent serkerdebaşynyň karargähiniň başlygy general-leýtenant Duhonin, Iş ýörediji Prokurin.*
(«Ashabad» gazeti, – 1917-nji ýylyň 31-nji oktýabry. № 247)

**Ashabaddan stawka telegramma**
**(1917-nji ýylyň 3-nji noýabry)**

Ashabaddan Öwezbaýew we Efendiýew belent serkerdebaşynyň stawkasyna we ministr-başlyga şulary telegrafirleýär: Ashabadyň musulmanlarynyň we Zakaspi oblastynyň türkmenleriniň Birleşen ýygnagy paýtagtdaky soňky wakalar bilen baglylykda Türküstanda emele gelen ýagdaýy ara alyp maslahatlaşyp hem-de ülkäniň we oblastyň raýatlarynyň asudalygyna we howpsuzlygyna howp salýan eden-etdiligiň güýjemegini nazara alyp, Teke atly polkunyň Ashabada haýal etmän dolanmagyny höküm ediji zerurlyk diýip ykrar etdi. Biz oblastda raýatlaryň erkin we asuda durmuşyny eden-etdiligiň abanýan howpundan goramak üçin dürli sebäpler bilen gelýän atlylary, edil şonuň ýaly tutuş polky saklamagy karar etdik. Polky gaýragoýmazdan Ashabada ugratmak hakynda görkezme bermegiňizi soraýarys.
(Türkmenistanda rewolýusion hereketiň başlanmagy…173 sah.)

**Ilkinjiler bileleşiginiň Kaliforniýa bölüminiň müdiriýetiniň**
**Han Hajyýew hakynda ýazan gysga nekrology**

Han 1895-nji ýylda Hywada doguldy. Moskwada, 3-nji Kadetler korpusynda terbiýelendi we 1916-njy ýylda Tweriň kawaleriýa mekdebini tamamlandan soň, Nerderejeskiniň kazaklar polkunda kornet harby derejesinde çykdy, şol polka goşun starşinasy baron P.N. Wrangel serkerdelik edýärdi.
Soňra Teke atly polkuna geçirilip, Günbatar frontuň (Awstriýa we German) ähli söweşlerine gatnaşýar. Rewolýusiýa wagtynda 8-nji goşunyň serkerdebaşysy general Kornilowyň buýrugy bilen goşunyň karargähini goramak üçin goşundan tekeleriň otrýady

bölünýär we onuň başlyklygyna poruçik Han Hajyýew bellenilýär. Harby düzgün-nyzamy, sabyr-takatlylygy we wepalylygy bilen ynama eýe boldy we general Kornilowyň ýanynda onuň ömrüniň ahyryna çenli şol wezipäni eýeledi.

Meýletinçileriň goşuny bilen Birinji Kuban ýörişine gatnaşdy, şonda onuň gözüniň alnynda Ýekaterinodaryň eteginde general Kornilow mertlerçe wepat boldy; ol ýörişden soň, Watanyna gidýär; şol ýerden Bagdada we Hindistana ugraýar, gyzyllara garşy göreşmegini dowam etmek üçin Sibire gelip, general, Kolçagyň goşunyna girýär. Sibir goşuny heläk bolandan soň Şanhaýda (Hytaý), Ýaponiýada boldy, soňra Meksika göçüp barýar, ol ýerde kommunizmiň esasy we onuň jenaýatçylygy hakynda makalalaryny meksikan metbugatynda ýerleşdirip, kommunizme garşy galamy bilen göreşmegini dowam edýär. Ol ömrüniň ahyryna çenli Russiýa hem-de beýik baýar general Kornilowyň hatyrasyna wepaly bolup galdy. Jaýyň jennetden bolsun, gadyrdan egindeş!

*Kaliforniýa bölüminiň müdirýeti.*
(«Westnin perwoprohodnina. 09.09.1966. №59-60.–59 sah.)

**Han Hajyýewiň bir dostuna ýazan iki hatyndan parçalar**

...Men Myradyň sag-aman gezip ýörenini eşidenime begenýärin! Myrat aramyzda diňe dogumy bilen tapawutlanman, eýsem ezber çapyksuwar hökmünde tanalypdy! Peçenežinde rusinkalar (ýagny, zakarpatýeli ukrain zenanlary. –O.G.)  ony gaty söýýärdiler! Şol ýer onuň ýadyna düşýärmikä?

Soňky gezek men ony bolşewikleriň bronewigininiň ýetip gelýändigini duýduryp, maňa ak papagyny bulaýlap goýberende görüpdim, ondan bolşewikler göni bize tarap ot açdylar, şonda beýik baýaryň aty bir okda ölüpdi.

Bu 1917-nji ýylyň 26-njy noýabrynda gündiz sagat 2-de bolupdy. Şonda beýik baýar ilkiji gezek bolşewiklere garşy göreşde eline ýarag alypdy...

Meksika, 1938-nji ýylyň 30-njy ýanwary

… Miçman Tregubow hem wepat boldy!!! Ýene bir adam kemeldi…Olaryň hemmesi barsagelmeze gidýärler. Biziň hatarlarymyz bolsa, günsaýyn selçeňleşýär. Kysmatyň oýnuny görsene! Näme üçin ol gutulgysyz hasaplan ýagdaýynda hem wepat bolmandy?

Men biygtyýar hyýalymda betbagt Bataýskä aralaşdym we depäniň üstünde, bulutly asmanyň astynda, dyza ýetip duran garyň içinde durup, maýyp (halklaryň beýik urşuna gatnaşyjy) polkownik Şirýaýewiň baştutanlygyndaky şöhratly deňizçileriň owadan hüjümini synlaýan Beýik Baýary gördüm!...

Russiýa ýaşaýar we ýaşar. Men Baýara ynanyşym ýaly, Russiýanyň geljegine hem ynanýaryn, sebäbi Baýar we geljekki Russiýa – bir bitewi bolup, biziň bu günki tukat durmuşymyzda ýalkymly şöhlesini saçýar.

Meksika, 1938-nji ýylyň 30-njy ýanwary
*Han Hajyýew*

## MAZMUNY

Awtordan ..........................................................3

I. Polkuň döreýiş taryhyndan..........................................7

II. Teke atly polky Birinji jahan urşunyň söweşlerinde........41

III. Teke atly polky we Russiýada «aklar» hereketi ............79

Jemleme ..........................................................125

Bellikler..........................................................132

Goşundy ..........................................................142

*Öwez Gündogdyýew*

**TEKE ATLY POLKUNYŇ SÖWEŞ ÝOLY**
(1914–1918 ý.)

*Jogapkär redaktor W.M. Hramow*

| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Ekiýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Korotkowa* |
| Rus dilinden terjime eden | *N. Kakabaýew* |

A – 76106
Çap etmäge rugsat edildi 27.11.2013. Ölçegi 70x100$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 17.42. Şertli-reňkli ottiski 14.0. Hasap-neşir listi 11.82.
Çap listi 13.5. Sargyt № 3136. Sany 3000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.